# ÖWRENILÝÄN DILIŇ ÝURDUNYŇ TARYHY ( HYTAÝYŇ TARYHY )

**Berdi Esenow, Jumadurdy Annaorazow, Orazgeldi Aşyrow. Öwrenilýän diliň ýurdunyň taryhy (Hytaýyň taryhy).** Ýokary okuw mekdepleriniň Hytaý dili we edebiýaty hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Dünýä taryhy kafedrasynyň uly mugallymy
**H. Çakanowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© B.Esenow, J.Annaorazow, O.Aşyrow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Hytaýyň taryhyna giriş

Beýik Galkynyşa beslenen, ösüşiniň ýokary depgini bilen okgunly öňe barýan Türkmenistan Watanymyz sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwrülýär. Bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyşda, oba hojalygynda, ýurduň halk hojalygynyň ähli ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar.

Türkmenistanda geçirilýän köp ugurly özgertmelerini Hormatly Prezidentimiziň başlangyjynda döwlet edaralary durmuşa geçirýärler. Türkmenistanyň döwlet edaralary dolandyryş we ýerine ýetiriş taraply iki ugurly, bir döwlet ulgamyny döredýarler. Özgertmeleriň netijeliligi ilkinji nobatda dolandyryş işlerine bagly bolup durýar. Şonuň üçin dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek we häzirki zaman talaplaryna laýyk getirmek döwletiň öňünde durýan mak-satlarynyň biridir.

Ýurdumyzda ylym, bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijesinde biziň syýasaty öwreniş hünärimize hem täze syýasy menejment atly ders girizildi. Syýasy menejment häzirki zaman syýasy we dolandyryş ylymlaryny öz içinde jemleýär. Syýasy menejment dolandyryş ulgamlaryň ösüşiniň we kämilleşmegiň ýollaryny, ugurlaryny, usullaryny öwrenýär. Ol bizi dünýä tejribesi bilen hem tanyşdyrýar.

Beýik Galkynyş we Täze özgertmeler eýýamyny başdan geçirýän Türkmenistan Watanymyzda, bu gün biz taryhyň sapaklaryna oňat düşünýäris. Gep diňe bir düşünmekde däl, eýsem, netije çykarmakda. Biziň halkymyzyň milli taryhy galagoply döwürlerde hem özüniň güýjüni ýitirmedi. Taryh taryhlygyna galýar. Ony ýoýup bolmaýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow taryhy milli ruhyň taryhy hökmünde beýan edilmeginiň tarapdary. Özbaşdaklyk buýsanjyny, kalbyňda millilik duýgusyny,Watana söýgüni oýarmakda, ýaş nesli kemala getirmekde türkmen halkynyň geçmiş taryhynyň üsti bilen her bir kalba

ýetirilmeginiň aladasyny edip, Taryh – ülkäni öwreniş muzeýiniň gurluşygyna uly üns berýär.

Dürli müňýyllyklaryň dowamynda Türkmenistan öz geografik ýerleşişi boýunça „Siwilizasiýalaryň çatrygynda“ ýerleşip, gadymy döwürlerden başlap, ekerançylygyň we şäher gurluşyk sungatynyň ösen merkezi hasaplanypdyr. Bu topragyň üstünden Margupdan – Maşryga söwda ýollary geçip, ylmyň, kämil sungatyň emele gelmegine täsir edipdir. Türkmen topragynda dürli halklaryň ykballary we medeniýetleri özboluşly birleşip we utgaşyp, biri - birlerini baýlaşdyrypdyrlar. Gymmatly medeni – mirasyň ähli möhüm eserlerini gorap saklamak üçin, Türkmenistanda döwlet taryhy – medeni goraghanalaryň 8 – si döredildi. Olaryň hataryna „Nusaý“, „Abiwerd“, „Gadymy Sarahs“, „Gadymy Merw“, „Köneürgenç“, „Atamyrat“, „Gadymy Dehistan“ we „Gökdepe galasy“ goraghanalary girýär. Häzir Türkmenistanyň taryhy – medeni ýadygärlikleri halkara jemgyýetçiligi tarapyndan hem doly ykrar edildi. 1999 – njy ýylda Gadymy Merw, 2005 – nji ýylda Köneürgenç ýadygärlikleri, 2007 – nji ýylda bolsa Nusaý galasy UNESKO – nyň „Bütindünýä mirasy“ sanawyna goşuldy. Çünki bu ýadygärlikler umumyadamzat gymmatlyklaryna degişlidir.

Taryhda türkmenleriň goňşy döwletler bilen hoşniýetli gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy merdanalygyň nyşany hökmünde mynasyp hormata eýe bolupdyr. Türkmen halkynyň gadymy döwrüniň taryhyny öwrenenimizde, uzak ýyllaryň dowamynda Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň, Parfiýa şalygy Hytaý döwleti bilen goňşuçylykda ýaşapdyrlar. Gadymy türkmen döwletleri Hytaý döwleti bilen özara syýasy - ykdysady we medeni gatnaşyklary alnyp barlypdyr. Bu gatnaşyklaryň esasynda şol döwürlerde döwletara gatnaşyklarynda ykrar edilen konsepsiýadan ugur alnypdyr. Şol konsepsiýanyň esasynda Beýik Ýüpek ýoluny asuda abadan saklamakdan ybarat

bolupdyr.

Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanamyzda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagalalary ýurdumyzda durmuşa geçirýän reformalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. “...Ylmyň gazananlaryny halk hojalygyny ösdürmek babatynda ägirt uly işler alnyp barylýar. Çünki, ylymy ösdürmek, alymlaryň täze neslini kemala getirmek döwletiň ileri tutýan ugurlarynyň biridir” diýip, mähriban Prezidentimiz türkmen ylmyny dünýä ylmynyň gazananlary, ösüşleri bilen baglanyşykly ösdürmek baradaky tagallalary özüniň ajaýyp miwesini eçilýär. Bu barada kabul edilen kanunlar, resminamalar şeýle gaýragoýulmasyz işleriň has – da rowaçlanmagyna ýardam berýär. Mähriban Prezidentimiziň döredijilikli ösdürýän, döwrebaplaşdyrýan ylym baradaky reformalary, bilim bilen baglanyşykly özgertmeleri Maksatnamalarynyň kanun taýdan berkidilmegi uly döwletlilikdir.

Hormatly Prezidentimiziň kabul edýän il – ýurt bähbitli resminamalarynyň, durmuşa geçirýän ähli işleriniň taryhy kökleri eziz halkymyzyň milli aýratynlygy, özboluşly däp – dessurlary, baý edebi mirasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Milli Liderimiziň ylym – bilim baradaky taglymatynyň esasynda türkmen taryhçylarynyň uly topary Türkmen halkynyň taryhyny täzeçe ýazmagyň üstünde işleýärler. Şol gojaman taryhyň bir ülşi Hytaýyň taryhyny hem öz içine alýar.

„Hytaýyň taryhy“ dersi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň daşary ýurtlar dilleri fakultetiniň, hytaý dili we edebiýaty hünäriniň okuw maksatnamasy esasynda ýerine ýetirildi. Ol Hytaýyň gadymy taryhyna, feodal jemgyýetiniň ösüşiniň taryhyna, kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi bilen baglanyşykly bolup, Gündogaryň Ewropa döwletleri bilen söwda - ykdysady gatnaşyklary özünde jemleýär. Bu döwletlere we halkyýetlere Koreýa, Wetnam ýurtlarynyň taryhy degişlidir. Bu döwletleriň

taryhynda, olaryň ykdysady, jemgyýetçilik, syýasy we medeni ösüşiniň ýollaryna ýeterlik derejede üns berilýär.

Gadymy Hytaý siwilizasiýasy neolitik medeniýetiň esasynda b. e. öň V-III müňýyllyklarda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ýüze çykýar. Huanhe derýasynyň jülgesi gadymy hytaýlylaryň etniki umumylygynyň emele gelen ýeri bolup, köp müňýyllyklaryň dowamynda daşky dünýä bilen hiç hili gatnaşygy bolman, dünýä siwilizasiýasynyň ilkinji ýüze çykan ýeri hasaplanylýar. Diňe b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda gadymy hytaýlylar öz ýerlerini özleşdirip, giňeldip başlapdyrlar. Bu ýagdaý kem-kemden günorta Ýansisy derýasynyň kenarlaryna, soňra bolsa has günorta ýaýrap başlapdyr. Biziň eýýamymyzyň başlaryna çenli Gadymy Hytaý döwleti Huanhe derýasynyň kenarlaryndan çykyp has giň ýerleri eýeleýär, emma demirgazyk sebitlerdäki gadymy etniki hytaýlylar üýtgemän diýen ýaly, öňki derejesinde saklanyp galypdyrlar.

Huanhe derýasy demirgazykdan günorta 400 - 1500 m. ýokarda ýerleşýän bütin tokaýlygy kesip geçip, gündogara sowulýar we Bohaý aýlagyna baryp guýýar. Huanhe derýasynyň akymlary soňky müňýyllygyň içinde birnäçe gezek üýtgedipdir, edil şonuň ýaly Bohaý aýlagynyň kenarlary hem üýtgäp durupdyr. Birnäçe müňýyl mundan ozal Huanhe derýasynyň bütin jülgesi tokaý agaçlary bilen basyrylgyna garamazdan adamlar olary häzirki günlere çenli doly diýen ýaly ýok edipdirler. Huanhe derýasynyň boýunyň hawa ýagdaýlary hem mydama ýokary derejeden has aşak düşüp durupdyr. B. e. öň IV – II müňyyllyklarda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ulyly – kiçili haýwanlar mesgen tutupdyrlar. Piller, ýekegapanlar, bambuk alakalary we tapirlar. Bu ýeriniň iň kän agajynyň biri-de bambuk agaçlaary bolupdyr. Epigarfiki ýazgy ýadygärlikleriniň berýän habaryna görä b. e. öň II müňýyllygyň ortalarynda bu ýerlerde ýyl boýy ýagyn ýagýan wagtlary bolupdyr. Huanhe derýasynyň we onuň şahalarynyň boýlarynyň mes toprakly jülgeleri ilatyň ekerançylyk bilen

mesgul bolmagyna ýardam edipdir. Şonuň üçin b. e. öň I müňýyllykda ilat köplenç derýanyň akymlarynyň ýakynynda ýerleşipdipler. Diňe Ortahytaý düzlügi hytaýlylar tarapyndan özleşdirilmän galypdyr. Emma ekerançylyk bilen meşgul bolmaklyk adamlary derýalaryň boýunda ýaşamaga çekipdir. Derýalaryň joşmagy adamlaryň ýaşaýyşyna mydama howp salyp durudyr, emma suw joşgunyna garşy göreşmäge olarda mümkinçilik bolmandyr. Uly özgerişlikler diňe b. e.öň I müňýyllygyň ortalarynda demiriň giň derejede ýaýramagy, gadymy hytaýlylara derýa kenarlaryndan daşarky ýerlere çykmaga we täže ýerleri üýtgetmäge mümkinçilik beripdir. Adamlar tarp ýerleri özleşdirmäni öwrenipdirler. Netijede bolsa adamlary şol ýerlerde ýerbe – ýer ýerleşdirmeklige mümkinçilik bolup, häzirki Demirgazyk Hytaý ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik döräpdir. Neolit we bürünç döwrüne degişli antrapologiki tapyndylar bu ýerlerde gündogar mongoloidlaryň agdyklyk edýändigini subut edýärler. Emma Huanhe derýasynyň kenarynda ýaşaýan ilatyň haýsy dilde gürländikleri taryhy maglumatlaryň ýoklygy sebäpli häzire çenli üsti açylman gelinýär. Diňe b. e. öň V-IV müňyyllyklarda Ýanşo medeniýetini döreden iň gadymy sinotibetliler bu ýerdäki gadymy paleoaziýaly ilaty gysyp çykaran we olaryň az – owlagy bilen goşulyşan bolmaklary mümkin diýip çaklamak bolar. Edil şonuň ýaly **in** taýpalarynyň etniki gelip çykyşlary (b. e. öň II müňýyllykda) hem iň gadymy sinotibetlileriň bir bölegininiň günortadaky taýpalar bilen goşulmagy netijesinde emele gelen bolmagy hem mümkin. Has günbatar sinobitleriň bir topary çžou taýpalarynyň etniki emele gelmeginde esasy orny tutupdyr. B. e. öň I müňýylykda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda **iňler** bilen **çžoularyň** özara goşulamklarynda gadymy hytaý etniki halky döräpdir. Olaryň emele gelmeginde goňşy taýpalaryň hem goşulmagy täsir edipdir.

**Hytaý taryhynda wagtyň kesgitlenilişi (hronologiýasy) we döwürlere bölünişi.** Gadymy dünýäniň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly Hytaýda hem senenamanyň

bütewi bir ulgamy bolmandyr. B.e. öň I müňýylykda ýokary hökümdaryň dolandyryp başlamagy bilen senenama ýöredilip başlapdyr, şonuň üçin anyk hronologiýasyny bermeklik uly kynçylyklary döredipdir. Häzirki zaman barlagçylary In döwletiniň ýykylmagyna getiren **çžoularyň** basybalyşlaryny dürli-dürli ýyllar bilen belleýärler. Taryhçylaryň köpüsi bu wakany b. e. öň 1122-nji ýyl bilen bellese, beýlekileri b.e. öň 1066-njy, 1050-nji ýa-da 1027-nji ýyllar bilen belläpdirler. Gadymy Hytaý taryhynyň hakyky hronologiýasy, diňe b. e. öň 341-nji ýyldan başlap has ynamly maglumatlar esasynda ýöredilip başlanýar.

B. e. I asyryndan başlap gadymy hytaýlylar ýyl hasabyny ýöretmek üçin öňki günleri atlandyrmakda ýörüte altmyş belligi ulanulyp başlanypdyr. Bu hasap Hytaýda häzire çenli ulanylyp gelýär. Bu hasap, wagty ölçemekde uly bir ýalňyşlygyň ýüze çykmagynyň öňüni alypdyr. Emma has irki döwürlerde wagt ölçegini, ýylyny anyklamak üçin alymlar täze usullary, ýagny geçmişde gün ýa-da aý tutulan bolsa, şonuň esasynda hem kesgitläp bilýärler. Hytaýýň taryhy ylmynda Hytaýyň gadymy taryhyny döwürlere bölmeklik nesilşalyklaryň hokum süren döwri bilen kesgitlenipdir. Mysal üçin, mifiki "bäş imperatorlar" baradaky eýýamden soň "üç nesilşalyklar" - Sýa, Şan-In we Çžou barada maglumat berilýär. Däbe görä Çžou eýýamy iki döwre bölünipdir, ýagny Günbatar Çžou (b. e. öň XI-VIII asyrlara) we Gündogar Çžou ( b. e. öň VIII-III asyrlara ) bölünip Çunsýu we Çžango döwürleri öz içine alýar.

***B. e. öň III asyrda Sin nesilşalygy Han nesilşalygy bilen çalşylypdyr.*** Han nesilşalygynyň dolandyran döwründe Hytaýyň ýerleri ikä bölünýär. Ol taryhy döwürler Gündogar we Günbatar döwürlere bölnüpdir. Emma häzirki döwürde alymlar Han nesilşalygynyň bölünişigi bilen kanagatlanyp bilmeýarler. Şonuň üçin hem arheologiýa ylmynyň taryhy döwürlere bölüniş usuly alnanda, jemgyyetiň ösüş basgançaklary esasynda, öndüriji güýçleriň derejesi we zähmet gurallarynyň

döredilmeginiň easynda emele gelen maddy maglumatlaryň esasynda bölmeklikden ybarat bolup durýar. Şonuň üçin, “üç nesilşalyk” eýýamyny neolit döwrüne degişli bolup, şan-in döwrüni bolsa bürünç döwri diýip atlandyrmak hakykata has dogry bolýar.

***Çunýu (b. e. öň VI-V asyrlar)* döwrüniň ahyrlarynda Gadymy Hytaýda demiriň ýaýrap başlaýan döwri bolup, demir eýýamy başlanýar.** Hytaý taryhynyň döwürleşdirmekde, biz üçin esasy tutalga jemgyýetiň sosial – ykdysady ösüşi hasaplanylýar, şonuň üçin Gadymy Hytaý taryhyny bäş döwre bölüp bolýar.

**I**.Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargap başlamagy, synpy jemgyýetiň ýüze çykyp b. e. öň II müňyyllykda gadymy döwletleriň emele gelmegi.

**II.** Gadymy Hytaý b. e. öň VIII-III asyrlarda.

**III.**Hytaýda ilkinji merkezleşdirilen – Sin ( b. e. öň 221-207 ýý.) döwletiniň döremegi.

**IV.**Han imperiýasynyň (b. e. öň III-I asyrlar) agalyk süren ýyllary.

**V.** Gadymy Hytaý döwri, b.e. I – III asyrlaryny öz içine alýar.

## I. Tema: Gadymy Hytaý.

**1.Hytaýyň taryhyny öwrenmegiň esaslary.** Häzirki zaman Hytaýyň ýerini taryhyny arheologiki taýdan öwrenmeklik hytaý rewolýusiýasyn ýeňeninden soň, aýratyn hem 50 – 80 – nji ýyllarda. Gadymy otrumly obalaryň üstüniň açylmagy, gadymy hytaý jemgyýetiniň ähli döwürleri boýunça neolitdan başlap tä Han eýýamyna çenli, Hytaýyň gadymy taryhyny gymmatly maglumatlar bilen baýlaşmagyna mümkinçilik berdi. Hytaý arheologiýasynyň soňky ýyllaryň içinde gazanan üstünlikleriniň biri - de irkişan şäheri bolan Eplitouda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde, ýüzine hat ýazylan köp

sanly bürünçden ýasalan gaplaryň tapylmagy, şeýle-de Çanşa şäheriniň ýakynynda b. e. öň III asyryna degişli guburhananyň üstüniň açylmagy, daşarky tebgy ýagdaýynyň aýratynlygyna görä eşikleriň uly bir toplumy, hojalyk gurallary, bezegler we sungat eserleri şeýle-de tagtajyklara we ýüpek matalara ýazylan köp sanly ýazgylar doly görnüşinde saklanypdyr.

Gadymy hytaý jemgyýetiniň Şan – In döwrüni öwrenmek üçin epigrafiki ýazgylaryň hem uly ähmiýeti bardyr, olaryň içinde bolsa b. e. öň XIV-XI asyrlara degişli gadatelnye nadpisi-bilmeşek ýazgylary iň zerurlarydyr. Olar ilkinji gezek Hytaý alymlary tarapyndan 1899-njy ýylda açylýar. Gazuw – barlag işleriniň dowamynda şan-iň iň paýtagty Anýanyň ýakynynda köp möçberde ýazuw ýadygärlikleri tapylýar. Alymlar bu ýazgylary öwrenmek bilen, olaryň içinde Syma Sýanyň “Taryhy ýazgylarynda” ady tutulýan atlar we bolan wakalar gabat gelýändiginiň üstüni açdylar. Öz mazmuny boýunça gadatelnyýe ýazgylar Şan-In döwrüniň sosial-we syýasy taryhyny beýan edýär.

B. e. öň X-VII asyrlaryna degişli epigrafiki şeçeşmelerde hem däp-dessurlar üçin bürünçden ýasalan gaplarda hytaý taryhyna degişli çžoy ýazgylarynyň üsti açyldy. Bu ýadygärlikleriň öwrenilmegi “Şanşu” eseriň kä bir bölümleriniň hakykydygyny, gaplardaky ýazgylaryň bolsa stilistika taýdan meňzeş gelýändiklerini subut etdi.

B. e. öň III - b. e. III asyrlaryna degişli her dürli ýazgylar, olaryň içinde resmi hatlaryň dürli görnüşleriniň (hojalyklaryň, edaralaryň we beýlekileriň sanawy) bolmagy öz häsiýeti we mazmunlary boýunça hem dürli bolup, olar hem hytaý taryhyny öwrenmekde gerekli çeşmeler bolup durýarlar.

**2.Hytaýyň taryhnamasy - taryh ylmynyň taryhy.** Hytaý taryh ylmyna iki sany häsiýetli aýratynlygy bardyr: birinjiden, hytaý medeniýetiniň goňşy halklaryň medeniýetinden ýokarydygy; ikinjiden, taryhy maglymatlaryň, wakalaryň mifiki maglumatlar bilen baglanyşdyrylyp, netijede bolsa Hytaýda döwletiň gelip çykyşynyň has

gadymylaşdyrylmagyna getirmegidir.

Hytaý taryhnamasynda has çuňňur tankydyň ýüze çykmagynyň oňyn taraplary bolanhem bolsa, onuň iknji tarapy geçmiş baradaky garaýyşlary özüniň has aňryk geçmegi bilen taryh ylmynyň ösüşine badak asypdyr. Diňe XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrlarynda täze taryhy açyşlaryň bolmagy, Hytaýda hakyky taryh ylmynyň hemme taraplaýyn öwrenilmegine we ösmegine mümkinçilik döretdi.

40 – 50 – nji ýyllarda hytaý alymlary tarapyndan Gadymy Hytaý taryhyny social – ykdysady taýdan öwrenmegiň meseleleri işlenip düzülýär. Emma “medeni rewolýusiýa” wakalary bu barlaglaryň üstünlikli çözülmegini togtadýar. Diňe 70 – nji ýyllaryň ahyrlarynda gadymy hytaý jemgyýetiniň häsiýeti baradaky jedelleriň geçirilmegi, çeşmeleriň çap edilmegi, Gadymy Hytaý taryhy boýunça uniwersitetler üçin okuw kitaplarynyň (kurslarynyň) döredilmegi bu işleriň täzeden başlanmagyna ýol açýar.

Hytaý taryhynyň ýapon alymlary tarapyndan öwrenilmegi orta asyrlarda başlanypdyr. Soňraky onýyllyklarda Ýaponiýada Gadymy Hytaý taryhynyň ähli döwürleri endiganlykda öwrenilip başlanýar. Ýaponiýada bu ugurda iň görnükli hünärmenleriň biri – de Kaýdzuka Sigeki, Gadymy Hytaý döwletiniň emele gelmegine we ösmegine degişli düýpli işi ýazýar. Ýapon taryhçylarynyň uly topary Han döwrüniň social – ykdysady gatnaşyklarynyň üstünde işleýärler.

Hytaý taryhy bilen Ýewropa alymlary hem gyzyklanyp başlaýarlar. Ýewropada fransuz alymy Sawann XX asyryň başynda Syna Sýanyň “Taryhy ýazgylary” işini terjime etmek bilen meşgul bolýar (ol ony tamamlap bilmändir), şeýle-de ol Hytaýda bolan döwründe Han döwrüniň daş şekilleri (barelýefleri) barada ýygnan we öwrenen maglymatlaryny çap edýär. Fransuz alymy A. Maspero “Gadymy Hytaý” atly düýpli işini neşir edip, häzirki döwriň taryhnamasynyň ösmegine belli bir derejede täsir edýär.

ABŞ – da Gadymy Hytaýy öwrenmeklik diňe soňky

onýyllyklaryň içinde başlanýar. Bu ugurda esasy işleri Amerika gelen Hytaýlylar amala aşyrýarlar. 60-njy ýyllaryň ahyrlarynda bolsa ABŞ – da "Gadymy Hytaýy öwrenmegiň jemgyýeti" döredilýär. 1975-nji ýyldan bäri bu jemgyýet öz žurnalyny çap edip gelýär.

Russiýada Gadymy Hytaýy öwrenmeklik XIX asyryň birinji ýarymyndan baslanýar. Onuň başynda görnükli Hytaýý öwreniji N.Ý. Biçurin durupdyr. Rus barlagçylary üçin ilki bilen hytaýyň medeniýetini, gadymy hytaýyň ideologiýasyny we olaryň iň gadymy taryhy çeşmelerini öwrenipdir. Rus taryhnamasynda gadymy

***Hytaý taryhynyň öwrenilişini üç döwre bölýärler.***

***Onuň birinji döwri*** - XX asyryň 20-30-njy ýyllaryna degişli bolup, bu döwürde gadymy Hytaýyň jemgyýetçilik gurluşy baradaky jedellerde, gadymy hytaý jemgyýeti baradaky maglumatlar giň möçberde peýdalanylypdyr. Bu işleriň kynçylyk döredýän tarapy çeşmelere düşünmekliligiň kynlygy ýüze çykypdyr.

***Ikinji döwri*** - (40-50-nji ýyllar) öçerkleriň döwri diýilip atlandyylýar. Bu döwür Gadymy Hytaý taryhyndan uniwersitetler üçin umumylaşdyrylan ýörüte okuw kitaplarynyň ýazylmagy bilen tapawutlanýar. Şol döwürde-de J. W. Simenowskaýa tarapyndan Gadymy Hytaý taryhyny döwürlere bölmeklik hödürlenýär, netijede bolsa bu ugurda sazlaşykly iş alyp barmaklyk ýola goýulýar.

Rus alymlary tarapyndan 60 – njy ýyllardan başlap gadymy hytaý jemgyýetini öwrenmekde ep – esli işler edilýär. Bu döwürde Gadymy Hytaýyň aýry – aýry döwürleri boýunça birnäçe monagrafiki işler ýazylýar. Rus taryhçylary aýratyn hem gadymy ýazuw ýadygärliklerini hytaý dilinden rus diline terjime etmeklige girişýärler. Bu ýerde aýratyn hem Syma Sýanyň köp tomlyk "Taryhy ýazgylarynyň" rus diline geçirilmegini belläp bolar.

## II. Tema. Hytaýda ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy we gadymy döwletleriň emele gelmegi.

**1. Gadymy Hytaý siwilizasiýasynyň neolitik başlangyçlary.** Gadymy Hytaý siwilizasiyasy neolitik medeniýetiň esasynda b. e. öň V-III müňýyllyklaarda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ýüze çykypdyr. Olaryň iň gadymkylarynyň biri hem Ýanşao medeniýetidir. Ýanşao taýpalary Huanhe derýasynyň şahalarynyň biriniň jülgesinde ýerleşip, soňra bolsa günbatar we gündogar taraplara ýaýrapdyrlar. Olar uly bolmadyk otrumly ýerlerde, derýa boýlaryna ýakyn ýerlerde ýaşapdyrlar. Olar doňuzlary we itleri köpeldipdirler. Ýanşaolylar küýzegärçilikde ökde ussalar bolup, olary ýörüte peçlerde bişirip açyk reňkler bilen reňkläpdirler.

***B. e. öň III müňýyllygyň ikinji ýarymynda ýanşao medeniýetiniň ýaýramagynda ep-esli öňe gidişlikler bolýar.*** Reňklenen keramika önümleri kem-kemden ýitip gidýär, onuň ýerini ýörüte kürelerde bişirilen çal we gara gap-gaçlar eýeleýär. Bu görnüşli medeniýet Lunşan medeniýeti atlandyrylyp, ekerançylygyň mundan beýläk ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Daşdan ýasalýan gurallar kämilleşdirilýär, esasan hem has öndürijilikli bolar ýaly pyçaklaryň we oraklaryň görnüşleri ýasalypdyr. Sosial gatnaşyklarda hem özgerişler bolýar. Ilkinji gezek lunşanlaryň mazarlaryndan tapylan ýadygärliklerde deňsizligiň ýüze çykandygynyň alamatlarynyň üsti açylýar.

**2. B. e. öň II müňýyllykda Hytaýyň syýasy taryhy.** Biziň günlerimize gelip ýeten “gadymyýetiň iň kämil hökümdarlary” baradaky rowaýatlara görä, Älem aşagyndaky döwleti akyldar Ýao dolandyrypdyr. Ol garrandan soň özüniň ornuna örän edenli hem güýçli Şunýany belläpdir. Bu hökümdaryň dolandyran döwründe Asman astyny suw basar ýaly ýagyn iberilipdir. Şunýa adamlary suwdan halas etjek

adama häkimligiň julawyny berjekdigini yglan edipdir. Bu işi ýerine ýetirmeklik beýik Ýuýua başardypdyr. Ol derýalaryň akymyny çuňaldypdyr, şondan soň suw deňizlere akypdyr. Şeýdip Ýuýu hökümdar bolupdyr. Ýuýuyň ýerini adata görä başga bir edenli we özüni adamlara aldyran adam geçmän, eýsen Ýuýuyň ogly Si geçipdir. Şundan soň Assman asty döwletinde ýökary häkimlik nesilden nesle, atadan ogla geçmeklik girizilipdir. Bu rowaýata görä gadymy Hytaýda saýlawly wezipeleriň, esasan hem hökümdaryň wezipesiniň nesilden nesle geçirilmegi, belli bir derejede taryhy wakalar şöhlelendirilýär. Si, Beýik Ýuýuň ogly gadymy Sýa Hytaý nesilşalygyny esaslandyran ilkinji hökümdar hasaplanylýar. Syma Sýanyň "Taryhy ýazgylarynda" bu nesilşalygyň hökümdarlarynyň atlaray yzygiderli berilýär. Emma ynamly ýazuw çeşmeleriniň ýetmezçiligi, bu döwürde gadymy Hytaý jemgyýetiniň nähili jemgyýetdigi baradaky meseläni çözmäge mümkinçilik berenak.

Rowaýata görä Sýa nesilşalygyň iň soňky hökümdary özüniň gazaolylygy bilentapawutlanypdyr. Şonuň üçin hem ol özüne tabyn bolan taýpa serdarlarynyň gozgalaň truzmaklaryna getiripdir. Bu taýpalaryň biriniň serdary- şan (Tan atly) hökümdaryň garşysyna gozgalaň truzyp ony tagtdan agdarýar we Asman astyndaky patyşalygy öz häkimligine birikdirýär. (Onyň Çen Tan, ýagny "Tan dörediji" diýip adyny tutupdyrlar). Ol täze Şan nesilşalygyň ilkinji wekili bolupdyr we b. e. öň XVII asyrda ol In nesilşalygy adyny alypdyr.

Syma Sýanyň berýan maglumatlaryna görä şan taýpasy Orta hytaý düzlüginde ondan – oňa birnäçe gezek süýşüpdirler. Şanlylaryň iň soňky ýerini üýtgeden döwri Pan Gen hökümdaryň döwründe b.e. öň XIV asyrda bolup geçýär. Şanyň tutýan ýerleri häzirki Anýan etrabynyň ýerinde bolupdyr. Bu ýerde ýurdyň paýtagty ***Beýik Şan şäheri*** esasandyrylýar. Şan – Iniň ikinji döwri diýilip hasaplanylýan b.e.öň XIV-XI asyrlaryň taryhy barada, biziň döwrimize çenli diňe bir arheologiki maglumatlar gelip ýetmän, eýsem köp sanly

epigrafiki çeşmeler hem gelip ýetipdir.

**3. B. e. ň II müňýyllykda öndüriji güýçleriň ösmegi.** Şan – In döwrüniň maddy medeniýetiniň köp sypatlary, olaryň b. e. öň III müňünji ýyllarda Huanhe derýasynyň kenarlarynda ýaşan neolitik taýpalar bilen ganybir baglanyşygynyň bolandygyny görkezýär. Meňzeşlikler In bilen Lunşan keramika önümlerinde – de az däl. Birnäçe asyrlaryň dowamynda ekerançylygy alyp barmakda we oba hojalyk gurallaryny ýasamakda hem uly bir özgerişler bolmandyr. B. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda olaryň ekerançylykda ýer agdarýan esasy guraly agaçdan ýasalan iki dişli taýak bolupdyr. Şan – Inlileriň zamanyna üç sany esasy ýetilen üstünlikler bolupdyr. ***Ýagny bürünjiň ulanyp baslanmagy, şäherleriň döremegi we hatyň – ýazuwyň ýüze çykmagy.***

Häzirki wagtda iň gadymy bürünç öndürilýen ýerler - b. e. öň II müňýyllygyň birinji ýarymyna degişli bolup, Erlitou otrumly ýer hasaplanylýar. Giçki In döwründe adamlar mis känlerinden misi köp almaklygyň ugry bilinýär. Mis bilen galaýyny eredip bürünç almagy başarypdyrlar. Onuň üçin ýokary hilli toýundan ýörüte gaplar ýasalypdyrlar. Şol döwrüň ýetilen tehniki üstünlikleriniň aýratynlygy, jemgyýetiň esasy önümçiligi bolan ekerançylygyň ösmegine hiç hili täsiri ýetmändir. In zamanynda bürünç esasan iki ýagdaýda ulanylypdyr. Ýarag öňdürmekde we däp-dessurlarda gurban edip sadaka berilende gerek boljak küýzeleri ýasamkda peýdalanylypdyr.

In döwrüne degişli diňe, palçykdan ýasalan diwar galypdyr. Diwarlar bilen uly otrumly obalaryň - senetçileriň jemlenen ýeriniň daşy bien aýlanypdyr. Irki in döwrüniň paýtagyt şäheriniň daşynyň diwtrynyň düýbüniň galyňlygy 6 metr çenli ýetrilipdir. Le galyňlykdaky şäher diwarlary harby söweşler wagtynda ilaty ygtybarly gorap bilipdir. Anýan şäheriniň golaýnda in patyşalygynyň paýtagtynda geçirilen gazuw - barlag işleri, şäheriň ýerinde köp sanly laýdan galdyrylan köşkler we ybadathanalar ýerleşipdir. Bu binalar

örän kuwwatly palçykdan salnan sütünler bilen berkidilip, ol sütünleriň etegi bolsa daş ýa-da bürünç bilen berkidilipdir. Geçirilen kanallar bolsa güýçli ýagyn ýaganda, ýa-da sil alanda suwy akdyrmak üçin peýdalanylypdyr. Şäher diwarynyň çäginde - metal eredýän, süňk kesýän, keramika gap-gaçlary ýasaýan we ş. m. ussahanalar ýerleşipdir. Şeýlelik bilen, köp sanly hünärmentçilik önümçiligi ýüze çykyp, hünärmentçilik ekerançylykdan bölünip aýrylýar.

Ahyrynda bolsa, hatyň - ýazuwyň ýüze çykmagy bilen jemgyýet ösüşiň täze döwrüne aýak basýar. In ýazuwynyň biziň döwrümize çenli gelip ýetenleri Gündogar Aziýanyň iň gadymy ýazuw ýadygärlikleri hasaplanylýar. Ol ýazgylar süňklere ýada pyşbaganyň gapaklaryna ýazylypdyr. Emma In zamanynda ýasyja tagtajyklara hat ýazmaklyk hem giňden ýaýrapdyr. In hökümdarynyň köşgünde ýörüte “szose”( onuň düýp manysy “hat ýazmak üçun  ýasyja agaçlary ýasaýan”) wezipesi bolupdyr. B. e. öň XIV - XI asyrlara degişli ýazuw belgilerini okamagyň üstüniň açylmagy netijesinde In jemgyýetiniň köptaraplaýyn taryhynyň üstüni açmaga  mümkinçilik dörejek.

**4. In eýýamynyň jemgyýeti we döwleti.** Köp görnüşli çeşmeliň hemmesiniň öwrenilmegi netijesinde gadymy Hytaý jemgyýetiniň juda çylşyrymly sossial gurluşyna göz ýetirip bolýar. B. e. öň XIV – XI  asyrlarynda jemgyýetiň sosial taýdan gatlaklara bölünmegi we synpy gatnaşyklaryň emele gelmegini Inleriň adam jaýlamak däpleri hem subut edýärler. Inlerde azyndan merhumy jaýlamagyň dört görnüşi bolupdyr. Olar daşky görnüşleri bilen, ýagny tutýan ölçegi bilen, häsiýeti we ondaky gurallar we ş.  m. zatlar bilen has tapawutlanypdyrlar.

Birinji görnüşine Anýanyň ýanyndaky has uly mazarlarda geçirin gazuw-barlag işleri, mazaryň merkezi böleginiň tutýan möçberi 400-500 kw. m barabar bolup, onuň çuňlygy 10 metre ýetip ol ýerde daşky mazar ýerleşdirilipdir, onuň içinde-de ýene bir mazar goýulypdyr. Mazarda merhum bilen birlikde däp-dessurlarda ulanylýan bürünçden ýasalan gaplary, altyndan ýasalan bezegleri, ýaraglary, saz gurallaryny,

ak toýundan ýasalan gaplary goýupdyrlar. Mazarlaryň köpüsinde ata tirkelen arabalar hem gabat gelýär. Şu hili mazarlarda merhumdan başga – da köp sanly adam süňkleri hem gabat gelýär. Olar merhumyň hyzmatkärleri ýa – da köşk adamlary bolup, zorluk bilen merhumyň ýanynda jaýlanan bolmaly.

Mazarlaryň ikinji görnüşiniň ölçegi ortaça 20 – 25 kw. m bolup, olaryň çuňlugy 5-7 metre ýetipdir. Bu mazarlarda adam süňkleri ýok, emma olaryň ýanynda goýulan goşlar juda baý hem özüniň dürliligi bilen tapawutlanýarlar. Şu hili mazarlarda bürünçden gaplar, ýaşmowyýe bezegler, ýaraglar goýlupdyr.

Mazarlaryň üçünjisi ýerde darajyk gazylyp, merhum oňa zordan ýerleşdirilipdir. Olaryň ýanynda bolsa palçykdan gödensi - ýylmanmadyk gaplar, ýa - da zähmet gurallary goýlupdyr.

Mazarlaryň dördünji görnüşi jaýlaryň diwarlarynyň aşagynda ýerleşdirilen mazarlardan ybarat bolup, olar uly mazarlaryň ýanynda jaýlanman, olaryň töwereginde, daşynda ýerleşdirilipdir. Bu mazarlardan tapylan adamlaryň skletlerine görä we olaryň ýerleşdirilişine görä netije çykarylsa, onda bu mazarlarda zorluk bilen öldürilen adamlaryň meýdi, kellesi kesilen ýa-da diriligine gömülen adamlar jaýlanypdyr diýip aýtsa bolar.

Mazarlaryň birinji görnüşinde In hökümdarlary ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlary jaýlanypdyr. Olaryň jaýlanyşynda şumerleriň Ur patyşalarynyň mazarlary bilen meňzeşlikler köpdir. Bu mazarlar hökümdarlaryň ilatyň esasy köpçüligine garşy goýulandygyny açyk görkezýär. Baý adamlaryň mazarlary In jemgyýetiniň agalyk edýän gatlagynyň mazarlary bolup olar özleriniň baýlygyna, jemgyýetde tutýan orunyna, gelip çykyşlaryna görä jaýlanypdyrlar. Özüniň ýönekeýligi boýunça, mazarlarda goýulýan esbaplara görä, şeýle-de mazarlaryň ölçegi boýunça üsti açylan mazarlar erkin jemagat adamlaryna degişli bolupdyr. Iň soňky – dördünji görnüşli

mazarlarda bolsa günlükçiler, ýönekeý hyzmatkärler ýaly hem hukuklary bolmadyk, hat-da gullarça hem bolmadyk adamlar jaýlanypdyr.

Gadymy Hytaý durmuşynda agalyk edýän düşünjeleriň iň esaslarynyň biri – de "döwletde iň esasy iş gurban etmeklik bilen uruşdyr" diýipdirler. Bularyň ikisi hem in ýazgylarynda ýeterlikli beýan edilipdir. Islendik harby ýörüşiň netijesi onuň alyp gelen ýesirleri bilen ölçelipdir. Ýeňiji serkerde dolanyp gelende ýesirleriň giden bir sürisi bilen Beýik Şan Şäherine dabaraly ýagdaýda giripdir. Ýörüte bilgiç ýesirleriň soňky ykbaly bilen baglylykda birnäçe soraglary beripdir. Ol ilki bilen näçe sany ýesir getirildi, haçan, nähili ýagdaýda we onuň geçip giden ata-babalarynyň haýsysy üçin ýesirlerden gurban bermelidigini anyklamaly eken. Dini dabaralaryň geçirilýän wagty ol ýa – da beýleki ata-babalary üçin bir wagtyň öznde ýüzlerçe adamlary gurban edipdirler. Gurban bermekligiň hem birnäçe görnüşleri bolupdyr, ýagny ýesiriň kellesini kesmeklik, suwa gark etmeklik ýa-da otda ýakmaklyk dessurlary bolupdyr. Bu däp Hytada has irki arhaýiki döwürde, ýagny irki synpy jemgyýetde giňden ýaýrapdyr. Heniz ýesir düşen erkek adamlaryň zähmetiniň ähmiýetsiz döwri, olary diri goýmaklygyň özleri üçin howplydygyny bilip, ýesirleriň hemmesini gurban edipdirler. Bürünç ýa-da agaç tagtajyklara ýazylan bilgiç ýazgylarynyň köp wagtlap öwrenilmegi, bu beýanlarynda adamlaryň heniz durmuşy gatlaklara bölünmändigini, ol barada ýörüte adalgalaryň ýoklugyny aýan etdi.

Inleriň daş töweregi gurşap duran dünýä we ondaky ýaşaýan halklar barada garaýyşlaryna görä, Asmanyň astyndaky döwletiň merkezi Beýik Şan Şäheri – hasaplanypdyr. Ol ýerde hökümdaryň köşgi ýerleşipdir. Onuň töweregindäki ýaýylyp ýatan ýerler bolsa In döwletiniň düzümine giripdir. Olar ýurtlar boýunça alamatlandyrylýar, ýagny günbatar ýerleri, günorta ýerleri we ş. m. Bu ýerlerden daşarda In hökümdaryny ykrar etmedik taýplar ýaşaýarlar. Şonuň üçin olar

duşman hasaplanylypdyr. Emma Inler bilen duşman taýpalaryň arasynda anyk bir serhet bolmandyr. Islendik taýpa In hökümdarynyň tarapynda çykyş etse olar ýüzüniň ugryna bu döwletiň bir böegi hasap edilipdir. Inlerde döwlet ulgamynda ýörüte territorial bölünişik bolmandyr. Ol öňden gelýän urug - taýpa bölünişigi esasynda saklanypdyr, ýagny taýpa birleşigi netijesinde emele gelipdir.

**Inleriň syýasy bütewiligini aňladýan alamat, ol hem hökümdar - wan bolupdyr.** Onuň çäklendirilmedik häkimligi bolupdyr. In *wanlary* hemişe adamlaryň içinde özlerini ýek – etäk – “Men”  diýip hasap edipdirler. Ol öz ýurdunda islendik adama buýruk berip bilipdir. Wanlaryň özleri koplenç duşman taýplara garşy harby ýörüşlere ýölbaşçylyk edipdirler. Egerde taýpa wanyň häkimligini ykrar etse, ol taýpanyň serdaryny dereje bilen sylaglaýar hem-de ony in birleşiginiň agzalygyna kabul edýär. Şondan soň bu taýpa wanyň goldawyna, penakärlik etmegine ynanyp bilipdir. Wandan dereje alan taýpa serdarlary Beýik Şan Şäherine gelip durmaly eken, tölegini iberip, gerek bolan ýagdaýynda öz goşunyny hem iberip durmaly bolupdyr. Wan şeýle – de  döwletiň ýokary ruhanysy bolupdyr. Diňe wan bilgiç süňkinden hudaýlaryň etjek islerini okap, anyklap bilmäge haky bolupdyr.

B. e. öň XIII asyryň ikinji ýarymynda wan U Diniň dolandyran döwründe In döwletiniň iň kuwwatly wagty bolupdyr. Onuňöň döwründe Beýik Şan Şäherinde täze köşkler we ybadathanalar gurlupdyr. U Din In döwletiniň ýerini ep-esli giňeldipdir. Ol iň kuwwatly hökümdarlaryň biri bolupdyr.

U Din ölenden soň In döwleti gowşap başlapdyr. Inleriň iň soňky hökümdary ýazuw ýadygärliklerinde ahlak taýdan bozuk hökümdar hökmünde görkezilýär. Bu maglumatlar b. e. öň XI asyryň üçünji çärýegine degişli bolup, wakalary tekrarlamaga we taryhy taýdan aklamaga çalyşylandygyny görkezýär. Bu taryhy beýanlar çžoularyň basybalyşlarynyň taryhnamasy hasaplanylýar.

**5. Çžou döwletiniň döremegi.** Çžou taýpalary baradaky ilkinji maglumatlar In hökümdary U Diniň dolandyran döwründäki epigrafiki ýadygärliklerde berilýär. Bu döwürde çžou taýpalary inleriň syýasy täsirinde bolup, olara tabyn edilen ýerde ýaşapdyrlar. Çžoularyň güýçlenmeginiň ilkinji sebäbi in hökümdary resmi taýdan bu taýpanyň serdaryna we onuň ogluna "çžoularyň hou" (hökümdara garaşly) derejäni beripdir. Şu döwre degişli ilkinji maglumatlarda bolsa, In bilen Çžouyň harby çaknyşyklary barada habar berilýär.

***Kem – kemden çžoularyň ýolbaşçylygynda ýurdyň günbatar welaýatlarynda ýerleşen taýplaryň güýçli birleşmesi emele gelip başlaýar. Gündogara tarap harby ýörüşi geçirip, U-wan (Urşujy hökümdar) b. e. öň 1027-nji ýylda In goşunlaryny derbi – dagyn edýär.*** Çžoulylar tiz wagtyň içinde inleriň medeniýetini kabul edýärler. Olardan metal eretmegi, bürünç almagy öwrenýärler. Basybalyşlyklrdan öň çžoular bürünjiň nähili metaldygyny hem bilmändirler. Indi olar in ussalaryny öz taraplaryna çekipdirler, şonuň üçin çžoularyň ýasan ýaraglary, gap – gaçlary, metaldan ýasalan bezegleri hem inleriň önümlerinden kän tapawut etmändir. Çžoular inlerden goşunda esasy zarba urujy söweş arabalaryny ýasamagy öwrenipdirler. Huanhe derýasynyň boýlarynda, gyrymsy tokaýlarda ýeňil atly arabalaryň öňüni hiç bir zat baglap bilmändir. Bu arabalarda üç esger: arabaçy - arabany sürüji, peýkam oky bilen duşmany atýan peýkamçy we ýakyn we orta aralykda söweşýän, ýagny naýza bilen uruşýan naýzaçy esger bolupdyr.

Çžoular inleriň hat – ýazuwyny hem alypdyrlar. Maglumatlaryň berýän habaryna görä çžoularyň öz haty hem bolupdyr, emma kämilleşmedik bolansan olar inleriň hatyny kabul edipdirler. B. e. öň XI – IX asyrlara degişli çžoularyň epigrafiki ýadygärlikleri inleriň ieroglifikasy esasynda ýazylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen olar kämilleşdirilipdir.

Inler gutarnykly derbi – dagyn edilenden soň, çžoulylar

“mülk bermeklik” barada birnäçe çäreleri geçiripdirler. Onuň mazmunyna görä U–wanyň  garyndaşlary we ýokary gatlagyň birnäçeleriniň wekilleri ýerleri onuň ilaty bilen bile alypdyrlar, hem-de alnan mülküň möçberine görä, olar hökümdardan myrasdüşer mulkdar derejesini alypdyrlar. Bulardan başga – da öň inleriň golasytnada bolan, emma çžoularyň inler bilen uruşýän döwrüňde çžoulara goldaw beren taýpa serdarlaryna hem mülkler berilipdir. B. e. öň XI asyrda öň bar bolup wan tarapyndan ykrar edilen we täze döredilen mülkleriň umumy sany 200 – 300– e  ýetipdir. Umuman çžoularyň basybalyşlary döwlet dolanşuk ulgamynda uly bir özgerişlere getirmändir.

**6. B. e. öň X-VIII asyrlarda sosial-ykdysady gatnaşyklar.** Çžou döwletiniň ähli erkin ilaty bäş sany durmuşy gatlaklara bölünýär. Olar biri – birinden  özleriniň gelip çykyş derejeleri esasynda tapawutlanypdyrlar. Gadymy Hytaýda bu mesele, beýleki gadymy gündogar jemgyýetlerine garanyňda has anyk kesgitlenilip görkezilipdir. **Iň ýokarky basgançagy eýeleýän topar hökümdaryň despotik şahsyýeti bilen aňladylyp, “adamlaryň içinde ýeke – täk”** diýilen adat esasynda ýöräp çžou wanlary özlerini şeýle atlandyrmagy dowam etdiripdirler. **Ikinji topara – čžuhou**, nesilden nesle geçip gelýän myrasdar mülkdarlar – ýagny çžou aristokratlary – begleri giripdirler. **Üçünji-dafular, bular şzular (urug-taýpa toparlary) taýpa serdarlary bolup**, olar hem ilatyň esasy bölegini tutup, çžuhoularyň nesilden nesle geçip gelýän mülk myrasdarlary hasaplanylýar. **Dördünji topar - şiler**, uly maşgalalaryň hojalyk başy bolup ol ýa-da beýleki szua, ýagny urug – taýpalaryna  girýärler. **Bäşinji topar – bu  topar ýönekeý ilatdan ybarat durýarlar.**

Adamlaryň daşky görnüşi, geýinşi şol adamynyň haýsy topra degişlidigini, onuň durmuş derejesini kesgitläpdi. “Adamynyň geýýän eşigi onuň derejesine – rangyna  bagly bolupdyr, baýlygy peýdaly ulanmak hem onuň alan sylag – serpaýlaryna, onuň  möçberine, durmuş derejesine görä berilýär diýip žou çeşmelerinde ýazylypdyr. Şonuň üçin adamynyň

içgisi bilen iýmiti hem dürli bolupdyr, eşikleriniň reňki, mallarynyň we gullarynyň sany boýunça adamynyň durmuşy, maddy ýagdaýy, jemgyýetdäki orny kesgitlenipdir. Kä bir adamlara gaýyk, araba münmek we öý esbaplaryny edinmegi gadagan edýän maglumatlar gadymy Hytaý ýazgylarynda saklanypdyr. Adam öz ýaşap ýören wagtynda kellä geýilýän börüklerde, eşiklerde, onuň ýeriniň möçberi, we ýaşaýan jaýlarynyň ölçegi, ony tertibe salmaklykda hem tapawut saklanypdyr. Adam ölenden soň içki we daşky öýüniň ölçeginde hem tapawut saklanypdyr. Jaý gurluşygynda hem berk dereje ölçegi saklanypdyr. “Asmanyň Oglynyň (wanyň) köşgüniň üstüne atylýan pürsleriň ýonulyşy, ýylmanyşy – **polirowkasy, daşlardan** örülişi; Čžuhounyň köşgünde bolsa pürsi diňe ýonmak we ýylmamak; Dafunyň jaýynda pürsi diňe ýonmak” bolýan eken. Edil şunuň ýaly iýmitde hem tapawut saklanypdyr. Wan öküziň, goýnuň we doňuzyň eti bilen iýmitlenmäge haky bolupdyr, Čžuhou- diňe sygyr etini, dafular diňe doňuz etini, şiler diňe balyk bilen oňmaly ekenler. Emma ýönekeý adamlara asla et iýmek gadagan edilipdir.

Adamynyň ýokarky durmuşy topara degişlileri üçin onuň dogulyşy barada hem dereje girizilipdir: Adamynyň atasy kim, maşgalada ogullarynyň näçinjisi bolup dogulan. Maşgalanyň uly ogly öz atasynyň derejesini saklap bilipdir, ondan galan oglanlary bir basgançak aşak düşürilipdir.

Čžou jemgyýetinde durmuşy gatlaklar ýere bolan eýeçiligi we ýeri ulanmak bilen hem bagly bolupdyr. Asman asty ýurtda ähli ýerler wanyň ýeri hasaplanypdyr.

Wan hususy eýeçilikde iň ýokarky adam hasaplanypdyr, sebäbi hemme adamlar wanyň hyzmatkärleri hasaplanypdyr. Sonuň ýaly “wan čžuhou öz hyzmatkäri hasaplapdyr, čžuhou bolsa daflary, daflar bolsa şileri öz hyzmatkärleri hasaplapdyrlar”. Şonuň üçin čžuohu jemgyýetinde ýer eýeçilik ulgamynda hem edil durmuşy derejede kesgitlenilşi ýaly kesgitlenipdir. Mysal üçin, Asman astyndaky döwletde ähli ýerleriň eýesi wan čžuohunyň ýokary emeldarlaryna Asman

astyndaky döwletiň ýerinden bir bölek ýere mülkdar edip beripdir Çžuhou öz gezeginde ýerleriniň bir bölegine daflaryň eýelik etmeklik hukugyny ykrar edipdirler. Daflar özleri ýeri işlemändirler we ol ýerleri şileriň eýeçiligine beripdirler. Ahyr soňunda bolsa ähli ýerler ýönekeý garamaýak adamlar tarapyndan işlenipdir. Despotik hökümdar ähli ýerleriň ýke-täk ýesi bolup, beýleki sosial-durmuşy gatlagyň ýere bolan eýeçiligi bolmandyr, şonuňň üçin häzirki zaman garaýyşynda çžöu jemgyýetinde hususy eýeçilik bolmandyr.

## III. Tema: Gadymy Hytaý b. e. öňki VIII- III asyrlarda

**1. Ortahytaý düzlüginde etniki syýasy ýagdaý.**B. e. öň VIII asyryň başlarynda çžoularyň Huanhe derýasynyň ýokary akymyndaky etraplarda ýaşaýan žunlar taýpasy bilen çaknyşyklary has güýçlenipdir. Žunlar öz gelip çykyşlary boýunça çžoular bilen garyndaş bolupdyrlar, emma olar öz ýaşayş ýagdaýlary we hojalygy alyp baryşlary boýunça tapawutlanypdyrlar. Aýgytly çaknyşyk ýarym çarwa žunlar taýpasy bilen Ýu-wanyň (b. e. öň 781-771 ýý) dolandyran ýyllarynda bolup geçýär.

B. e. öň 770-nji ýylda ýurdyň paýtagty gündogara geçirilýär, ýagny häzirki Loýan etrabyna. Şonuň üçin b. e. öň VIII-III asyrlary Gündogar Çžou diýip atlandyrýarlar.

B. e.öň VIII asyrda gadymy hytaý çeşmelerinde çarwa di taýpalary birleşip, güýçlenip başlaýarlar; olar Huanhe derýasynyň demirgazygyndaky çžuhoularyň mülklerini çapawullap başlaýarlar. B. e. öň VII asyryň başlarynda diler günorta, Huanhe derýasynyň çep kenarynyň orta akymlaryna süýşüp başlaýarlar. Diler Huanhe derýasyny böwsüp geçip, çžuhoularyň mülküne, ýagny olaryň paýtagtynyň töweregine çozýarlar.

Iň güýçli patyşalyklar hem dileri ykrar etmeli bolupdyrlar. Birnäçe hökümdarlar diler bilen ýaran bolmaga, käbirleri bolsa olary öz duşmanlarynyň garşysyna peýdalanmaga çalyşypdyrlar. Mysal üçin, b. e.öň 636-njy ýylda çžoularyň hökümdary Sýan-wan dileri Čžen patyşalygynyň üstüne çozmaga yrmaga çalyşypdyr, emma diler Čženiň tarapynda durup wanyň goşunlaryny ýeňipdirler, wan bolsa wagtlaýynça paýtagty taşlap gitmäge mejbur bolýar.

Gadymy Hytaý ilatynyň goňşy halklar bilen gatnaşyklarynýň derejesi barada taryhy çeşmelerde maglumatlar saklanyp galypdyr. B. e. öň VIII-VII asyrlarda gadymy hytaýlylar özlerini huasýa adalgasy bilen (ýa-da čžusýa) umumy bir halkdygyny aňlatjak bolup özlerini "warwarlara" garşy goýupdyralar. Huanhe derýasynyň orta akymynda ýerleşýän patyşalyklaryň ilaty garyndaşlyk gatnaşyklary bilen özara baglanyşykly bolupdyrlar. Şonuň üçin olaryňň haýsy hem bolsa biri çžou wanyna garşy çykyş etse, ol huasýa bolman galmandyr. Edil şonuň ýaly "wawarlar" bilen syýasy ýaran bolmaklygy hem olaryň şeýledigini aňlatmandyr. Bu huasýa bilen "warwarlaryň arasyndaky tapawudy b. e. öň VII asyryň görnükli işgäri Guan-Čžunyň sözlerine görä: "Warwarlar-olar şagallar we möjeklerdir, olara hiç hili egilşik edilmeli däldir. Čžusýalar- olar garyndaşlardyr, olary agyr günde gözden salmaly däldir!"diýip, olaryň tapawudyny has aýdyň görkezipdir.

Paýtagtyň gündogra geçirilmeginden soň wanyň häkimligi göžgörtele gowşap başlapdyr, Älem astyndaky döwlet bütewligi aňlatsa-da çžuhoularyň arasynda bolýan gatnaşyklara goşulman, olaryň mülkleriniň kem-kemden özbaşdak bolmaklaryna alyp barypdyr. Čžou hökümdarynyň mülkleri birden azalýar, onuň bir böegini goňşy patysalyklar bolan Čžen, Szin we beýlekiler tarapyndan talanýar, kä bir etraplary bolsa Çu patyşalygy tarapyndan basylyp alynýar. Wanyň gaznasy azalýar, öňki gelýän tölegler bolsa yzygiderli gelmegini kesýär. Ahyrynda bolsa çzou wan aradan çykandan

soň, tagt myrasdarynyň wany adat, däp-dessur boýunça wany jaýlamak üçin gaznada hiç hili serişde galmansoň, merhumy jaýlamaklygy 7-ýyl soňa goýupdyrlar.

Çžou hökümdarlarynyň gowşamagyna b. e. öň VII-VI asyrlarda bolup geçen içki agzalalyklar hem sebäp bolupdyr. Wan kä halatlarda häkimligiň nesilden nesle adat boýunça geçmeginiň bozulýan wagtlary olara garşy göreşip bilmänsoň, ol özüne tabyn çžuhoulara kömek sorap ýüz tutmalga mejbur bolýan wagtlary az bolmandyr.

Çarwa taýpalaryň Ortahytaý düzlügine çozup girmekleri we wan bilen oňa tabyn hökümdarlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi, b. e. öň VII asyrda ýüze çykan täze syýasy ýagdaý bu döwrüň syýasy mazmunyny, ykbalynyň gutarnykly çözülmegine alyp barýar. Netijede has iri çžuhoularyň biri üstün çykyp, galanlaryny özüne tabyn edýär. Şu maksada ýetmek üçin ýökary galan hökümdar iki sany, ýagny: "hemmeleriň wana hormat goýmagyny gazanmak" we "warwarlar tarapyndan salynýan howpy gaýtarmak" şygarlary peýdalanýar.

**2. Gadymy Hytaýda beýik häkim bolmak ugrunda göreş.** Ilinji gadymy hytaý patyşalyklarynyň içinde Ortahytaý düzlüginde, Huanhe derýasynyň aşaky akymlarynda öňe saýlanan patyşalyk Si bolupdyr. Si hökümdary resmi taýdan b. e. öň 650-nji ýylda hökümdarlaryň (çžuhou) gurultaýynda baş hökümdar diýilip ykrar edilýär.

Si aradan çykandan soň Si patyşalygy baş patyşalyk hukugyndan kesilýär. In baş patşalyk derejesini uly paptyşalyk bolan Szin eýeleýär. Szin patyşalygynyň iň kuwwatly ýyllary Wen-gunyň (b. e. öň 636-628-nji ýyllar) bolupdyr.

Wen – Gunyň özboluşly ykbaly bar. Onuň ejesi jun taýpasyndan bolupdyr Ýaş Wen-gun doganlary bilen bäsleşip öz patyşalygyny taşlap, çarwa dileriň arasyna gaçyp barýar we olaryň arasynda köp ýyllaryny geçirýär. Şeýlelikde gadymy hytaý birleşen patyşalygynyň başynda, öz gelip çykyşy we terbiýelenişi boýunça, huasýa bolman eýsem "warwar"geçýär.

Wen-gun geljekgi nesliň ýadynda şeýle hem galypdyr. “ol ýaramaz matadan tikilen köýnekde, goýnuň derisinden tikilen possunda, gylyjyny bolsa ýönekeý guşak bilen baglap gezipdir, emma ol öz häkimligini dört deňiziň arasyndaky ýerlere ýetiripdir”diýilip taryhy çeşmelerde ýatlanylýar.

B. e. öň VII asyryň ahyrlarynda çarwa dileriň arasynda bölünişik başlanýar. Bu bolsa Szinleriň goşulmagyna bahana bolýar. B. e. öň 594-nji ýylyň ýazynda 8 güňlik bolan uruşda dileriň esasy güýçleri derbi-dagyn edilýär. Ýesir düşen çarwalaryň bir bölegi szinleriň goşunyna goşulýar, bir bölegi bolsa gula öwrülýär. Şeýlelik bilen çarwalaryň Huanhe derýasynyň ep-esli ýerinde, çzoularyň paýtagtynyň ýakynynda agalyk etmekleriniň sonuna çykylýar. Indi Szin bilen Çularyň günorta patyşalygynyň arasyndaky bäsdeşlik b. e. öň VII-VI asyryň syýasy taryhynda esasy orny eýeleýär. Ož ýerini Ýanszy we Huanhe derýalarynayň aralygyndaky owunjak patyşalyklaryň hasabyna giňeldip, Çular Ortahytaý düzlügundäki esasy myrasdar mülkdarlaryň durmuşyna gatyşyp başlaýar. B. e.öň VII asyryňň ahyrynda Çu hökümdary wan derejesini kabul edýär. Bu bolsa baş patyşalyk ugrunda çžouy Asmanyň Ogluna “hormat” şygary bilen göreşip gelýän patyşalyklara garşy açyk göreşi aňladýardy. Çularyň wany Çžouyň baş derejeligini ykrar etmeýän agalyk ediji derejä eýe bolýar. Çular Szin patyşalygyny derbi-dagyn edip, gadymy hytaý patysalyklaryna öz hökümini ýöredip baslaýr. Szinlilere b. e. öň 575-nji ýylda, çärýek asyrdan soň öz bäsdeşlerinden üstün çykmaklyk başardýär. B. e. öň V asyryň başlarynda öň syýasy waklara gatnaşmadyk, Ýanszy derýasynyň aşaky akymlarynda ornaşan U we Ýue patyşalyklarynyň arasynda bas häkimlik ugrundaky göreş güýjeýär. Bu ýerleriň ilatynyň esasy köpçül;igi “huasýa adamlarynda” köp derejede tapawutlanypdyrlar. Ylaryň we Ýueleriň ilaty öz bedenlerini iňňe bilen her hili bezegleri çekipdirler (tatiriwka) we saçlaryny gysgajyk edip kesipdirler, şeýtmekli olary gadymy hytaýlylardan tapawutlandyrypdyr. Çular bilen göreşde

goşmaça güýç edinmek üçin Szin hökümdary U bilen ýaran bolup, olara öz harby maslahatçylaryny ugradypdyr. Emma şondan soň hem Uyň ilaty uruş herketini suwda geçirmekligi, olar gury ýerde söweşenden suwda söweşenlerini gowy görüp, öz arabalaryny (kolesnisalaryny)suwa sürüpdirler.

B. e. öň 493-nji ýylda Uyňhökümdary Ýeleri ýeňip, demirgazyga tarap birnäçe ýörüş geçirýär. U hökümdary Su goşunyndan üstün çykyp, Lulary we Sunlary derbi-dagyn edip, b. e. öň 482-nji ýylda Uyň baş patyşalyk bolmagyny ykrar etdilmegini gazanýar. Şondan on ýyl geçenden soň Ýue öz garşydaşlaryny ýeňip, demirgazykdaky patyşayklaryň köpüsini özüne tabyn edýär. Ýueniň agalygy Çunsýu döwründe tamamlanýar; Şzin patyşalygynyň üç sany Çžao, Weý, Han (b. e. öň 403 ý.) özbaşdak patyşalyklara bölünmegi bilen, gadymy hytaý jemgyýetiniň taryhynda Çžango (“Uruşýan patyşalyklar”) döwri başlanýar.

**3.Jemgyýetde durmuşy-ykdysady öňe gidişlikler.** Çžango eýýamy Gadymy Hytaýda güýçli durmusy sarsgynlaryň, jemgyýetyň ýaşaýyşynda düýpli özgerisleriň bolan döwridir. Ödüriji güýçleriň ösmegi, demiriň ýaýramagy, ýer agdarmakda kämil gurallaryň ýüze çykmagy, öküziň ekerançylykda güýç hökmünde ulanylmagy we suwaryş ulgamynyň ösmegi onuň şeýle bolmagynyň esasy sebäpleri blupdyr. Demir baradaky ilkinji maglumatlar b. e. öň VI asyryň ahyrlarynda gadymy hytaý beýanlarynda berilipdir. “Szoçzuan” ýyl ýazgysynyn habar bemegine görä, Szin patyşalygynda b. e. öň 513-nji ýylda kanun beýanlaryny goýmak üçin demirden üç aýakly guýulýar. Has irki demirden ýasalan arheologiki gurallar b. e. öň V asyra degişlidir. B. e. öň IV asyrda bolsa ekerançylykda demirden ýasalan gurallar giňden ulanylyp başlapdyr.

Ekerançylykda öküzleriň ulanmagy, zähmet öndürijiligini çalt ýokarlandyrypdyr. “Mallar öň ybadathanalarda gurban etmek üçin peýdalanylan bolsa, indi olarekinmeýdanlarynda işledilýär” diýip, gadymy hytaý

eseriniň awtory
öküziň öndüriji güýçde ähmiýetini belläpdir. Egerde öňler suw ulgamynda geçirilýän işler diňe suw joşgunynyň öňüni almak üçin geçirilen bolsa, indi ekerançylyk ýerleriniň giňemegi bilen kanallar emeli suwaryş üçin çekilipdir.

B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda ýere bolan eýeçiligiň täze görnüşleri emele gelip başlapdyr. Hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy bilen öňki ýere bolan eýeçilik ulgamy ýatyrlyp, ýeri satyp, satyn almaj ýoly bilen adamlar ýersiz galdyrylypdyr. Şunuň esasynda b. e. öň VI asyrda kä bir gadymy hytaý patyşalyklarynda salgytlar öndürilen önüm görnüşinde berilmän, indi salgydyň täze görnüşine, ýagny ýer salgydyna geçilip başlapdyr. Syma Sýanyň habar bermagina görä, özleşdirilýän ýeriň möçberine görä ilkinji gezek ýer salgydy b. e. öň 594-nji ýylda Lu patyşalygynda girizilipdir. Şoňra şeýle salgytlary Çu we Çžen patyşalyklarynda hem alyp başlapdyrlar.

Hil taýdan hünärmentçilikde we södada hem uly özgerişler bolup geçýär. Çžoular jemgyýetinde b. e. öň I müňýyllygyň baslarynda senetçiler ýöneke adamlar toparna goşulypdyrlar. Edil şonuň ýaly ýagdaýa alyş-çalyş bilen meşgullanýan topar hem eýe bolupdyr. Bu hünärler nesilden nesle geçip gelipdir. “Senetçiniň çagalary senetçi, söwdagäriň çagalary söwdagär, ekerançynyň çagasy ekerançy” bolup galypdyrlar. Demir gurallaryň ýaýramagy, umumn tehnikanyň ösmegi senetçileriň önümleriniň ähmiýetini ýokary galdyrypdyr, kä bir hünärment ussalaryň durmuş ýagdaýlarynyň ýokry galmagyna ýardam edipdir. Bu ýagdaýlar senetçilikde we söwda işlerinde, giň möçberde gullaryň zähmetini öndüriji güýç hökmünde ulanmaga ýardam beripdir. Netijede aşaky gatlaga goşulýan kä bir senetçiler we söwdagärler hakykat ýüzünde birnäçe emeldarlardan has gurply bolmaklaryna getiripdir. Şeýlelik bilen ozaldan gelýän durmuş ulgamynyň düzgünleri bozlup başlaýar.

**4. B. e. öň VI-III asyrlarda Gadymy Hytaýda aňyýet (ideologiýa) göreşi.** Gadymy Hytaý filosoflaryny diňe bir tebigatyň kanunalaýyklygy gyzyklandyrman, eýsem durmuşy-syýasy we durmuşy-etniki meseleleri hem gyzyklandyrypdyr. B. e. öň VI-III asyrlarda, Gadymy Hytaýda şeýle tiz wagtyň içinde filosofiki pikirleriň ýokary galyp başlaýar. Haçanda jemgyýetiň durmuşynda, onuň gurluşynda bolýan üýtgeşikler, jemgyyet bilen adamlaryň özara gatnaşyklarynyň esasy prinsiplerini ýüze çykarmagy akyldarlardan talap etmegi ýöne ýerden bolmaandy B. e. öň VI-V asyrlarda bu meseleleri çözmekde, esasan iki sany filosofiki mekdebiň taglymatlarynda, ýagny konfusiýaçylyk bilen moistleriň arasynda uly tapawudyň bardygy anyklanylýar.

Konfusiýaýaçylyk taglymatyň ýüze çykmagy, diňe bir Gadymy Hytaý aňyýetinde dal, eysem Gündogar Aziýanyň goňşy ýurtlarynyň aňyýet taryhynyn ösmeginde uly ähmiýeti bolupdyr. Konfusiýanyň (b. e. ň Kun Sýu, 551-479 ýý.) etiko-syýasy taglymatlarynda “rehimdar-edenli adam” (o “blagarodnom çeloweke”-szýun-szy) merkezi mesele bolup durýär. Konfusiýa üçin baý gatlagyň, bähbit gözleýan, baýlyga kowalaşýanlaryň ideýasy ýatdyr. Olar garşy ol moral we borç meseleleri garşy goýup, Konfusiý geçmişiň mahabatlandyrylan tertiplerine gelmegi öňe sürýär. Gadymy filosofiň garaýyşlaryndaky esasy gapma-garşylyklar solardan hem durýar. Konfusiýa çýlyk düşünjede gummanast, (žen), ululara bolan hormat )sýau), adamlaryň özara gatnaşyklaryndaky düzgünleri berjaý etmek (li) ýaly umumy adamzada mahsus gymmatlyklary öňe sürýär. Diňe öz bähbidiňe ymtylmaly däl-de hakykata düşünmäge çalyşmagy öňe sürýär (ýönekeý nahar bilen, suw içip oňmaklyk, ýataňda kelläň aşagyna tirsegiňi goýup ýatmak bagytly bolmaklyk dälmi! diýip, ol ýazýar. Beg bolup haram ýol bilen baýlyk edinmek meň üçin buga öwrülip barýan bulutdan başga zat däl), diýip ol ýazýar. Öwrenmek, öwreneniňi bolsa mydam gaýtalap ýörmek hem bagytlylykdyr, diýip ýazsa-da Konfusiýa şol bir wagtyň özünde geşmişe ata-

babalň ýaşaýyş durmuşyna dolanyp gelmege çagyrýar.

Konfusiýa syýasy meseleleri çözende hem döwlet gurluşy bilen maşgala gatnaşygynyň gurluşynda aýratyn bir tapawut goýmaýar. Maşgala agzalalarynyň özara gatnaşygyny döwlet gurluşynda ulanmak-da hem, gelýän tertibiň üýtgewsizdigini, ýagny “hökümdar –hökümdar bolmaly, adamlar bolsa onuň raýatlary bolup galmalydyr, ata- bu atadyr, ogul - ol oguldyr, diýen düşünjeden ugur alyp, Konfusiý olaryň üýtgewsiz galmalydygy baradaky pikiri öňe sürýär.

Emma bu gapmagarşylyklar gadymy hytaý jemgyýetyň meselelerini ikinji bir hytaý akyldary Mo-szy (Mo-Di, b. e. öň V-IV asyrlaryň çatrygy) başgarak çözmäge çalyşýar. Ähli durmuşy horluklar, onuň pikiri boýunça kofusiýançylar tarapayndan wagyz edilýän düşünjäniň umumylaşdyrylmagyndan gelip çykýar diýip ol belleýär. “Häzirki wagtda, patyşalyklaryň hökümdarlary diňe öz patyşalygyna bolan söýgüni bilýärler, beýleki patyşalyklary bolsa halamaýarlar… Häzirki wagtda maşgala başy hem diňe öz maşgalasyny söýýär, beýleki maşgalalary halamaýarlar…Eger-de adamlaryň arasynda iki taraplaýyn söýgi bolmasa, onda olaryň arasynda gürrüňsyz biri-birine bolan ýygrenç ýüze çykýar”. Şonuň üçin, Mo Di Asman aşagynda hemme zatlary tertibe saljak “ählumuy söýgi” baradaky pikiri-tezisi öňe sürýär.

Mo Di jemgyýetiň ähli agzasynyň maşgala-garyndaşlyk umumylygyna garşy çykýar, ýagny ol wezipeleriň we ýeňillikleriň myras geçirilmegine düýbünden garşy çykyp ony tankyt edýär. Mo Di “akyldarlara hormat goýmagy” öňe sürüp, myrasdüşer begzadalaryň üstünden düşmegiň peýdaly boljakdygyna ynanýar, ol şonda ozalbaşdan pes derejedäki adam beýgeler we beg bolar, şeýle-de ozalbaşdan garyp adam hem beýgelip baý bolar” diýen ýörelgeden ugur alýar. Şol bir bagt-da medeniýete uly ähmiýet berýän konfusiýaçylardan tapawutlylykda, Mo Di medeniýet diňe adamyny eşik, azyk we jaý bilen üpjün etmek üçin gerek, olardan artyk adamlary

kanagatlandyrýan zatlar hökman däldir, olar diňe zyýandyr diýip ol tassyklaýar. Şonuň üçin, Mo Di adamlary maddy baýlyklary döretmekden daşlaşdyrýan, güýmeýän aýdym-sazy gadagan etmegi teklip edýär.

Moistleriň käbir taglymatlaryny b. e. öň IV-III asyr filosoflary kabul edip, “legistleriň” mekdebini döredipdirler. Eger-de konfusiýaçylar adamlaryň özara gatnaşyklaryny tertibe salýan durmuş-etniki ýagdaýlarynyň gowlanmagynda görseler, legistler onuň esasy çözgüdini kanunda görüpdirler (bu filosofok mekdebiň ady hem şondan gelip şykýar). Diňe kanun adamlary sylaglap ýa-da günäkärläp biler, diňe kanun ýurdy tertibe salyp, bulaşyklaýň öňüni almaga ukyýplydyr diýip legistler tassyklaýarlar. Legistler kanuny her bir zadyň açary-guraly hasaplap, şonuň bilen senetçi öž önümlerini öndürer. Kanun ilki bilen halky hökümdaryň häkimligine tabyn etmek üçin gerek. Kanuny ulanmagyň ahyrky maksady, hökümdaryň çäksiz käkimligini üpjün etmekdedir diýip, legistler tassyklapdyrlar. Egerde konfusiýaçylar geçmişiň arassa tertibine gelmäge çagyran bolsalat, moistler we legistler kem-kemden jemgyýetyň we döwletiň köne ulgamyny ýumurmaga çagyrypdyrlar. Daolar mekdebiniň wekilleri bu meselede aýratyn, özboluşly ýagdaýy eýeläpdirler. Bu filisofiýa mekdebini esaslandyryjy Lao-szy hasaplanýar, emma ol barada ynandyryjy maglumatlar ýeterlikli däldir. Daoizmi esaslandyryjy Lao-szy konfusiýanyň döwürdeşi bolup, ol “Dao we de baradaky traktatyň” (“Daodeszin”) awtory diýilip hasaplanylýar. Bu taglymaty eýerijiler dünýäde hemme zat haýsam bolsa, adamlaryň isleglerinden daşgary bir “ýol” (dao) hereket edýär diýip hasaplapdyrlar. Şonuň üçin, döwleti ýöretmekde ýalňyşlyk göýbermezlik hökümdaryň “hereketsiz” otranlygyny, onuň öňden kesgitlrnen taryhy wakalara erjel goşulmakdan boýun towlamagyny aňladýar diýip, daosistler pikir ýöredipdirler.

**5. Şan Ýanyň özgertmeleri.** B. e. öň IV asyrda gadymy hytaý patyşalyklarynyň köpüsinde durmuşy—syýasy özgerişler

geçirilip, olaryň esasy maksady öz möwrütini geçiren jemgyýetçilik gatnaşyklary gutarnykly ýok etmeklige garşy gönükdirilipdir. Bu özgerişleri geçirijiler legistler mekdebiniň wekilleri bolupdyrlar. Olaryň köpüsi durmuşy meseleleri çözmekde, diňe bir öz garaýyşlaryny ylmy taýdan öňe sürmek bolman çäklenmän, eýsem durmuşa geçirmegiň usullaryny işläp düzmegi, olary iş ýüzünde durmuşa geçirmäge çalyşypdyrlar. Sin patyşalygynda özgerişleri amala aşyran Şan-Ýan barada köp sanly maglumatlar ( esasan hem Syma Siýanyň "Taryhy ýazgylarynda" we Şan Ýanyňky hasaplanýan "Şanyň hökümdarynyň kitaby" traktadynda saklanypdyr. Gadymy Hytaý patyşalyklarynyň içinde Sin Hytaýyň iň günbatar sebitlerinde ýerleşip, köp wagtlap Ortahytaý düzlüginde baş patyşalyk bolmaga ymtylmadyk döwletdir. Sin ykdysay taýdan gowşak patyşalyk bolup, onuň o diýen hüýçli goşuny hem bolmandyr. Onuň hökümdary döwletiň kuwwatyny artdyrmaga getirjek, Şan Ýan tarapyndan hödürlenen özgertmeleri kabul edýär.

B. e. öň 539-njy ýylda Şan Ýan tarapyndan taýýarlanan özgeriş barda ilkinji perman çykarylýar. Onda birnäçe özgertmeleri geçirmeklik: 1) ýurduň özara baglanyşykly ilatyny "bäşlik" we "onluk" maşgalalara bölünýän täze dolandyryş ulgamy girizmegi; 2) Ene-atalary bilen bir öýde ýaşap ýören, ikiden köp uly ogullary bolan adamlara temmi bermegi; 3) Gan almaklygy gadan etmegi we harby gullukda bitiren hyzmatlary üçin ýeňillikleri bermegi; 4) Ekerançylyk we dokmaçylyk bilen meşgullanýanlara hemaýat bermegi; 5) Harby gullukda hiç hili hyzmaty bolmadyk myrasdüşer begleri, berilýän ýeňilliklerden kesmeklik göz öňünde tutulýar.

Siniň ikinji bir özgertmeleri b. e. öň 350-nji ýyla degişlidir. Bu döwürde Şan-Ýanyň Sin döwletinde adminisratiw böleklere-welaýatlara bölmeklik özgertmesi geçirilýär; Özgertmä görä, Sin patyşalygynyň ýaşaýjylaryna ýeri erkin satmaga we satyn almaga ygtyýar berilýär; şeýle-de ýurtda ýeke-täk bir ölçeg we ýeke-täk agram birligi girizilýär.

Ýeri satmak we satyn almaklyga ygtyýar berilmegi, myrasdüşer beglere berilýän ýeňillikleriň ýatyrylmagy, uly maşgalalaryň zorluk bilen bölünmegi, dolandyryş ulgamynda ýurdy welaýatlara bölmeklik- bu gecirilen özgertmeleriň hemmesi aňyrdan gelýän köne sosial-durmuşy basgançaga-ierarhiýa aýgytly urgy boldy. Bularyň ýerine Şan Ýan rang ulgamyny girizýär, onda myrasdüşer beglere myras hukugy esasynda dereje berilmän, eýsem döwletiň öňünde harby gullugykda bitiren işleri üçin dereje-rang bermeklik girizilýär. Soňra, wagtyň geçmegi bilen rang-derejäni pula almaklyk girizilýär.

Şan Ýan bu özgertmeleri üçin başyny gurban eden hem bolsa onuň özgertmeleri durmuşa geçirilipdir. Bu özgertmeler Sin patyşalygynyň diňe bir kuwwatlamagyna, Gadymy Hytaý döwletleriniň içinde öňde baryjy döwlete öwrülmegine ýardam etmän, eýsem bütin gadymyhytaý jemgyýetiniň ösmeginde hem uly ähmiýete eýe bolýar.

Şan Ýanyň özgertmeleri jemgyýetiň islegini, onuň yzygiderli ösüşini kanagatlandyrdy. Ol gutarnykly köneden gelýän myrasdüşer begleriň kuwwatyny gaçyryp, olara uly zarba urdy. Mundan beýläk baýlyga eýe bolan jemgyýetiň islendik agzasy, jemgyýetde döwlet wezipelerine ýetmäge mümkincilik aldy. B. e. öň IV asyryň özgertmeleri hususy eýeçiligiň we haryt-pul gatbnaşyklarynyň mundan beýläk ösmegine hem uly badalga berdi. Obahojalygynda esasy köpçüligi ekerançylar eýeläp, olar hem bu özgertmelerden soň ownuk ýer eýelerine öwrüldiler. Şol bir wagtyň özünde Şan Ýanyň özgertmeleri gulçulygyň ösmegine hem ýardam berdi.

# IV. Tema: Hydaýda ilkinji merkezleşdirilen döwlet - Sin imperiýasy ( b. e. öň 221-207 ýý ).

**1. Gadymy Hytaý patyşalyklarynyň birleşmeginiň sebäpleri. Ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi.** B. e. öň IV asyrda kem-kemden bütewi gadymy hytaý döwletiniň döremegi üçin syýasy-ykdysady mümkinçilikler emele gelip başlaýar. Ýurduň içindäki agzalalyklary ýeňip geçip, gadymy hytaý dowletini döretmegiň we bir hökümdaryň golastyna birleşmekligiň zerurlygy ýüze çykýar.

Gadymy hytaýda haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, aýry-aýry patyşalyklaryň arasynda hojalyk baglanyşyklarynyň ýola goýulmagy patyşalyklaryň biirleşmekleri üçin ilkinji mümkinçilikleri döredipdir.

B. e. öň IV-III asyrlarda hususy eýeçiligiň we haryt hojalyklarynyň ösüşüni aňladýan metaldan teňňeler giňden ýaýrap başlaýar. Şunuň bilen birlik-de serhetleri käbir patyşalyklar bilen çäkleşmedik birnäçe has uly sebitlerde özakymyna teňňeleri zikgelemeklik ýüze çykyp başlaýar. Mysal üçin, gündogar patyşalyklarda teňňeler pyçak görnüşinde ýaýrap başlan bolsa, demirgazyk sebitlerde zastupa görnüşinde ýüze çykýar. Emma gümrükhanalaryň bolmagy aýry-aýry patyşalyklaryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň ösmegini bökdäpdir.

Syýasy dagynyklygy ýeňip geçmekligiň esasy sebäpleriniň biri-de gadymy hytaýlylaryň etniki birleşmeleri bolupdyr. Netijede b. e. öň VII-VI aasyrlarda Ortahytaý düzlügunde ornaşan “warwar”-“wagşy” taýpalaryň ýerli halklar bilen goşuluşmaklary huasýa taýpalarynyň pikirlenmeklerine getirip, olaryň eýeläp otran ýerleri Asman astynyň merkeszinde ýerleşýändigine göz ýetirmekligine getirýär. Şeýle pikir

ýöretmeklik gadymyýetde köp halklarda giňden ýaýrapdyr; Gadymy Hytaýda bu pikir daşynda dünýäniň dört küňjeginiň "wagşylary" ýaşaýan "Orta patyşalyk" baradaky garaýyşyň-konsepsiýanyň ýüze çykmagyna getirýär. Çžango döwrüň başynda  Çu, Sin, Ýan ýaly patysalyklar heniz "Ortalyk" patyşalyklara goşulmandyrlar. Emma gadymy hytaýlylaryň etniki birleşmesiniň güýçlenmegi, olaryň medeniýetinde hem umumylygyň emele gelmegine getirip, Gasdymy Hytaýyň esasy patyşalyklaryna ýaýrapdyr. Şeýlelikde bolsa, köp sanly şiwe dilleriniň saklanmagyna garamazdan, gadymy hytaý edebi dili emele gelýär.

Gadymy hytaý patyşalyklarynyň birleşmegi şol döwriň siyýasy ýagdaý esasynda taýýar bolýar. Patyşalyklaryň duşman patysalyklary ýok etmäge bolan meýilleri mundan beýläk garaşsyz patyşalyklaryň azalyp, basga patyşalyklaryň düzümine goşulmaklaryna getiripdir. Öz goňşusynyň garşysyna göreşde goşmaça güýç edinmek üçin, ýurdy birleşdirmekde baş bolmaga synanyşýan hökümdarlaryň köpüsi, uzakda ýerleşýän patyşalyklary özlerine ýaran edinmäge çalyşypdyrlar. Şeýlelikde "ýokardan aşak" Çžao we Çu harby bileleşigi hem-de "keseligine" Sin we Si bileleşigi emele gelýär. B .e. öň 288-nji ýylda gelnen ylalaşyga görä, Sin we Si hökümdarlary Hytaýy özaralarynda paýlaşyp, duşmandan üstün çykylandan soň Sin hökümdary "Günbataryň imperatory" Si bolsa "Gündogaryň imperatoty" derejeleri kabul etmeli edilýär.

Birnäçe wagtlap Çu patyşalygyna üstünlikler ýaran bolýar. Çu birnäçe ownuk  we orta patyşalyklary (Ýue, Ju we beýlekileri) derbi-dagyn edip, öz ýerlerini ep-esli giňeldýär. B. e. öň 246-njy ýylda Sin patyşalygynyň tagtyna on üç ýaşly In Çžen geçýär. B. e. öň 238-nji ýylda ol dildüwüşikleriň hemmesini basyp ýatrýar we öz häkimligini berkidýär. Tiz wagtdan soň In Çžen öz goňşularynyň garşysyna aýgytly harby herekede başlaýar. B. e. öň 230-njy ýylda Sin patyşalygy Han patyşalygyny ýeňilişe sezewar edip, onuň ähli ýerlerini basyp alýar. B. e. öň 228-221-nji ýyllarda bolsa, beýleki patyşalyklar

( Çžao, Weý, Çu, Si, Ýan.) hem derbi-dagyn edilýär. B. e. öň 221-nji ýyla çenli ýurdy birleşdirmeklik doly tamamlanýar.

**2.Merkezleşdirilen döwletiň emele gelmegi. Sin imperiýasy.** In Čžen "Ilkinji imperator Sin Şihuan" derejesini kabul edip, Sin nesilşalygyny esaslandyrýar. Hem-de dabaraly ýagdaýda "Biziň nesillerimiz özlerini yzygiderli tagt myrasdüşeri-Erşi ("Ikinji"), Sanşi ("Üçünji"), tä on müňlerçe nesiller tükenüksiz dowam etdirerler" diýip yglan edýär. Emma Sin Şihuana bu arzuwna ýetmek miýesser bolmaýar: onuň döreden imperiýasy bary ýogy 14 ýyl ýaşap, halk gozgalaňynyň netijesinde ýykylýar. Muňa garamazdan on onbäş ýyl ýaşan Sin imperiýasy Hytaý taryhynda uly bir eýýamy tutýar. Sebäbi şol döwürde döredilen merkezleşdirilen despotik döwlet, soňraky Hytaýyň gadymy we orta asyr imperatorlyk döwletleriniň esaslary bolup hyzmat edipdir. Alty sany patyşalygy derbi-dagyn edip ýurdyň ýerlerini birleşdirmeklik bütewi döwletiň döredilmeginiň diňe ilkinji ädimi bolýar. Sin Şihuanyň bu ugurda geçiren çäreleri ilki bilen ýurdyň syýasy we ykdysady dagynyklygynyň soňuna çykmaklyga gönükdirilipdi, şonuň üçin bu çärelerin Hytaý taryhynda tutýan orny uly bolupdy. Ilki bilen ýurt 36 sany iri welaýatlara bölnüp, olar öňki geografiki ýerleşişine gabat gelmez ýaly, ýagny öňki patyşalyklaryň çäkleri bilen birleşmez ýaly geçirlipdi. Her welaýat etraplara, öz gezeginde olar hem jemagatlardan durýan obalara bölünýärdiler. Welaýatlaryň başynda imperatorlar tarapyndan bellenilýän häkimler oturýardylar. Her bir ýerli häkimleriň ýanynda welaýat dolandyryş edarasy bolup, oňa merkezi dolandyryş ulgamyna tabyn edilen emeldarlar girýärdi.Welaýatlarda ikinji derejeli adam goşun serkerdesi bolup, onuň esgerleri welaýatyň ýerlerinde ýerleşdiripdir. Harby serkedäniň iş haky hem welaýat häkiminiň iş haky ýaly bolup, onuň ýokary derejesini görkezýärdi. Welaýat häkimleri etrap häkimlerini we olaryň orunbaşarlaryny belläpdirler.

Döwletiň aşaky dolandyryş ulgamynyň häkimligi, saýlawly ýaşulular gňeşine degişli bolupdyr. Şeýlelik bilen, Sin imperiýasynda dolandyryş ulgamy şu derejede bolup, jemagat dolandyryş ulgamy hem saklanypdyr.

Nesilşalygyň doly hukukly hökümdary imperator bolupdyr. Diňe imperator iň ýokary derejede özüni “Biz” diýip atlandyryp bilipdir.

Imperatoryň ähli permanlarynyň amala aşyrylmagyna gönüden-göni jogap berýän iki sany maslahatçylary bolupdyr. Maslahatçylara merkezi dolandyryş edaralary tabyn edilipdir.

Harby ulgama imperiýanyň ähli goşunynyň serkerde başysy ýolbaşçylyk edipdir. Oňa welaýat harby edaralarynyň serkerdeleri tabyn edilipdir. Şeýle-de merkezi döwlet dolandyryş ulgamynda kazyýet we malyýa edaralary bolupdyr. Merkezi döwlet edarasynda iperatora we onuň maşgalasyna hyzmat edýän ýörüte edara işläpdir.

Aýratyn edaralaryň emeldarlary döwlet arhieiniň saklanylyşyna gözegçilik edipdir, şeýle-de welaýatlaryň üstünde gözegçilik edilipdir. Şolaryň üsti bilen imperator ýerli dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň öz işlerini nä derejede ýerine ýetrişlerine gözegçilik edip bilipdir.

Döwlet dolandyryş ulgamynda özgerişleri geçirmek bilen Sin Şihuan döwleti berkitmek üçin başga-da birnäçei çäreleri geçirýär. Olaryň içinde ýurt boýunça bir kanunyň girizilmegidir. Sin döwrunyň ugolownogo kanunlarynyň esasynda (günäkäriň geljekde tertip-düzgüni bozmajaklygyna biri jogap bermeli bolupdyr- poruçitelstwo) düzgüni ýatypdyr. Bu kanun ilkinji gezek heniz Şan Ýan tarapyndan amala aşyrylypdyr. Emma Sin imperiýasynda poruçitelstwa wezipesi “bäşlige-de” ýa-da “onluga-da” ýüklenmän eýsem maşgala agzalarynyň üstüne ýüklenipdir: “Egerde maşgalanyň bir agzasy pristupleniýe –bozgakçylyk etse, onda bütin maşgala günäkärlige çekilýär”. Şeýlelikde Sin imperiýasynda garyndaşlaryň biriniň günäsi üçin bütin bir maşgala döwlet gulçulygyna öwrülmeli bolupdyr. Ynanmaklyk (Poruçitelstwo)

bolsa diňe garamaýak adamlara degişli bolupdyr. Adamlary günäsi üçin jezalandymaklyk baradaky düzgün bolsa Şan Ýanyň kanunlaryndan alnyp, juda elhenç jezalar ulanlypdyr. Olüm jezasynyň dürli görnüşleri ulanylypdyr: günäkäri dörde parçalamak, ikä bölmek, kellesini almak, bogup öldürmek, diriligine gömmek, gazanda gaýnatmak, endamyna temen kakmak. Olüm jezasy gylýal ogurlany üçin hem berilipdir. Bulardan başga-da ýeňil jezalar hem ulanylypdyr: dizçanagyny aýrmak, burnuny kesmek, biçmek, dabanynyň aşagyna urmak, şeýle hem günäkärleneni sürgün hem edip bilipdirler.

Sin Şihuan özüniň dolandyran ilkinji ýyllarynda pul, ölçeg, agram biriligi baradaky özgertmelerini geçiripdir. Ol şeýle hem hat-ýazuwda özgerişleri girizipdir. Ýeke-täk ölçeg we agram ulgamynyň girizilmegi ilki bilenilata salgyt salmak üçin gerek bolupdyr. Pul özgetmesi hem şol maksat bilen geçirilip, netijede sinlere däl pullaryň hemme görnüşleri aýlanşykdan aýrylypdyr. Sin Şihuanyň bu çäreleri ýurdyň hemme welaýatlary bilen hemişelik ykdysady gatnaşyklara bökdenç berýän ähli päsgelçilikleri ýok edipdir.

**3. Sin Şihuanyň daşary syýasaty. Sin Şihuanyň daşary syýasaty.** B. e. öň V asyryň ahyrlarynda IV asyryň başlarynda häzirki Içerki Mongoliýanyň tokaý-sähra zolagynda gadymy hytaýlylaryň sýunnyu diýip atlandyran çarwa taýpalary birleşip başlapdyrlar. Içki özgerişleri tamamlap Sin Şihuan sýunnulara garşy harby herekete başlaýar. B. e. öň 215-nji ýylda 300-müň goşun bilen sýunnulara garşy urşa başlap ol uly ýeňiş gazanýar. . Bir ýyldan soň sin goşunlaryna Huanhe derýasynyň demirgazyk kenarlarynda berkemeklik başardýar. Bu ýörüşleriň netijesinde Çžao patyşalygy tarapyndan gurulan köne diwaryň ugry bilen serhet dikeldilýär. Şondan soň Sin Şihuan çarwalaryň çozuşyndan serhediň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, Beýik diwary galdyrmak barada karar kabul edýär. Ol täze birikdirilen ýerlere ýurdyň içki etraplarynyň ýaşaýjylaryny göçürip getirýär. Beýik diwaryň boýunda 44 sany täze etraplar döredilýär. Köp ýyllardan soň, bu ýerlerik

syýahat etmäge gelen Syma Syýan Beýik diwarda bolýar. Ol garamaýak adamlar tarapyndan gurulan bu ägirt uly gurluşyga haýran galyp: “Daglary syrypdyrlar, jülgeleri gömüpdirler, göni geriş-***(trak)*** örüpdirler. Olar ýönekeý adamlaryň zähmetine gör nähili arzanjak baha beripdirler”diýp, ol ýazypdyr. Sýunnulara garşy baslanan ýörüş üstünlikli tamamlanandan soň imperator günorta-gündoar primorýa etrabynda ýaşaýan ýue taýpalaryna garşy basybalyjylykly urşa başlamagy karar edýär. B. e. öň 214-nji yylda başlanan uruş ummasyz uly gaýratlylygy we köp mukdarda harajat talap edipdir. Urşuň başynada sin goşunlary uly ýeňilşiklere sezewar bolýär.. Sin esgerler tropiki tokoýlarda gitmeli ugurlaryny kesgitläp bilmändirler, ýerli ýaşaýjylar yzyny üzmän olaryň üstüne çozupdyrlar, üç ýyl urşuň dowamynda sin esgerleri mydama howp astynda bolupdyrlar.

Sin Şihuan uruş üçin goşmaça goşun jemlemeli bolupdyr. Basybalyjylaryň goşuny ägirt uly ýitgileriň netijesindedag gerişlerinden geçipdirler we dörän ýue-Nanýue (Namwet) we Aulak döwletleriniň ýerlerini basyp alýar. Olaryň ýerlerinde täze welaýatlar döredilýär. Emma bu ýerleriň imperiýa birleşdirilmegi diňe nominalnyý (doly garaşly bolmadyk) bolupdyr

**4.B.e. öň III asyryň ahyrynda durmuşy hem syýasy gapma -garşylyklaryň ýitileşmegi we halk uruşlary.** B. e. öň 227-nji ýylda geljekgi Sin Şihuan alty patyşalygy basybalmagy meýilleşdirýän wagty onuň janyna kast edilýär, emma onuň bagt guşy uçup, ölmän galmaklyk başardýar. Ýurt birleşdirilip, üç ýyl geçenden soň, b. e. öň 218-nji yylda onuň janyna ýene-de kast edilip, ol ýene-de halas bolýar. Şihuanyň janyna b. e. öň 216-njy ýylgda hem kast edilýär. Şonuň üçin hem ol ömrüniň ahyrlarynda hem müňkür bolupdyr. B. e. öň 212-nji ýyldan başlap ol özüniň köp sanly köşkleriniň hiç birinde-de uzak bolmandyr, mydam öz bolýan ýerrini üýtgedip, hat-da köşgüň ýokary emeldarlaryna hem duýdurmandyr. Şihuan özünden närazy bolanlary rehimsizlik bilen jezalandyrypdyr, ol konfusiýaçylary ýurtda topalkaňçylygy wagyz etmekde

aýyplap, olaryň 400-ni diriligine gömdüripdir.

Goňşulary bilen alnyp barylýan uruşlar, äpet uly gurluşyklar (şol sanda köp möçberdäki imperatoryň köşkleri) gaznanyň boşamagyna we goşmaça girdejini tapmaga hökümdary mejbur edipdir. Sin Şihuanyň döwründe daýhanlara salynýan salgytlar birden artdyrylypdyr; olara ýer salgydy hasylyň 2/3 bölegine çenli artdyrylypdyr. Galyberse-de daýhan maşgalalarynyň ýetişen çagalary ulanandan soň goşunda gulluk etmäge ýa-da Beýik diwar gurluşygyna gitmeli bolupdyrlar. Şonuň üçin daýhan maşgalada ogul bolanyndan bolmanyny kem görmändir. Emma halkyň döwletiň alyp barýan syýasatynydan ýüze çykan närazylyklary, hukuklary çäklendirilen mirasdüşer emeldarlaryň, heniz geçmişdäki tertibi dikeltmekden el çekmedik wekilleri peýdalanmaga ymtylyp başlapdyrlar. B. e. öň 210-njy ýylda Sin Şihuanyň ölümi bolsa bu bişen krizisi tizleşdiripdir.

Sin imperiýasyny ilkinji sarsdyran itergileriň biri hem garyplaryň gozgalaňy bolupdyr. Çu patryşalygynyň ýaşaýjylary gozgalaňa başlap “Beýik Çu dikeldiler!” diýen şygary öňe sürüpdirler. Şäherleri yzly yzyna basyp alyp, olar sin emeldarlaryndan öç alypdyrlar. Gozgalaňçylaryň tarapyna hökümetiň goşun bölümleri hem geçip başlapdyr. Ýerli jemagat ýaşululary gozgalaňçylaryň piriniň ýolbaşçysyny patyşa saýlapdyrlar Şunuň bilen halk urşunyň birinji döwri (b.e. öň 209-208 ýý.) tamamlanýar.

Urşuň ikinji döwründe gozgalaňçylaryň sosial düzüminde hem we olaryň ýolbaşçylarynyň düzüminde hem belli bir derejede üýtgeşikler bolup geçýär. Gozgalaňcylara ýolbaşçylyk etmäge gozgalaň goşulan köne mirasdüşer emeldarlar geçip başalýar, olar öňki düzgünleri dikeltmek üçin halkyň çykyşyny peýdalanmaga çalyşýarlar. Sinlere garşy hereket edýän goşunyň bir bölegine ownuk emeldarlardan bolan Lýu Ban ýolbaşçylyk edip başlaýar B. e. öň 207-nji ýylda onuň goşuny imperiýanyň paýtagtyna-Sýanýana barýan esasy geçelgäni eýeleýär, soňra bolsa hökümet goşunyny derbi-dagyn

edip paýtagty basyp alýar.

**5. Çu we Hanyň arasyndaky göreş**. Sinlere garşy turan gozgalaň üsrünlikli tamamlanypdyr. Onuň ýerleri iri gozgalaňçy goşun bölümleriniň serdarlary tarapyndan eýelenipdir. Lýu Ban “Hanyň wany” derejäni kabul edýär, ikinji bir gozgalaňçy goşun bölüminiň ýolbaşçýsy bolsa “Çunyň wany” derejäni kabul edýär. Emma bu iki ýaranlaryň arasynda gazaply uruş başlanýar.

Ilki başlarda Sýan Ýuýyň goşuny onuň duşmanynyň goşunyndan ep-esli köp bolupdyr. Emma Lýu Ban halk köpçüligini öz tarapyna çekmek üçin, ýerli beglere we emeldarlara uly hormat goýup başlapdyr, emma ol goşunda berk tertip düzgüni girizip, halka azar berip zorluk edenleri berk jezalandyrypdyr, eden-etdiliklere ýol bermändir. Emma Lýu Banyň duşmany Sýan Ýuý onuň tersine, diňe bir ýesir düşen esgerlerden birehimlik bilen jezalandyrman, eýsem garşylyk görkezen şäherleriň ilatyny hem berk jezalandyrypdyr. Şeýlelik bilen Lýu Banyň tarapyna gozgalaňçy goşun bölümleriniň serkerdeleri geçip başlapdyrlar. B .e. öň 202-nji ýylyň ýanwarynda Lýu Ban aýgytly ýeňiş gazanýar.

Lýu Ban täze Han nesilşalygy döwletiniň dörändigini yglan edýär, özi bolsa imperator Gao- szu derejäni kabul edýär. Hytaý taryh ylmynda bu nesilşalygyň döreýişi iki hili senelenýär, birinjisi Lýu Banyň “Çuyň wanyndan” üstün çykan 202-nji ýyl bilen, ikinjisi bolsa b. e. öň 206-njy ýyl bilen senelenýär, ýagny Lýu Banyň “Hanyň wany” derejäni alan ýyly bilen senelenýär. Umuman Sin imperiýasynyň ýykylmagy bilen ýurdyň az wagtlyk dagynyk döwri tamamlanýar. Şeýlelik bilen Gadymy Hytaýyň ýerinde Han imperiýasy emele gelýär.

## V. Tema: Han Imperiýasy b. e. öň III b. e. I asyrlarynda

**1. Ilkinji han imperatorlarynyň içerki syýasaty.** Gao-szuyň yzagoýulmasyz işleriniň biri-de ýudyň ykdysadyýetini dikeltmeklik bolupdyr. Sin Şihuanyň alyp baran uruşlary, gozgalaňlar we sin häkimleriniň jeza beriji goşun bölümleriniň hereketi, ahyrynda bolsa tagt üstünde alnyp barylan bäş ýyllyk tozduryjy uruşlar, ýurdyň hojalygyna uly zyýan ýetiripdi. Suw ulgamlary weýran edilipdi, iň hasylly etraplar işlenilmän, ekin meýdanlary azalypdy. Ýüz müňlerçe ilat uruş bilen heläk bolupdy, ondan hem köp ilat bu bulaşyk ýagdaýdan sypmak üçin hojalyklaryny taşlap tokaýlara gaçyp gidipdiler. Gao-szu Sýuý şäherinden geçende geň galyp: “Welaýat bolaýşyňy! Men ýurdyň hemme ýerlinde boldym, emma diňe Loýanda köp adam gördüm!” diýip, ol ýazypdyr. Ýöne şol wagtlar Sýuýda hem bary ýogy 5 müň hojalyk bar eken, emma bu uruşlardan öň ol şäherde 50 müň hojalyk ýaşaýar eken.

Bu ýagdaýdan çykmagyň ýeke-täk ýoluny Gao-szu aşaky gatlaga egilşik edip, olaryň salgytlaryny ýeňletmeklikde görýär. Täze imperator özüniň ilkinji beren permanlarynda welýat merkezine özi bilen bile gelen we şu ýerlerde galmak isleýän esgerlere ýer bölüp bermegi we 12 ýyllap zähmet borçlulykdan boşatmaklygy girizýär. Zähmet borçlulykdan täze çagalary bolan maşgalalar hem boşadylypdyr. Öz şäherlerini we obalaryny taşlap giden ýaşaýjylaryň hem ýerleri we jaýlary gaýtarylyp berilipdir. Ýer salgydy hemhas azaldylypdyr, indi adamlar hasylyň 1/15-den bir bölegini bermäge borçly edilipdir. Gao-szunyň oruntutarlary döwründe hem ýer salgydy öňkisi ýaly saklanypdyr, tebigy betbagytçylyklar bolan ýagdaýynda bolsa (syl alsa) salgyt asla alynmandyr.

B. e. öň II asyryň ilkinji onýyllyklarynda esasy meseleleriň biri hem ýurdy dolandyrmaklyk meselesi bolupdyr. Gao-szu bütewi döwletiň başynda bolmagy arzuw edip, agdarylan Sin imperiýasynyň dolandyryş ulgamyny doly

girizesi gelmändir. Oňki patyşalyklaryň ýerlerinde esaslanan has uly harby serkerdeleriň ýedisine wan derejesini bripdir, olaryň iz ýany bilen Gao-szunyň egindeşleriniň 130-na hemişelik myras ýarleri berlip, olar hou diýilip atlandyrylypdyr. Şeýlelik bilen Sin imperiýasyn tarapyndan döredilen welaýatlar we etraplar imperiýanyň ýerleriniň bir böleginde dikeldilipdir. Gao-szu bir näçe ylalaşyklara gidip Sinlara garşy göreşen harby serkerdeleriň arasyndaky gapma-garşylyklary gowşadypdyr we ýurdyň bütewiliginigi saklamagy gazanypdyr. Bir tarapdan Sinler tarapyndan döredilen merkezi döwlet ulgamy dikeldilýär, ikinji tarapdan her bir myrasdar mülk eýeleriniň ýerleri bütin ýurdyň ýeriniň ýarsyna çenli eýeläp, olaryň öz ýerli dolandyryş edaralary bolupdyr. Wanlar (baş ministrden öňňesini ) ýerli emeldarlary aýryp hem belläp bilipdirler, halkdan salgyt ýygnamaga hukuklary bolupdyr, borçlaryň islendik görnüşini öz isleglerine görä girizip bilipdirler.

Gao-szu (b. e. öň 195 ý.) ölenden soň, ýurtda myrasdýşer mülklerde özbaşdaklyga ymtylmaklyk ýüze çykyp başlaýar. “Ýurtdyň ýagdaýy- aýagy çyşyp ýogynlygy kebzesiniň ýogynlygyndan geçipdir, barmaklary çişip bili ýaly bolupdyr. Olar bilen gymyldar ýaly däl, sebäbi her bir hereket çydamsyz derejede agyry döredýär.. Egerde häzir wagt ýitirilip, bejerilmese, kesel beterläp, onsoň iň ökde lukman hem oňa hiç zat edip bilmez” diýip, ýurdyň ýagdaýyny gözi bilen gören ýazypdyr.

Wanlaryň içinde U patyşalygynyň wany Lýu Bi tapawutlanypdyr. Onuň mülkinde elliden gowrak şäherler bolupdyr, ol öz pulyny zikgeläpdir, deňiz kenarynda bolsa onuň baý duz känleri bolupdyr. Lýu Bi halkyň goldawyny almak üçin öz patyşalygynda ähli salgytlary ýatyrýar. B. e. öň 154-nji ýylda beýleki mirasdüşer hökümdarlaryň altysy bilen birleşip, 200 müň goşun bilen ýurdyň paýtagtyna garşy ýörüşe başlaýar.

Emma özbaşdaklyga ymtylan “Ýedi wanlaryň toplaňy” doly ýeňilmekleri bilen tamamlanýar. Han imperatory amatly mümkinçilikden peýdalanyp, patyşalyklaryň hökümdarlaryny

ýerlerde emeldarlary bellemeklik we goşun edinmeklik hukuklaryndan kesýär. Emma döwletiň do;andyryş ulgamyny merkezleşdirmekligi, ondaki  iki ulgamy ýatyrmaklyk U-diniň (b. e. öň 140- 87ýý.) dolandyran döwründe amala aşyrylýar. Bu döwür Han ipmperiýasynyň gülläp ösen döwri bolupdyr.

**2. “U-diniň Altyn asyry”.** Myrasdüşer emeldarlaryň meselesini gutarnykly çözmek üçin, U-di wanlary we houlary bellemekligiň täze düzgünini girizýär. Mundan beýläk miras mülki maşgalanyň uly ogluna bermeklik ýatyrlýar, ony ogullaryň hemmesiniň arasynda paýlamaklyk girizilýär. Bu bolsa özüniň oňyn netijelerini beripdir. Indi myras ýerleriniň möçberi has kiçelip, wanlar öňki uly häkimlik mümkinçiliklerinden kesilipdiler. Şonuň üçin olaryň owunjak patyşalyklarnyň saklanyp galmagy imperiýa üçun hiç hili howp salanakdy.

U-di bir wagtyň özünde döwlet dolandyryş ulgamyny merkezleşdirýän birnäçe özgerişleri hem geçirýär. Ol Sin Şihuan döwründe girizilen we Hanlaryň dolandyran ýyllarynyňň başynda ýatyrlan edaralaryň işlerine  gözegçilik edýän ulgamy dikeldýär. Olaryň esasy wezipesi welaýat emeldarlarynyň üstünden gözegçilik etmekden ybaratdy. Emma wezipelere ýolbaşçy bellemeklik ulgamynda ep-esli täzelikler girizilmeli bolýar. Welaýat hökümdarlarynyň wezıpesine ýerli edaralara emeldarlary bellemek üçin, ýerli häkimler has ukyýply adamlary yzygiderli hödürläp durmaly bolupdyrlar.

U-di paýtagtda ýörüte döwlet dolandyryş edaralaryň işgärlerini taýýarlaýan akademiýa döredilýär. Ozgertmeler döwletiň iň ýokary wezipede işleýän işgärleriň wezipelerine hem degipdir. Birinji maslahatçynyň hukugy çäklendirilipdir. Imperatoryň täzeden dikeldilen gözegçilik ulgamy hut U-diýiň özüne, ýerdäki ýagdaýlara we döwlet edaralarynyň beýleki şahalaryna gözegçilik etmäge doly mümkinçilik beripdir.

U-di tarapyndan geçirilen çäreler imperiýada häkimligiň merkezleşmegine getirmegi, döwletiň ideologiýasyny işläp düzmek üçin hem laýyk bolupdyr. Bu öne ädilen ädimi

konfusiýa mekdebiniň görnükli wekili bolan Dun-Çzun-şu şeýle häsiýetlendiripdir: “Häzirki wagtda alymlar dürli-dürli wagyz işlerini geçirýärler, emma adamlar olaryň taglymatyna dürli-düli düşünýärler. Ýüz cany akyldarlaryň ylmy usullary hem bir meňzeş däl, olaryň taglymat baradaky pikirleri hem meňzeş däl, imperatorda hem bütewiligi gollar ýaly hiç zat ýok… Konfusiýanyň taglymatynda beýan edilen “alty sungatyna” gabat gelmeýän her bir taglymat ortadan aýrylmalydyr. Garşy gidýän her bir pikir hem ýok edilmelidir. Diňe şondan soň dolandyryş ulgamy bütewi bolup, kanunlar düşnükli bolar, halk bolsa onsaň nämä etmeli, nämeleri etmeli däldigine düşüner”.

Konfusiýaçylaryň taglymatyny döwlet ideologiýasy hökmünde kabul edilmegi, ilkinji han imperratorlarynyň syýasatyndan el çekmekligi aňladýardy. Emma Han döwrüniň konfusiýaçylary hem bu taglymaty esaslandyryjynyň döwründen has tapawutlanypdyr. Du-Çžun-şu we onyň tarapdarlary legizm akymynyň kä bir düzgünlerini, ilki bilen hem olaryň döwleti dolandyrmakda kanunlaryň ähmiýeti baradaki düzgünini kabul edipdirler. Muňa garamazdan imperiýanyň içerki we daşarky syýasaty meselesinde, konfusiýaçylar bilen legistleriň dünýä garaýyşlary öňküsi ýaly tapawutlanypdyr. Konfusiýaçylar U-dini başga ýerleri pasyp almak syýasatyndan saklamaga çalyşypdyrlar. “Wagşylar” hiç haçan hakyky tabyn raýatlar bolup bilmezler, olaryň ýerleri bolsa özleşdirmek üçin ýaramsyzdyr diýip, olar düşündirmäge çalyşpdyrlar. Emma konfusiýaçylaryň bu pikirleri imperatory yryp bilmändir. Şondan soň ýürduň içinde parahatlygy gazanyp, U-di mundan beýläk nazaryny öz döwletiniň daşyndaky ýerlere dikipdir.

**3.Merkezi Aziýanyň çarwalary we sýunnularyň döwletiniň döremegi.** B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda gadymy hytaýlylaryň etniki ýerleriniň demirgazygyndaky sähra zolagynda, Huanhe derýasynyň boýunda “hunnular” ýa-da “sýunnular” diýilýän taýpalarda etniki bütewilik emele gelýär.

Sýunnularyň hojalyk ýaşaýyşynyň esasynda çarwa maldarçylyk bolup, olaryň medeniýetiniň we ýaşýşynyň aýratynlygyny kesgitläpdir. Bu ýaşäýyş örän giň ýerlere öz mallary bilen göçüp-gonup ýören, sýunnularyň özboluşly maddy medeniýetiniň ýüze çykmagyna getiripdir. B. e. öň I müňýyllygyň ortalaryna çenli gadymy hytaýlylara düýbünden ýat bolan, sýunnularyň eşiklerindäki üýtgeşikleriň biri-de at mineňde zerur gerek bolan balak (häzirki türkmenleriň gyýma balagy şekilinde), özüniň özboluşlylygy bilen tapawutlanypdyr. Şýunnularyň ýaşaýan jaýlary sökülýän öýler (gara öýler) mallaryň ýüňünden edilen keçeler bilen örtülipdir. Olaryň iýmitleri bolsa esasan gaýnadylýan et we turşy süýt (düýe çaly) boupdyr. Jemgyýetde deňsizligiň ösüpbaşlamagy bilen we çarwa bbaýlarynyň ýüze çykmagy, sýunnularda ozlerinde öndürilmeýän käbir zarlara işlegler artyp başlaýar. Bu ýagdaý çarwa sýunnularyň Huanhe derýasynyň ekerançy ilaty bilen alyş-çalyş etmeklerine getiripdir. Kä halatlarda bu alyş-çalyşlar parahatçylykly häsiýetde bolan bolsa-da, köplenç talaňçylykly we harby çozuş häsiýetinde bolupdyr.

B. e. öň III asyrda sýunnu birleşigi emele gelip, ol ýönekeý döwlet görnüşine eýe bolup başlaýar. Onuň başynda hökümdar-şaýuý otrup, şol wagta çenli onuň häkimli nesilden nesle geçip başlapdyr. Şanýuýa belli bir ýerlere eýeçilik edýän begleriň 24 tabyn bolupdyrlar. Sanýuýlarda borçlulyk bolap, her bir erkek adam hökman harby gullugy geçirmeli ekenler. Şanýuýuň goşuny diňe atly goşundan ybarat düzülip, hytaýlylaryň agyr ýaraglanan piýada goşunyndan köp tarapdan artykmaç bolupdyr. Sýunnular açyk hem aýgytly söweşleri geçirmändirler, duşmana garaşylmadyk ýerden zarba urup, tizlik bilen ýesyrleri we beýleki düşen zatlary alyp duşmandan gizlenip bilipdirler.

Hanlarda patyşalygyň döremegi, sýunnularda gadymy hytaý imperiýasynyň garşysyna durup biljek, uly hem güýçli çarwa taýpalarynyň döwletini esaslandyran Maodunyň şanýunlyga geçmegi bilen gabat gelipdir. B. e. öň 200-nji ýylda

Gao-szu sýunnularyň üstüne çozmaga synanşyk edýär, emma ol gabawa düşüp, zordan ýesir düşmän halas bolýar. Han imperatorlary özlerini peseldýän “ýaran we garyndaşlyk” ylalaşygyny baglaşmaga mejbur bolýarlar. Olar Sýunnulara köp möçberde töleg töläp, hytaýýň atly begzadalarynyň gyzlaryny şanýuýa aýallyga berip çarwalaryň çapawulçylygyndan halas bolupdyrlar.

**4. B. e. öň II-I asyrlarda Han imperiýasynyň daşary syýasaty.** Öz häkimligini berkidip U-di bu ýagdaýdan gutarnykly dynmagy meýilleşdirýär. Ol ýörüte atly gosun bölümleni döredip, ol sýunnulara garşy göreşde esasy güýje öwrülýär. Çarwalara garşy hytaýlylar sýunnularyň duýdansyz çozuş tälimlerini ulanypdyrlar. B. e. öň 127-119-njy ýyllardaky harby çaknyşyklar han goşunlaryna ilkinji ýeňişleri gretripdir.

Harby serhet welaýatlaryny esasy daýanç ýerleri hökmünde ulanyp, U-di sýunnulara garşy aýgytly herekete başlaýar. Şeýlelik bilen uruş häsiýeti kem-kemden üýtgeýär: ilki başda goranyşa geçmeklik, soňra Hanlar üçin täze-täze ýerleri basyp almagyň serişdesine öwrülýär.

Sýunnulara garşy harby ýörüşleriň başlanmagy, Hanyň ilkinji “Günbatar çetleriň” (şol wagtlar häzirki Sinszýan we Orta Aziýa şeýle atlandyrylypdyr) ýurtlary bilen ilkinji gatnaşygy, duşuşmasy bolup geçýär.

Sýunnular bilen uruşmaga taýýarlanyp U-di b. e. öň 139-njy ýylda öz ilçisi Çžan-Sýanýany, sýunnular tarapyndan derbi-dagyn edlen we günbatara süýşen massagetleri tapmagy tabşyrýar. Çžan Sýan 13 ýyldan soň, özüne tabşyrylan işi ýerine ýetirmän ýurdüna dolanyp gelýär. Emma onuň sýýahatynyň ähmiýeti uly bolýar. Çžan Sýanyň üsti bilen gadymy hytaýlylar şol wagta çenli näbelli bolan ýurtlar: Baktriýa, Parfiýa Fergana we Orta Aziýanyň beýleki döwletlweri barada zerur maglumatlary alýarlar. Çžan Sýanyanyň iknji syýahaty döwründe Han imperiýasy şol döwletleriň köpüsi bilen diplomatyk gatnaşyklary ýola goýýar. Bu gatnaşyklaryň diňe bir syýasy taýdan ähmiýeti ýokary

bolman, eýsem halklaryň medeniýetde ýeten üstünlikleri bilen tanyşmagy üçin hem ähmiýet uly boldy. Şu döwürden başlap Hytaýa öň näbelli bolan obahojalyk ekinleri (üzüm, bakça, ýorunja tohumlary), saz gurallary, hojalyk gurallary ertilip başlanýar. Gijiräk, "Günbatar çetiň" üsti bilen Hytaýa Hindistandan buddizm dini hem aralaşýar.

Han imperatory U-di günorta-gündogar deňiz kenarynda ýaşaýan Yue taýpalarynyňň arasyndaky oňuşsyzlyklary peýdlanyp U-di b. e. 111-nji ýylda olara garşy öz goşunlaryny sürýär. Hanlara ýeňiş gazanmaklyk başardýar we olaryň ýerleriniň köp bölegi basylyp alynýar.

Hanlaryň günbatarda ýeriniň giňemeginiň esasy sebäbi bolsa, Hindistana ýol açmak bilen bagly bolupdyr Çžan Sýan "Gübatar sebidine" geçiren syýahaty döwründe bu uly hem baý döwletiň bardygyny bilýär. Täjirleriň beren gürrüňlerinden ol Hindi döwletiniň "günorta-günbatar wagşylar" bilen goňşy bolup ýerleşýändigi netije çykarýar. Şeýdip, gadymy hytaýlylar häzirki Ýunnanyň we günorta Syçuanyň köp bölegini eýeläp otran taýpalary atlandyrypdyrlar. B. e. öň IV-III asyrlarda bu ýerlerde birnäçe uly taýpa birleşmeleri döreýär. Olaryň içinde iň irki döwlet birleşmesi bolan Dýan beýlekilere görä thas ähmiýetlisi bolupdyr. B. e. ň 130-njy we 111-nji ýylda U-di iki gezek günorta günbatar wagşylara" garşy ýörüş etmäge synanýar. Hindistana ýol tapylmadyk hem bolsa, Han imperiýasyna uly ýerler birleşdirilýär.

Hanlaryň harby ýörüşleri geçiren ýene bir ýurdy, ol hem U-diniň döwründe Koreýa ýarymadasyna geçirilen ýörüşlerdir. B. e. öň 109-njy ýylda Han Çoson döwletine iki tarapdan zarba urýar: goşunlaryň bir bölegi Lýaodunyň üsti bilen, ikinjisi bolsa Bohaý aýlagynyň üsti bilen geçirilipdir. Basylyp alnan ýerlerde hanwelaýatlary döredilýär.

B. e. öň II ayryňň ikinji ýarymynda Han döwleti öz serhetlerini ep-esli giňeldýär. Şeýlelik bilen, Han imperiýasy Parfiýa we Rim bilen bir hatarda gadymy dünýäniň iň güýçli döwletleriniň birine öwrülýär.

***Imperiýada krizisiň başlanmagy.*** Goňşular bilen, esasan hem sýunnular bilen uzak wagtlap alnyp barylan uruşlar, ýurdyň ykdysady ýagdaýyna düýpli täsirini ýetirýär. Goşunyň üstüni yzygiderli dolup durmaklyk, jemgyýetiň önümçilik ulgamynda, esasan hem ekerançylykda işleýän adamlaryň üňsüni önümçülikden daşlaşdyrýar. Imperatoryň gaznasynyň üstüni b. e. öň II asyryň ahyryna çenli dolup duran hem bolsa, indi urşa çykýan harajatyň üstüni dolup bilmän başlapdy.

Goşmaça girdeji çeşmesini döretmek üçin, U-di b. e. öň 120-nji ýylda duzy gazyp almaklygy we demir önümlerini öndürmekligi döwlete bermekligi, döwletiň öz üstüne ýüklenmegi (monopoliýasy) girizilýär. Duz galla bilen bir hatarda jemgyýetiň giň köpçüligi tarapyndan köp harç edilýän zerur önüm hasaplanypdyr; Şonuň ýaly ekerançylykda demir gurallaryň giňden ulanyp başlanmagy, demire bolan islegiň artmagyna getiripdir. Şonuň üçin duz känleri we metal kärhanalary ep-esli girdeji beripdir. Döwlet monopoliýasynyň girizilmegi bilen imperiýanyň köp welaýatlarynda bu kärhanalary baý täjyirlere we senetçilere berýän ýörüte ederalar döredilipdir. Çig mallary gazyp almak üçin onuň ähli çykgajylaryny potratçy (otkupşyk) öz üstüne alypdyr, döwlet bolsa olary gerek bolan gurallar bilen üpjün edipdir we taýýar edilen önümleri berk goýulannyrhdan satyn almaga borçly edilipdir. Bu monopoliýa döwletiň gaznasyna, ep-esli girdeji beripdir, emma demir önümleriniň görnüşlerine we hiline zyýan edipdir. Şol sebäpli döwlet monopoliýasynyň girizilenden soň, köp sanly döwlet işgärleri onuň garşysyna çykypdyrlar. B. e. öň 81-nji ýylda bu mesele merkezi häkimlikde esasy jedeliň birine öwrülipdir, netijede önümçülige, şol sanda b. e. öň 98-nji ýylda wino bolan monopoliýa ýatyrylýar.

U-diniň dolandyran ilkinji on ýyllyklaryň içinde geçiren syýasatlarynyň biri-de, täze basylyp alnan ýerlerde harby otrumly obalaryň döredilmegi bolupdyr. Esgerler serhetlerde gulluk edýän wagtynda ekerançylyk bilen meşgul bolup,

özlerini azyk bilen üpjün etmeli bolupdyrlar. Şeýle otrumly obalaryň(Szýuýýanýanyň ýakynynda, Edzineýgol derýassynyň boýunda) geçirilen gazuw-barlag işleri wagtynda tapylan ýazgylarda, esgerleriň başyna düşen kynçylyklar barada maglumatlar berilýär. “Bu ýerleriň howasy juda yssy, dumly-daşymyz çägelik, gyşyna bolsa gatyi sowuk” diýip, olaryňň biri ýazypdyr.

B. e. öň 89 – njy ýylda ýurduň uzak günbatarynda täze harby obalary döretmek meselesine garalypdyr. Bu mesele boýunça U-diniň çap eden permanlarynda, onuň ýarym asyrlap geçiren işleriniň netijesi berilipdir. Ol harby obalary döretmeklik barada hödürlenen teklibi gaýtaryp, U-di özüniň basybalyjylykly syýasatynyň hiç hili netije bermändigini, onuň diňe döwleti ýadatdandygyny boýun alypdyr. Şonuň üçin, U-di döwlete “dinç bermekligiň” zerdygyny belläp, mundan beýläk sýunnulara garşy harby hereketleri etmejekdigini we “öňki hereketleri üçin hem çüňňur gynanýandygyny” belläpdir. Şeýlelik bilen Han imperiýasy züniň syýasy we ykdysady ösüşiniň çür depesine ýetip b. e. öň I müňýyllygyň ikinji ýarymynda , ýene-de cüňňur krizise düşýär. Öz döwrüniň syýasy we ykdsady ýagdaýyna baha beren Syma Sýan U-diniň dolandyran ilkinji ýyllarynda “paýtagtyň we ýerleriň ammarlary galladan dolydy”, emma ol özüşiň yza gaýtaryp bolmajak pese düşmeklik döwrüne aýak basypdy. “Ýurdyň yzygiderli uruşlardan bizary-peti çykypdy, adamlary bialaçlyk gurşap alypdy, ammarlar boşap galyp, öz çykdajylaryny üpjün edip bilenakdy”diýip ýazýar. Syma Sýan taryhy wakalaryň gýtalanýandygyndan ugur alyp: “Her bir zat öüniň ýetjek derejesine ýetenden soň pese gaçyp başlaýar, onuň üýtgemekligi bolsa ikiüçsydyr” diýip düşündirýär.

**5. Biziň eýýamymyzyň başlarynda Hytaýyň durmuş – ykdysagy gatnaşyklary.** Han jemgyýetiniň ýokary gatlagyny derejeli emeldarlar düzýärdi. Han zamanynda begzada emeldarlaryň jemi 20 sany derejeleri bolupdyr. Olaryň ondokuzynjy we ýigrimiji derejelerine eýe bolanlar, öz

bähbitleri üçin belli bir möçberdäki öýlerden salgyt ýygnamaga hukuklary bolupdyr. Dokuzynjy we has ýokary derejelere eýe bolan emeldarlar käbir ýeňilliklerden (käbir borçlardan boşadylypdyr) peýdalanypdyrlar. Beglik derejeleri imperator tarapyndan bitiren hyzmatlary üçin berilipdir, ony satyn alamaga hem ygtyýar berilipdir. (b. e. ön 18-nji ýylda soňky her bir beglik derejesi üçin 1000 teňňe bermeklik girizilipdir, ondan öň derejäniň bahasy galla bilen hasaplaşylypdyr). Iň köp sanly hem çylşyrymly gatlagyň biri-de erkin garamaýak adamlar bolupdyr. Olara ilki bilen öndüriji-ekerançylar girizilipdir, b. e. öň III-I asyrlarda olaryň içinde hem bölünişikler bolup başlapdyr, garamaýaklar şeýle-de ownuk we orta senetçiler we söwdagärler girizilipdir.

Han jemgyýetinde gullar aýratyn orny eýeläpdir. Hususy gullar bilen birlikde döwlet gullary hem blupdyr. Eger-de hususy gullaryň esasy çeşmesi bergi üçin özüni ýa-da çagalaryny gulçulyga satan garamaýak adamlar bolan bolsa, döwlet gullary etmişleri üçin ýazgarylan adamlar bolupdyrlar. Han kanunlaryna görä, günäkär üçin onuň “aýaly hem çagalary gula öwrülip”, olara tagma basylýar eken.. Guluňçagalary hem gul bolupdyr. Emma han jemgyýetinde bir sosial gatlakdan ikinji bir gatlaga aňsatlyk bilen geçip bolupdyr. Gurplanan garamaýak adam, amatly ýagdaýda beglik derejäni satyn almaga hukugy bolupdyr, şeýlelik bilen ol ýkarky gtlagyň düzümine goşulypdyr. Han döwletide imperatoryň närazylygyny döreden ýoakrky gatlagyň weilleri, ähli garyndaşlary bilen gulçulyga geçirilip bilnipdir. Gulyň hem erkinlige çykmaga mümkinçiligi bolupdyr, bu bolsa oňa baýlyk edinmäge we beglik derejesine geçmäge ýol açypdyr. Oňa mysal edip hanyň görnükli serkerdesi Weý Siny we onuň aýal doganyny alyp bolar. Olaryň ejesi gyrnak bolupdyr. Weý Sin harby edermenligi üçin beglik derejesini alypdyr; onuň aýal dogany U-diniň gyrnak öýüne düşüp, soňra patyşa aýaly bolup impratorlygy alypdyr.Weý Siniň ikinji aýal dogany serkerdäniň ejesi bolup, ol hem ýokary beglik derejesini alypdyr; onuň

üçinji aýal dogany bolsa, köşk emeldarlarynyň birine äre çykypdyr.

B. e. öň II-I asyrlarda Gadymy Hytaýda gullaryň umumy sany barada belli bir maglumat ýok, gullar barada taryhy çeşmelerde kän gürrüň berilýär. Maglumatlaryň habar bermegine görä, U-diniň döwründe baý täjiriň onlarça gullary elinden alnypdyr. Käbir baý adamlaryn ýüzlerçe gullary bolupdyr. Mysal üçin, Cžan An-şi diýen adamynyň 700 guly bolup, olary0 arkasynda uly baýlyk edinipdir.

B. e. öň I asyrda gul satmaklyk, guly satyn almaklyk giň möçberde ýaýrapdyr. “Häzirki wagtda- gul bazarlary bolup, olar mallar bilen bir agyla salynyp, ol ýerlerde gullary satypdyrlar” diýilip, çeşmede habar berilýär. Gullary satyn almak we satmaklyk ýörüte ylalaşyk baglaşylyp resmileşdirilipdir. Guly satyn alýan adam barada b. e. öňki 59-njy ýyla degişli şeýle ýazgylaryň beýany saklanyp galypdyr. Onda: “Şen-szy-ýuanyň dolandyran üçünji ýylynyň, ilkinji aýynyň on bäşi gününde Wan Szy-ýuan Szy-cžun welaýatynyň adamsy, Ançžiliniň Çendu etrabyndan, heniz onuň äri bar wagty alynan Býan-lýao guly Ýan Hoý diýen aýaldan satyn aldy. Onuň bahasy 15-müň teňňä gepleşildi. Gul aşakdaky ähli görkezilen işleri gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirmeli… Egerde gul gulak asmadyk ýagdaýynda, oňa ýüz gamçy urulmalydyr...” diýilip resmileşdirilipdir.

Bu döwürde gullaryň bahasy juda ýokary bolupdyr. Garran Býan-lýao 15 müň teňňä satyldy; ýaş gulyň bahasy hem şoňça bolupdyr. Uly ýaşly aýal gul 20 müň teňňe bolsa, uly ýaşly erkek gul 40 müň teňňä satylypdyr. (atyňň bahasy şol wagtlar 4 müň teňňä, öküzi bolsa 1,5-dan 4 müň teňňä satyn alyp bolupdyr).

Han imperiýasynda salgydyň iki görnüşi, ýagny ýer we jan salgydy bolupdyr. Han döwletiniň ilkinji ýyllarynda ýer salgydynyň aşak düşürilmegi ýurdyň ykdysadyýetini dikeltmekde ähmiýeti uly bolýar. Emma b. e. öň I asyrda ýagdaýlar üýtgeýär. Ýerleriň kem-kemden iri ýer eýeleriniň

ellerinde jemlenmegi, ýer salgydynyň pes bolmagy ilki bilen baý, iri ýer eýeleri üçin bähbitli bolupdyr. Emma, ýönekeý ekerançylaryň gerdenine düşýän jan başyna salynýan salgyt bolsa, barha ýokry galdyrylypdyr.Ýer salgydyndan aýratynlykda jan başyna salynýan salgyt däne bilen tölenmän pul bilen tölenipdir. Jan başyna salynýan salgyt imperiýaniň hem ilaty, ýagny 7 ýaşdan başlap 56-y ýaşa çenli tölemeli bolupdyrlar. Emma U-diniň dolandyran döwründe üç ýaşan çagalardan salgyt ýygnalypdyr. Ilatyň has garyp gatlagy üçin bu ýagdaý, juda çydamsyz ýagdaý bolupdyr. Garamaýak ilat diňe bir salgytlary tölemän, eýsem 20 ýasdan tä 56 ýaşa çenli harby gullugy we zähmet borçlulygy ýerine ýetirmeli bolupdyr. Emeldarlar we begler bu borçlardan boşadylypdyr, olar bu borçlardan boşamak üçin pul harajat etmek bilen boşapdyrlar. Kimiň ýeterlikli harajady bolmasa, zähmet borçlulyk olaryň hojalyklaryny weýran edipdir, ýagny dargamagyna alyp barypdyr. Ownuk ýer eýeleriniň arasynda deňsizligiň güýçlenmegi, daýhanlaryň ep-esli böleginiň ýersiz galmaklaryna getiripdir. Öz ýerlerini elden gideren daýhan, juda amatsyz ýagdaýda iri ýer eýelerinden kärendesine ýer almaga mejbur bolupdyr: Ha eýýamynda kärende tölegi hasylyň ýarsyna tutupdyr. Hakyna tutma zähmet hem barha giň ýaýrap başlapdyr. Dargan ekerançy daýhanlaryň iri ýer eýelerine gul derejesinde garaşly bolup galypdyrlar. Şol bir watyň özünde ýerleriň iri ýer eýeleriniň ellerinde jemlenmegi bolup geçipdir. Dun Çžun-şu imperator U-diýe beren hasabatynda , ol ýere hususy eýeçiligi çaklendirmegi artykmaç ýerleri ýeri az adamlara bermegi, şeýdip ýerleriň aýratyn adamlaryň elinde jemlenmeginiň öňüni almagy maslahat beripdir. Şolar ýaly teklipler soňra hem berlipdir. B. e. öňki 6-njy ýylda hususy eýeçilige we gullara çaklendirme girizmeklik teklip edilipdir. Hususy ýerleriň iň ahyrky möçberi bir adama 30 sin (1 sin = 4, 7 ga); gullaryň sany ýöňekeý adamlarda 30, emeldar beglerde 100, iň ýokarky aristokratik gatlakda bolsa 200-den geçirmezligi girizmeklik teklip edilipdir. Emma bu

maksatnama durmuşa geçirilmän galýar, sebäbi ol iň iri ýereýeleriniň garşylygyna duçar bolýar.. B. e. I asyrynyň başyna çenli iri ýereýeçiligi sosial meseleleriň biri bolmagyna galypdyr.

## VI. Tema: Gadymy Hytaý b. e. I - III asyrlarynda

**1. B. e. I asyrynda sosial gapmagarşylyklaryň ýitileşmegi we halk gozgalaňlary.** B. e. öň I asyryň ahyrlarynda ýurtda dur,uşy garşylyklar birden ýitileşýär. Han imperiýasynyň bütin döwründe ilkinji gezek käbir etraplarynda daýhanlaryň gozgalaňlary başlanypdyr. Birnäçe müne ýetýän talaňçy toparlar etrap şährerlerine çozupdyrlar, ýarag ammarlary basyp alyp,emeldar begleri öldüripdirler**.** Imperiýada içki krizisiň güýçlenmegi b ýagdaýynda imperatotyň aýal tarapdan garyndaşy Wan Man, b. e. 9-njy ýylynda tagty basyp alyp, täze nesilşalygy yglan edipdir. iz ýany bilen ol birnäçe özgertmeleri geçirýär, olaryň iň esaslarynyň biri-de ýer we gullar baradaky özgerişler bolupdyr. Ýerleriň aýratyn adamlaryň elinde toplanmagy we daýhan hojalyklarynyň daramagy netijesinde ýüze çykan gapmagarşylygy çözmek maksady bilen, Wan Man ähli ýerleri imperatoryň hususy eýeçiligi diýip yglan edýär we ýeri satmak we satyn alamk gadagan edilýär. Wan Manyň buýrugyna görä imperiýada gadymy wagtda “kolodez ýeriň” (jemagat ýerleri ýaly) bolandygy we şol ulgamyň girizilýändigi yglan edilýär. Şoňa görä, şol ýerden her bir maşgala hojalygy zerur, uly bolmadyk ýer paýyna eýeçilik etmeli diýilip görkezilipdir. Gul satmaklyk hem gadan edilýär. Imperatoryň görkezmelerine görä, adam satmak we satyn almak adam ruhyna garşy gelýär, ol Asman bilen Ýeriň girizen adatyny bozýar, adamynyň adamkärçilik derejesini masgaralaýar… Mundan beýläk gullar hususy garaşly diýilip atlandyrylýar; olary satmak gadagan edilýär”diýip görkezipdir. Emma Wan Manyň özgertmeleri öz

döwrüniň iň zerur meselelerini çözmäge gönükdirilendigine garamazdan, ilkibaşdan päsgelçiliklere duçar bolup amala aşyrylmandyr. Bu özgertmeler ýurdyň hakyky ýagdaýyny göz öňünde tutmadyk, howaýy bir zat bolup galypdyr. Şebäbi bir kanunyň kömegi bilen, gadymy hytaý jemgyýeti tarapyndan ýarymmüňýylyň dowamynda geçilen bütin ýoly ýatyryp, b. e. I asyrynda konfusiýaçylar tarapyndan mahabatlandyrylan Çžou eýýamynyň döwrüne gaýdyp gelmeklik mümkin däldi.

Özgertmeleriň başlanandan üç ýyldan soň, Wan Man güýçli garşylyk görkezen iri ýereýelerine egilşik etmäge, ýagny ýeri we gullary satmak we satyn almaklyga ygtyýaar bermäge mejbur bolýär. Emma bu egilşikler onuň yrgyllap başlan ýagdaýyny berkidip biljek däldi. Wan Manyň garşysyna emeldarlaryň eden-etdiliklerinden weýurdyň ykdysady ýagdaýynyň gowşaklygy sebäpli halk köpçüliginiň çykyşy başlanýar.

B. e. 14-nji ýylynda bolan tebigy heläkçilikler: - ilki bilen henize çenli ýurtda bolmadyk gurakçylyk, soňra galan ekinleriň hem soňuna çykan çekirtgelik imperiýanyň syýasy endigansyzlygyny has hem ýitileşdiripdir. Ýurtda açlyk başlanypdyr, ýurdyň käbir etraplarynda aç ilat köpçülikleýin bir döwüm çörek üçin ýollara çykypdyrlar. Yzly yzyna daýhan gozgalaňlary baslanypdyr.

B. e. 18-nji ýylynda Fan Çun diýen bir adam Şandunda (Taýşan welaýaty) aç daýhan toparyna baş bolup gozgalaňa başlapdyr, tiz wagtdan ol güýçlenip birnäçe uly goşun bölümlerine öwrülip, “gyzyl gaşlylar” adyny alypdyr. Fan Çun berk tertip-düzgün girizipdir, özbaşdak adam öldürýänlere ölüm jezasy girizilipdir, birini ýaralan bolsa, zeper ýeten adama töleg tölemeli bolupdyr. Şeýlelik bilen Fan Çunyň daýhanlardan ybarat uly goşuny- armiýasy birnäçe welaýatlaryň hakyky eýesi bolupdyr.

Wan Man “gyzylgaşlylaryň” gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin 22 –nji ýylda ýüzmýňlik goşuny ibermäge mejbur bolýar. . Emma aýgytly söweşleriň birinde hökümet goşuny derbi-dagyn

edilýär. Şondan soň “gyzylgaşlylaryň” goşuny Huanhe derýasynyň orta akymlaryny basyp alyp, özleriniň hereket edýän etraplaryny has hem giňeldipdirler. Şol wagtlarda ýurdyň günorta sebitlerinde halk gozgalaňynyň iknji bir ojagy ýüze çykypdyr. Gozgalaňçylar Lýuýlinşan (häzirki Hubeý welaýaty) daglarynda ornaşypdyrlar, şonuň üçin olary “Lýuýlin goşuny” diýip, ýagny “gök tokaýyň goşuny” diýip atlandyrypdyrlar. Gozgalaňçylar 23 –nji ýylda Wan Manyň gösünyndan üstün çykyp, günbatara süýşüp başlapdyr. Tiz wagtdan paýtagt basylyp alynýar, Wan Man bolsa tutulyp öldürilýär.

24-nji ýylda “gök tokaý” gozgalaňçylarynyň ýolbaşçylarynyň biri Lýu Sýuan özüni imperator diýip yglan edýär we Çanýanda ornaşýar. Şol wagtlar “gyzylgaşlylaryň” goşuny hem paýtagty eýelemek üçin süýşüp başlýar. 25-nji ýylda “gyzylgaşlylar Çanýany basyp alýarlar, Lýu Sýuan özüni helākleýär. Şol wagtlar “gök tokaylylaryň goşunynyň” serkerdesi Lýu Sýu hem goşunyny paýtagata tarap sürüpdir. “Gyzylgaşlylar” paýtagty taşlap, Şanduna dolanmaga mejbur bolupdyrlar. Ýolda olar Lýu Sýunyň adaamlary tarapyndan gabalýar we uly ýitgi çekmeli bolýar. Fan Çun we onyň egindeşleri söweşde wepat bolýar.. Şol 25-nji ýylda Lýu Sýu özüni imperator diýip yglan edýär we ýurdyň paýtagtyny gündogara, Loýana geçirýär. Şeýdip Giçki ýa-da Gündogar Han nesilşalygy emele gelýä.

**2. I - II asyrlarda Gündogar Han döwletiniň içerki syýasaty.** Daýhan gozgalaňlarynyň netijesinde häkimiýet başyna gelen hökümdarlar, iň bolmanda ilki baslarda halka egilşik etmäge, ýagny salgydy azaldyp, zähmet borçlylygy ýeňletmäge mejbur bolupdyrlar. Egilşikleriň netijesinde bolsa, döwletiň ykdysadyýetiniň esasy bolan ekerançylygyň dikeldilmegi we öndüriji güýçleriň ösmegi gazanylypdyr. Gündogar Han imperiýasynyň ilkinji imperatory Lýu Sýu öz patyşalygyny Guan U-di derejäni kabul edip, iki ýüz ýyl mundan öň Gao-szyny ýatlatýan çäreleri geçirip başlaýar.

Guan U-diniň (25-57 ýý) dolandyran döwründe köne

kanallar dikeldilip, täze kanallar çekilip başlanýar, netijede bolsa hasyllygyň artmagyna we öň özleşdirilmedik ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik berýär. Ýurdyň günortasynda henize çenli tökaýlary otlap ýer açan bolsalar, indi öküz mallara ýer agdarýan demir gurallary dakyp, ekin ekipdirler.

I – II asyrlarda ýurdyň ykdysadyýetynde bolan täzelikleriň biri hem, Ýanszy derýasynyň boýuny özgertmeklik bolupdyr. Guan U-diniň dolandyran ýyllary, gulçylygy azaltmaga gönükdirilen ençeme çäreleriň geçirilmegi bilen tapawutlanypdyr. 31-nji ýylda Guan U-di permana görä Han döwletinde özgerişleriň geçirilen döwründe, gula öwrülen adamlar erkin diýilip yglan edilýär. Şol permana görä gula öz isleglerine görä öňki hojayynda galmaga-da ýa-da gitmäge-de ygtyýar berilipdir. Eger-de gul eýesi oňa päsgel berse, onda ol “adamlary gulçylyga satmak baradaky kanun” esasyna jogapkärçilige çekilipdir. 37-nji ýylda bolsa, geçen bäş ýylyň dowamynda gulçylyga satylan gullaryň hemmesi azatlyga göýberilipdir.

Çykarylan kanunlaryň beýanlaryndan görnüşine görä, şol wagtlarda adamlary gulçylyga satmagy gadagan edýän kanun bolupdyr. Mundan başga-da Guan U-diniň döwründe öz gullaryna tagma basan gul eýeleri hem jogapkärlige çekilipdir, tagmaly gullar bolsa, boşadylyp garamaýak adamlara öwrülipdirler. 35-nji ýylda erkin adamyny ýaralan gula ölüm jezasyny bermeklik baradaky öňden gelýän kanun hem ýatyrlypdyr.

Heniz, b. e. öň II asyrda Dun Çžun-şu, gul eýelerine öz isleglerine görä gullaryny öldürmekligi gadagan edýän kanun teklip edipdi. Şol teklip biziň eýýamymyzyň 35-nji ýylynda kabul edildi diýip, Guan U-diniň kanunyny hasap edip bolar.

**3. Han imperiýasynyň daşarky syýasaty.** Gündogar nesilsalygynyň dolandyran ilkinji döwründe goňşy döwletler bilen kesilen gatnaşyklar dikeldilip, ýene-de ol gatnaşyklar kesilipdir. I asyryň başynda Sinszýanyň ýerinde ýerleşen köp döwletleriň sýunnularyň syýasy täsirine düşmegi bilen, ýurduň

ykdysadyýeti üçin uly ähmiýeti bolan “Günbatar sebitler” bilen alnyp barlan söwda gatnaşyklary hem doly diýen ýaly kesilýär.

I asyryň ortalarynda sýynnular içki gapmagarşylyklaryň ýüze çykmagy bilen ol iki bölege bölnüpdir. Günorta sýunnular Han imperiýasynyň häkimligini ykrar edipdirler, emma demirgazyk sýunnular olara erjel garşylyk görkezmegi başarypdyrlar.

73-nji ýylda demirgazyk sýunnulara uly zarba urulýar, netijede bolsa olaryňünbatar sebitiň” döwletlerine täsiri gowşadylýar. Şu döwürden hem han imperiýasynyň syýasatçylarynyň biri bolan, Ban Çaonyň “Günbatar sebitde” harby we diplomatik hereketi başlanýar. Ban Çao han imperiýasyna tabyn bolan welaýatlara häkim edilip bellenenden soň, ol Merkezi Aziýanyň uly döwletleri bilen aragatnaşyklary ýola goýýar. Ban Cao öz adamsyny ilçiler bilen Rime ugradýar.. Bu sapar netijesiz tamamlanýar. Parfiýalylar Han imperiýasy bilen Rimiň arasynda göniden-göni söwda gatnaşyklarynyň bolanyny islemän bu ilçiler Pars aýlagyndan ýüzüp gitmekligiň kyndygy bilen olary gorkuzypdyrlar.

I -_II asyrlarda Han imperiýasy Parfiýa bilen söwda we diplomatik gatnaşyklary bolupdyr. Parfiýa esasy söwda ýollaryna eýe bolup, ol Hytaýyň Günbatar ýurtlary bilen alyp barýan söwda gatnaşyklarynda aralykçy- dellalçy bolup çykyş edipdir. Parfiýanyň üsti bilen Rime hytaý harytlary, esasan hem ýüpek getirilipdir. Arşaklylaryň ýurdundan, gadymy hytaýlylar parfiýany şeýle atlandyrypdyrlar, Han imperiýasynyň paýtagty Loýana gelýän  täjirler az bolmandyr.

Demirgazyk sýunnularyň derbi-dagyn edilse-de, Han imperiýasy üçin hiç hili netije bermändir. Ýyl ýazgyçynyň sözlerine görä, “olaryň nirä gidenlikleri hem belli däl” (hakykatdan hem sýunnular I asyryň ahyrlarynda günbatar taraplara süýşüp, finn-ugor taýpalary bilen garyşyp, gunny ady bilen Ýewropa baryp ýetýärler). Şeýlelikde sýunnularyň ýerleri sýabi taýpalary tarapyndan eýelenýär.. Olar mongollaryň aňyrsy bolup,  imperiýanyň serhet ýakalaryna tozduryjy

çozuşlary geçiripdirler. II asyryň ortalarynda imperiýanyň demirgazyk welaýatlary sýanbiýleriň hökümdarynyň mülklerine goşulýar. Sýanbiler Han imperiýasynyň günbatar serhetlerine hem çozuşlary geçirip durupdyrlar.

II asyrda ýurdyň demirgazyk-günbatar çäklerinde täze bir howply duşman ýüze çykýar. Olar Sýan taýpalary bolup, ilki başlarda Huanhe derýasy bilen Kokunor kölüniň aralygynda ýaşapdyrlar, soňra bolsa gündogara süýşüp başlapdyrlar. Sýanyhan welaýatlarynyň birnäçesiniň üsüne çozup,, 140-njy ýylda Çanýanyň eteklerini otlaýaralar. Çýanlar bilen alnyp barylan uruşlar, juda agyr bolup onlarça ýyllap dowam edýär. Diňe II asyryň altmyşynjy ýyllarynda, haçanda sýanlaryň uly böleginiň imperiýanyň içki welaýatlaryna göçürilmegi netijesinde harby herketlerde düýpli öwrülişik başlanypdyr.

**4. I-II asyrlarda demografiki we etniki özgerişler.** Biziň döwrümize gelip ýeten iň irki Han imperiýasynda b. e. 2-nji ýylynda geçirilen ilat ýazuwyna görä onuň ilaty 60 milliona ýetipdir. Esasan hem ilatyň iň gür ýeri Ortahytaý düzlügi bolupyr (onuň ilatynyň gürlügi häzirki döwre ýakyn barypdyr). Şol bir wagtda Fusyzýan welaýatynda we Guýçjouyň köp böleginde gadymyhytaý ilaty asla bolmandyr, bu ýerlerde öz gadymy medeniýetini saklap gelýän ýerli taýpalar başlamazdan öň Han imperiýasynyň ýerinde öz gadymy hytaýlylary ornaşypdyrlar. Galyberse-de “Serhet welaýatlarynyň” döredilmegi bilen, täze birleşdirilen ýerlere gadymy hytaý ilatynyň ep-esli bölegi hem göçürlip getirlýär. Han imperiýanyň agalygyny ykrar edip, onuň düzümine giren ýerlerde hem serhet goşunlary ýerleşdirilen bolmasa, gadymy hytaý ilaty bu ýerlere göçürilip getirilmändir.

I asyryň başlaryna çenli ýurdyň ilaty düýpli azalan hem bolsa, onuň ilaty Gübatar Han imperiýasynyň ahyrlaryndaky derejä diňe II asyrda ýetipdir. 140-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň maglumatlary imperiýanyň demografiki gurluşynda ep-esli öňe gidişlikleriň bolandygyny görkezýär. Birinjiden, ýurdyň

demirgazyk-günbatar welaýatlaryň ilaty 6,5 milliona çenli, demirgazyk-gündogar welaýatlarynyň ilaty bolsa 11 milliona çenli azalypdyr. Şol bir wagtda Ýanszy derýasynyň boýunda ýaşaýan ilat bolsa 9 milliona çenli köpelipdir. Geçen 1,5 asyryň dowamynda gadymy hytaýlylaryň 2 milliony ýaşan Syçuanyň we Ýunaniň demirgazyk etraplarynyň ilatynyň bir welaýatdan ikinji bir welaýata göçmegi güýçlenipdir. Hunan welaýatyny Guandun bilen birleşdiýän ýerleriň gadymy hytaý ilatynyň gürlüligi hem ep-esli ýokarlanypdyr.

Imperiýanyň günorta welaýatlarynda gadymy hytaýlylaryň sanynyň köpelmegi, olaryň ýerli ilata medeni täsiriniň güýçlenmegi bilen amala aşypdyr. Şol bir wagtyň özünde gadymy hytaýlylar hem ýerli ilatyň medeniýetiniň käbir taraplaryny kabul edipdirler.

Emma imperiýanyň demirgazyk etraplarynda ýagdaýlar başgarak bolupdyr. Gündogar Han hökümdarlary öz demirgazyk goňşylary bolan çarwa taýpalara garşy, ýagny han häkimligini ykrar eden käbir toparlara garşy serhet ýakalaryna göçürmeklik syýasaty ulanylypdyr.

Günorta sýunnular Han häkimligini ykrar edenlerinden soň, daşardan çozuş bolanda serhedi goramak maksady bilen olaryň uly toparyny serhet welaýatlaryna göçüripdirler. II asyrda bolsa sýunnylar bu welaýatlaryň esasy köpçüligini düzüpdirler.

Sýunnylaryň we Sýanlaryň ilatynyň köpelmegi imperiýanyň demirgazyk welaýatlarynyň ilatynyň “wagşylaşmagynyň” başy bolupdyr. III asyryň ahyrlarynda, hat-da öňki 1 million ilatly paýtagt şäheri bolan Çanýanyň töwereklerinde ilatyň ýarsy sýunnular we çýanlar bolupdyrlar. Huanhe derýasynyň ulgamynda ýaşaýan gadymy hytaýlylaryň, kem-kemden çarwa taýpalary bilen goşuluşmagy netijesinde (assimilirlenmegi), Han imperiýasynyň bu böleginde ýaşaýan ilatyň ýaşaýyş durmuşynda, olaryň adatlarynda hem öz beýanyny tapypdyr. Şeýlelik bilen, II-III asyrlar ýurdyň demirgazyk ýerlerini çarwa taýpalaryň eýelemegi üçin

taýýarlyk bolupdyr, netijede bolsa Hytaýyň ikä, ýagny üç ýüz ýyl dowam eden Demirgazyk we Günorta döwletlere bölünmegine getiripdir.

***I - II asyrlarda durmuşy gatnaşyklar.*** *I* – II asyrlarda has iri ýereýeleriniň we dargan ownuk ýereýeçiliginiň giň gerim almagy dowam ediýär. Erkin daýhanlaryň arasynda hem baýlaşan ýereýeleriniň ýüze çykmagy, özüniň sosial netijeleri bolupdyr. Döwlet imperiýanyň esasy ykdysady güýji we salgyt tölegçileri bolan daýhanlar gözegçiligini ýitirip başlaýar. Düýnki hususyýetçiler iri ýereýelerine gitdigiçe garaşly bolup galypdyrlar.

Häkimiýet basyna gelen Guan U-di, salgyt töleýäjileriň öýme-öý sanawyny geçirmäge başlaýar. Bu çäre, kärendiçileri döwlet gözegçiligine alyp bilmez ýaly hereket edýän güýçli ýereýelerine garşy gönükdirilipdir.

Kärendeçilik gatnaşyklary b. e. öň III-II asyrlardynda güýçli gerim alan hem bolsa, ol ilki başda erkin häsiýetde bolupdyr. Kärendeçi ýer yesine kärende tölegini töläpdir, emma ol onuň hukuk statusyna hiç hili täsir etmändir.; onuň şahsy erkinligi saklanyp galypdyr, döwlete jan salgydyny töläpdir we zähmet borçlylygyny ýerine ýetripdir. Emma b. e. öňki I asyryuň ahyrlarynda, esasan hem täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda ýagdaýlar düýgöter üýtgäp başlaýar. Ýer eýeleri arendatorlary “gizlemäge” çalyşyp, olara döwletiň gaznasyna salgyt töletmejek bolup, dürli ýollar bilen päsgel beripdirler. Munyň esasynda kärendeçiniň ýagdaýy üýtgäp, olar ýereýelerine şahsy garaşly bolup galypdyrlar. Şahsy garaşlylyk gatnaşygynyň emele gelmegi, Han Hytaýynda iri ýeryeleriniň birleşen guramasynyň saklanmagy bilen onuň ýakyndan bagly bolmagy bolupdyr. Iri ýereýeleriniň birleşen guramasynyň ýolbaşçysy, köplenç iň baý maşgala baş bolup, ol öz garyndaşlaryna adat boýunça hökman penakärlik etmeli bolupdyr. Bu ýagdaý bolsa, birleşen ýereýeleriniň guramasynyň garyp düşen agzasynyň, ýagny onda kärendeçilik edýäniň garyndaşynyň has hem garaşlylygyny artdyrypdyr.

Bu göreşde hemişe diňe “güýçli öý”(“silnyý dom”) ýeňýär: 280-nji ýylda döwlet iri ýereýeleriniň, garaşly ekerançylara bolan hukugyny ykrar etmeli bolupdyr. Iri ýer eýeleriniň güýçlenmegi bilen, Han hytaýynda täze mülk (pomeste) eýeçili ýüze çykýar. Bu emele gelen mülkleri gündogar han imperiýasyny esaslandyryjynyň ene tarapyndan atasy bolan iri ýer eýesi, Fan Çunyň mysalynda häsiýetlendirip bolar. Fanyň maşgalasy 300 sin (1500 ga) ýere eýeçilik edipdir, onuň ähly baýlygy bolsa ýüz müňlerçe teňň bahalanypdyr. Iş şýle bir gurnalypdyr, çykdajylar bir ýyldan özüni ödäpdir. Gallaçylyk bilen birlikde ol tut agajyny we lak alynýan agaçlary köpeldip, mal saklap balykçylygy ösdüripdir. Netijede, hojalyk islendik zat bilen özüni kanagatlandyryp bilipdir. Mülk eýesi üç arka nesili birleşdirýän maşgalanyň ýasulysy hasaplanypdyr. Adat maşgalanyň çi agzalaryndan gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirmegi talap edipdir, şonuňüçin “çagalary we agtyklary her güň ertir we agşam gelip, hojaýyna bolan hormatlaryny düýduryp gitmeli bolupdyrlar”. “Gyzylgaşlylaryň” gozgalaňy döwründe Fanyň mülki gozgalaň geçip gutarynça garaşmak üçin berkidilen bir gala öwrülýär. Bu uly mülkiň gündelik ýaşaýyşyny, durmuşyny II asyr awtory Suý Şi öz eserinde beýa edipdir. Onuň sözlerine görä mülkde diňe bir galla öndürilmän, eýsem gökçülik (sogan, sarmsak, kädi we baş.) we iýmiş agaçlaryny ösdürip ýetişdiripdirler. Ýazyna hemme aýallar tut ýapraklaryny ýygmak we ýüpek almak bilen meşgul bolupdyrlar. Soňra gyrnaklar pileden sapak alyp, mata dokap, olary reňkläp, eşik tikipdirler. Naharçynyň gözegçiliginde olar wino, uksus, ajy souslary ýasapdyrlar, iýmişleri guradyp kişde edipdirler. Ýylyň dürli wagtlarynda mülkiň ýerlerinden lukmançylyk otlaryny ýygnapdyrlar. Ýer sürüji uly mallar we zähmet gurallary mülkdara degişli bolupdyr. Mülk hojaýyny diňe bir gerekli zatlar bilen üpjün etmän, eýsem uly maşgalanyň kiçi agzalaryna hemaýat etmäge hem mümkinçilik beripdir, bu bolsa olaryň hojaýyna garaşlylygyny has hem berkidipdir. Halyberse-de mülkdaryň

daşyndan howp abananda goranmak üçin hususy harby goşun bölümi hem bolupdyr. Olar yzygiderli türgenleşik işlerini geçiripdirler, gullugyň ikinji aýynda “garaşylmadyk ýagdaýlar” üçin ýarag atmany öwrenipdirler, üçinji aýynda mülkiň daşky diwarynda, “ýaz erbet gelende bede ogurlygy bolmazlygy üçin” dikeldiş işlerini geçiripdirler, dokuzynjy aýynda “garamaýak ilatyň hüjümini gaýtarmak üçin” taýýarlyk işlerini geçiripdirler.

**5. “Sarydaňylylaryň” gozgalaňy we Han imperiýasynyň ýykylmagy.** “Kuwwatly hojalygyň”“ güýçlenmegi bilen baglylykda, II asyrda köşkde syýasy göreş ýitileşipdir. “Alymlar” adyny alan jemgyýetçilik toparlarynyň biri köşk emeldarlaryny konfusiýaçylyk aňyýeti bilen tankytlaýar. “Alymlara” garşy imperatora ýakyn gorra-biçilenler-adamlar-ýewnuhlar çykyş edipdirler. Ýewnuhlar-gorralar tarapyndan öjükdirilen imperator Lin-di, “alymlaryň” iň güýçlilerini tutmak barada büýruk berýär, tutha-tutluklar konfusiýaçylaryň merkezi bolan merkezdäki akademiýanyň okuwçylarynyň üstünden inipdir. Ýüzden gowrak adam öldürilipdir, “alymlaryň” toparyna azada-kände goşulanlara bolsa döwlet işlerinde işlemek gadagan edilýär. Diňe 184-nji ýylda, haçanda “sary daňyllaryň” gozgalaňy başlanda, imperator Lin-di günäkärlenen alymlaryň hemmesini boşatmak barada buýruk-amnistiýa çykarýar.

II asyrda Han imperiýasynda sosial ykdysady pese gaçmaklygyň bolýan ýagdaýynda, iň garyp daýhan köpçiligi diňe daoylaryň taglymatyndan goldaw tapýarlar. I_II asyrlarda daoizm filosofiki akym hökmünde ýüze çykyp, kem-kemden dini-mistiki garaýyş ulgamyna düşýär. Ýurdyň dürli welaýatlarynda gizlin dini akymlar-sektalar ýüze çykyp, tiz wagtyň içinde hökmany ýagdaýda “beýik rehimdarlygyk ýolunyň”-“Puty welikogo blagodenstwiýa” boljakdygy baradaky wagyzlaryny geçirip başlaýarlar. Bu dini toparlaryň içinde iň güýçlileriniň biriniň ýolbaşçysy, “beýik akyldar we rehimdar mugallym” adyny alan Çžan Szýanyň bolupdyr. Ol halk lukmançylygyň mümkinçiliklerindan peýdalanyp, Çžan

Sýan adamlaryň içinde tebipçilik edipdir, şonuň üçin ol garyp ilatyň içinde uly abraý alypdyr. Çžan Sýanyň tarapdarlary “gök asman eýýam öli, onuň ýerine sary asman gelmeli” diýip, olar wagyz edipdirler. Han zamanynda ýyl hasaby altmyş çikl hasaby bilen ýöredilipdir, indiki sikl bolsa 17-nji ýyldan, Lin-diniň dolandyryp baslan (184 ý.) ýylyndan başlanmaly. Şoňa çenli taýýarlanylýan gozgalaň taýýarlanyp gutarmaly.

184-nji ýylda imperiýanyň dürli künjeklerinde gozgalňlar başlanýar.. Gozgalaňçylar kellelerini sary daňy bilen daňypdyrlar- beýik blagodenstwiýaniň täze eýýamyň alamaty (halk hereketiniň “sary daňylylar” ady hem şondan gelip çykýar). Gozgalňy basyp ýatyrmak üçin 40 müňden ybarat goşun göýberilýär, emma gozgalaňyň derbi-dagyn edilmeginde iri ýereýeleriniň goşun bölümleri esasy orny eýeläpdir. Çžan Szýan ölenden soň (184 ýylyň güýzi) gozgalaň bir ýerden ýolbaşçylyk etmekden kesilipdir. 184-nji ýylyň oktýabrynda Guanszunda (häzirki Hebeý welaýaty) hozgalaňýeňilýär. Sondan soň gozgalaňlardan öç alynmagynyň netijesinde 80 müň adam heläk edilipdir.

Hozgalaňyň esasy güýjiniň ýeňilmegine garamazdan 185-nji ýylda gozgalaň ýene-de täze güýç bilen başlapdyr. “Gara daglar” atly goşun Huanhe derýassynyň demirgazyk kenarlarynda, paýtagta ýakyn ýerde özlerine berkitnme ýer edinýärler. Emma käbir toparlaryň ylalaşyga gelmezlikleri sebäpli hökümet goşunyna olary aýry-aýrylykda kül-peýkun etmeklik başardýar. 188-207-nji ýylaryň dowamynda elhenç gyrgynçylyklara garamazdan, ýurtda gozgalaňçylaryň çykyşy kesilmändir. Emma gozgalaňçylaryň uran zarbasyndan Han imperiýasy aýňalyp bilmändir.

189 – njy yylda imperator Lin-di aradan çykandan soň, paýtagtda güýçli biçilenleriň-gorralaryň-ýewnuhlaryň garşysyna dildüwişik bolýar. Dildüwişijileriň ýolbaşçylarynyň biri Ýuan Şaonyň garşysyna Dun Çžo çykypdyr. Ol Lin-diniň kiçi ýaşly ogluny tagta çykarýar, paýtagty bolsa Çanýana geçirýär, soňra bolsa ýurtda häkimiýeti öz eline alýar. 192-nji

ýylda Dun Çžo öldürilýär. Şondan soň “şary daňylylaryň” gozgalaňy basylyp ýatyrylýan döwründe öňe saýlanan harby serkerdeleriň arasynda, häkimiýet ugrunda gazaply özara uruşlar başlanýar. Özara uruşlar bütewi imperiýanyň dargamagyna getirýär. III asyrda onun ýerinde üç sany özbaşdak döwletler emele gelýär-Weý, Şu we U. Hytaýyň taryhynda Üçpatyşalyk döwri diýilip atlandyrylýan döwür başlanýar. Şeýlelik bilen gadymy hytaý jemgyýetiniň ýerinde II-III asyrlarda täze feodal gatnaşyklary, ýagny  irki oarta asyrlar döwri başlanýar.

III asyrda imperiýanyň ýerinde üç sany özbaşdak döwletler: Weý, Şu we U ýaly döwletler emele gelip, olar Hytaýyň taryhynda Üçpatyşalyk döwri diýilip atlandyrylýar. Şeýlelik bilen gadymy hytaý jemgyýetiniň ýerinde II-III asyrlarda täze feodal gatnaşyklary, ýagny  irki orta asyrlar döwri başlanýar.

## VII. Tema:  Gadymy Hytaýyň medeniýeti.

**1. Rowaýatlar we din.** Häzirki wagtda biz gadymy hytaý rowaýatlary barada diňe b. e. öň VI asyra degişli ýadygärlikleriň esasynda beýan edip bileris. Öz mazmuny boýunça bu ýadygärlikler birnäçe toparlara bölünýärler. Mifiki rowaýatlara görä tebigatyň we adamynyň gelip çykyşy barada iki sany garaýyş öňe sürülýär, ýagny bölünmeklige we başga bir zada öwrülmeklige. Şonuň birinjisine görä, iň bir bulaşyklyk wagtda bölünmeklik jan berilmedik we janly zatlara bölnüpdir, ýagny ilkinji iki sany elemente-madda-ýagtylyk (erkege) başlangyçy bolan-ýana we garaňkylyk (aýala) başlangyçy bolan ine bölnenmiş. Ikinji garaýyş, ähli zatlarda özgerişler bolupdyr diyip çaklaýar. Şol garaýyşa görä,  adam Nýuý Wa atly aýalyň laýyndan-palçygyndan ýasalypmyş, emma şol rowaýatyň başga bir beýanyna görä, Nýuý Wanyň özi maddalara we janly zatlara öwrülip, dünýäni hemme zatlar

bilen dolduranmyş. Köp sanly rowaýatlar tebigy betbagytçylyklara we olardan adamlary halas eden gahrymanlara bagyşlanypdyr. Betbagytçylyklaryň esasan iki görnüşi bolup olar- suw alamaklyga we gurakçylyga bagyşlanypdyr. Rowaýatlarda adamlaryň hojalyklaryny suwyň basmagy, ol adamlary jezalandyrmak üçin Asmanyň iberýän sütemi-jebiri diýilip düşünilipdir. Gurakçylyk bolsa, ekin meýdanlarynyň ýanyp küle öwrülmegi we adamlaryň heläk bolmagyna howp salýan, on sany güniň bir wagtyň özünde dogmagynyň netijesi hasaplanypdyr. Rowaýatda adamlary suwyň basmagyndan Beýik Ýuý, gurakçylykdan bolsa öz peýkamyndan ok atyp artykmaç günleri aýran Atyjy I halas edipmiş.Gadymy gahrymanlar baradaky rowaýatlarda gadymy hytaýlylaryň öz gahrymanlaryny tapmaga ymtylyşlary görkezilipdir. Mysal üçin, olaryň içinde ilkinji bolup ot almaklygy kim öwredipdir, kim ilkinji gezek gamyşdan küme ýasamagy öwrenipdir, aw etmegi we balyk tutmagy kim ilkinji bolup oýlap tapypdyr; ilkinji bolup kim ekerançylyk gurallaryny ýasamagy öwrenip, adamlara däneden çörek edip, ony iýmegi öwredipdir we ş.m. Gadymy hytaýlylar bu medeni gahrymanlary ýarym adam-ýarym haýwan: göwresi ýylan ýa-da kellesi öküz hökmüňde göz öňüne getripdirler. Diýmek, gadymy hytaýlylarda hem beýleki halklaryňky ýaly öňanlarynyň bolup, olary öz rowaýatlarynda bermäge çalyşandyklaryny görkezýär.

Rowaýatlarda adamlaryň ilkinji atasy-enesi kim bolandygy baradaky rowaýatlar hem beýanlaryň aýratyn bir toplumyny emele getiripdir. Olaryň hemmesi hem arassa eneden döräpmişler. Mysal üçin iňleriň ilki enesi mukaddes Owadan ýelekli Guşuň ýumurtgasyny atdanlykda ýudanmyş, ýa-da ilkinji çžousyň ejesi Apet bir uly zadyň aýak yzyna basanmyş we ş. m. Bu rowaýatlarda berilýän maglumatlarda, adamlaryň aňynda diňe ene tarapyndan döränligi, ýagny "adamlar diňe enelerini bilip, atalaryny bilmeýärmişler" diýen düşünje berilýär.

Inleriň o düňýe baradaky garaýyşlary edil ýerde Asnan astynda ýokary häkimligiň wana degişliligi ýaly, asmanda hem hemme zat Beýik hudaý Die tabyn edilip görkezilýär. Di ýeke-täk güýçli, ol adamlara gowulyk hem edýär, olary jezalandyrýaram, ol adamlara hasylam berýär, gurakçylygam, ýagynam, ýelem şoňa bagly. Diniň daşyndaky ýakyn "hyzmatkärleri", waniň geçip gidenleri. Wanyň ata-babalary Diniň her hili tabşyryklaryny ýerine ýetirýärmişler, olar şeýle-de wanyň kömek sorap, ýüz tutýan haýyşlaryny Beýik Diýe ýetirýärmişler. Şonuň üçin wan öz atababalaryna sadaka berip (gurban edip) Beýik hudaýyň ýalkamagyny, onuň goldawyny alýarmyş. Wanyň esasy wezipesi döwletiň ýokary ruhanysy hökmünde, adamlar bilen hudaýlar dünýäsiniň arasynda aralykçy bolup hyzmat edýän öz öten-geçenleri bilen habarlaşmak bolupdyr. Emma wagtyň geçmegi bilen, adamlaryň aňynda öten-geçenleriň dünýäsi hudaýlar dünýäsinden aýrylýar, netijede aralykçy öten-geçenleriň wezipesi, ruhlar ýa-da hudaýlar bilen gürleşip bilmäge ukyby bolan aralykçy ruhanynylar bilen çalyşylypdyr. Konfusiýaçylyk taglymatyň ýüze çykmagy we onyň ýaýramagy, bir tarapdan atababalara üýmaklygy galdyrýan bolsa, ikinji tarapdan Asman hudaýy Diýe bolan ynamyň gowşamagyna ýardam edipdir.

II-III asyrlarda Hytaýa buddizm dini aralaşýar, rowaýata görä ilkinji budda sutrasy-kitaby Hytaýa ak atyň üstünde getirilipdir; onuň hormatyna Loýanyň töwereginde, häzirki günlere çenli saklanyp galan buddanyň "Ak atly ybadathanasy" gurlupdyr. Sutryň hytaý diline terjimesi we buddizmiň Hytaýa ýaýramagy IV-VI asyrlara degişlidir.

**2. Ýazuwyň ýüze çykmagy.** Iň irki gadymy hytaý ýazuw ýadygärligi Inleriň b. e. öň XIV-XI asyrlara degişli gadatelnye-ýzuw ýadygärligidir. Ýazuwyň bu ulgamdaky görnüşi has ir çykan blmaly. Şebäbi inl hatlary bilen häzirki ieroglifikasynyňň arasynda düýpli bir tapawyt ýok. Inler häzirki hytaýlylar ýaly diliňň ol ýa-da beýleki belliklerini olaryň ähmiýetine görä ulanypdyrlar. Inleriň hatynyň belgileriniň köpüsi ideogramma-

haýsam bolsa bir zadyň şekili çekilen görnüşde bolupdyr. Bulardan başga-da in hatynda bellik alamatlarynyň başga görnüşdäkileri, ýagny häzirki zaman hytaý ieroglifikasy görnüşindäkileri ulanylypdyr: şeýle belligiň bir görnüşi okmaklygy görkezipdir, beýlekisi bolsa, onuň mazmuna ýakyn bolan ähmiýetni aňladypdyr.

Inleriň hat bellikleri häzirki hytaý ieoroglifiksyndan aýratynlygyny görkezip biljek üç sany aýratynlyklar bilen häsiýetlendirip bolar. Birinjiden, her bir ýonekeý bellik, haýsam bolsa hiç zada bölünmeýän bir zady şekillendirýär. Ikinjiden, ýazylanda şol bir belligiň köp sanly görnüşi bolupdyr. Üçünjiden, bellikleriň setirleriň gidýän ugurlarynda berilşi, heniz gutarnykly tamamlanmandyr.

Çžoularyň inleriň hatyny kabul edip almaklary netijesinde, b. e.öň I müňýyllykda hem onuň ösüşi togtamandyr. Düýpli üýtgetmeler diňe b. e. öň I we II asyrlarda bolup geçýär, haçanda ýerli ieroglifikanyň bellikleriniň tertibe getirilmegi bilen, olary ýazmaklygyň täze usuly ýüze çykýar.Bu döwrüň ieroglifiksy ilkinji hatlardan doly diýen ýaly tapawutlanypdyr. Han döwrüniň haty bolsa, häzirki döwrüň hatyndan hiç hili tapawut edenak. (Surat.. Tuş guýulýan altyn çaýylan bürünç gap. II asyr)

Hat bellikleriniň kämilleşmegi onuň ýazylaýan materialyna görä ösüpdir. Gadymy Hytaýda uzyn hem ýuka agaç ýa-da bambuk tagtajyklaryna ýazylyp, soňra ýüp ýa-da teletin bilen birleşdirilipdir. Hat tuş bilen çotgajyklarda ýazylypdyr, ýalňyşlyk göýberilen ýagdaýynda olary metal pyçajyklar bilen arassalapdyrlar (şonuň üçin hem ýazuw esbaplary “pyçak we çotga” diýilip atlandyrylypdyr). B. e. öň I müňýyllgyň ortalaryndan başlap gadymy hytaýlylar ýüpek matalara hem ýazyp başlapdyrlar (şeýle ”ýüpek”kitaplaryň görnüşleri hanlaryň guburlaryndan tapylypdyr). Täze eýýamyň başlarynda Hytaýda kagyz oýlanyp tapylyp, ol ulanylmaga girizilipdir.Täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda kagyz ähli öňki hat ýazylýan esbaplary gysyp çykarypdyr.

**3. Gadymy Hytaý edebiýaty.** Iň gadymy goşgy bilen ýazylan eserleriň biziň döwrümize gelip ýetenleri, b. e. öňki XI-VI asyrlara degişli bürünç küýzelerine ýazylan ýazgylardyr. Onuň beýanlary “Şisizin” ýazgylaryna gaty meňzeşdirler.

“Şisizin” gadymy hytaý poeziýasynyň altyn hazynasy hasaplanylýar. Bu ýadygärlik dört sany toparlara (Patyşalaryň gylyklary”. “Kiçi odalar”, “Beýik odalar” we “Gimnler”) bölünip, 305 sany goşgular eserlerini özünde jemleýär. “Şisiziniň” birinji bölümine girzilen liriki halk aýdymlary, özüniň tüýs ýurekden çykýanlygy, ýürekden turýanlygy bilen haýran galdyrýar. Ikinji we üçünji bölümlere girizilen eserler ýazylyş aýratynlyklary-stili bilen tapawutlanýarlar. Olaryň köpüsiniň temasy hökümdara gulluk etmeklige, harby ýörýşlere, meýlislere we gurban etmeklige bagyşlanypdyr. Dördünji bölümde dabaraly ybadathana aýdymlary aýtmaklyga, öten-geçenlere we geçen hökümdarlara bagyşlanan aýdymlar jemlenipdir.

“Şisiziniň” adatlary b. e. öň IV asyryň poeziýa awtorlary tarapyndan kabul edilip, daş tumbalaryna ýazylan ýazgy görnuşinde biziň günlerimize gelip ýetipdir. Olar deprek şekilinde bolansaň, olardaky ýazgylar hem “daş depreklerdäki beýanlar” diýilip atlandyrylypdyr.

Çžango eýýamy gadymy hytaý medeniýetiniň has çalt ösen döwri bolupdyr. B. e. öň IV asyrda Çu patyşalygynda öz ýaşan jemgyýetiniň gapmagarşylyklaryny has aýdyň beýan eden, görnükli şahyr Sýuý Ýuan ýaşapdyr hem döredipdir. Onuň şahyrlygynyň täsiri, ýazylyş görnüşiniň kämilligi bilen Gadymy Hytaýda tapawutlanypdyr.

Halk poeziýasynda han döwrüniň şahyrlarynyň döredijiligi hem görkezilipdir. Öz eserleri bilen has belli şahyrlaryň biri Syma Sýan-žu bolupdyr. Onuňň eserleri Syma Sýan tarapyndan şahyryň öz ömürbeýanyna goşulypdyr.

**4. Gadymy Hytaýyň sungaty.** Gadymy hytaý poeziýasy aýdym-sazyň aýrylmaz bir bölegi bolupdyr. Şaz, poeziýa, tans medeniýeti konfusiýaçylar adamlaryň özara gatnaşyklarynyň

esasylarynyň biri hasap edipdirler. “Sözler aldap bilerler, adamlar jögülik edip bilerler, diňe saz ýalan sözlemäge ukyply däldir” diýip gadymy hytaýlylar sazyň durmuşdaky wezipesini kesgitläpdirler.

Gadymy Hytaý saz gurallary esasan üç sany topara: kirişli, üflenip we urlup çalynýan gurallara bölünipdirler. Saz gurallarynyň bu ady tutulanlary han döwründe hem ýürekden çykýan sazlary çalmak üçin ulanylypdyr.I we II asyrlarda bular bilen birlik-de düýbünden täze saz gurallary, esasan hem goňşy halklaryň hem saz gurallary ýaýrap başlapdyr. Olaryň köpüsi Hytaýa Orta Aziýadan düşüpdir.

Gadymy Hytaýda binagärçilik sungaty hem özboluşlylygy bilen tapawutlanyp başlapdyr, olar esasan hem han döwrüniň köşk we ymaratçylyk gurluşynda ýüze çykypdyr.

Gadymy Hytaýda jaýlary onuňň diwarlary düzmän, eýsem jaýyň ýokarsyndaky-karkasyndaky pürsler-stolbalar bolup, olar üçegiň esasy agramyny öz üstüne alypdyr. Pürüssiz-stolbasyz we olary birleşdirýän tagtalar bolmasa, jaý asla bolup bilmez-ony gadymy hytaý ýazgylarynda şeýlerak mysal bilen deňeşdirilipdir: “Siz Çžen patyşalygy üçin edil üçekdäki tagta kimin, eger-de tagta gaçaýsa, onda jaý ýumurlar” diýip, patyşanyň emeldarlarynyň biri köşk işgärine aýdypdyr.

Jaý birneme ýokary galdyrylan ýerde – sekide gurlupdyr, şondan hem gadymy hytaý dilinde “köşke galmak”, “köşkden düşmek” ýaly halk içinde aýdylýan sözler gelip çykypdyr. Aýlaryňň diwarlary eýlenen laýdan salnypdyr (gurluşykda kerpiç b. e. öň II-I asyrlarynda ulanlyp başlapdyr). Jaýyň üçegi çerepisalar-bişen ýukarak kerpiçler bilen ýapylypdyr, han imperiýasynyňň döwründe jaýlaryň öň ýüzini her hili tegelek çerepiçalar bilen ýa-da bagyt, baýlyk, üstünlik ýaly sözler bilen arzuwlanýan ieroglifiki ýazgylar bezäpdir.

Gadymy dünýäniň uly şäherleriniň biri-de, han imperiýasynyňň paýtagt şäheri bolan Çaýan binagärçilikde iň göreldeli, owadan  şaherleriň biri bolupdyr. Şäheriň daşyna on iki derwezeli gala salnypdyr. Onuň iň beýik jaýlarynyň biri

imperatoryňň jaýy bolupdyr. Köşk otaglary bir ýerik jemlenilmän, eýsem, paýtagtyň hemme ýerlerinde ýerleşipdir. Garamaýak adamlardan çekinmez ýaly, imperator we onuň egindeşleri we maşgalalary üsti ýapyk geçelgeleriň we asma ýollaryň üsti bilen, bir köşkden ikinji bir köşge geçip bilipdirler. Köşkiň ýakynynda dolandyryş ulgamynyň sary reňk bilen reňklenen edarasy ýerleşipdir (han zamanynda gyzyl reňk imperatoryň alamaty-simwoly bolupdyr, sary reňk imperatoryň resmi bolýan ýeri hasaplanypdyr). Bu jaýlaryň hemmesi, şol sanda baý şäherlileriňň jaýlary hem iki gatdan ybrat bolupdyr.

“Itlri we atlary şekillendirmek kyn, sebäbi adamlar olary mydama olary görüp ýorler we oňat bilýärler, şonuň üçin olaryň  şekilinde meňzeşliklik ýitirilse ony şol wagt duýýarlar. Emma ruhy şekillendirmek has ýeňil, olary görüp bolanak, şonuň üçin olaryň suratyny çekmeklik has ýeňil diýip, hytaý filosfi tekrarlapdyr. Emma onuň döwürdeşleri kölenç itleri atlar bilen we ruhlary şekillendiripdirler- ol barada guburhanalardan tapylan köp sanly üsti açylan freskiler we barelýefler-daşa, dywarlara çekilen şekiller subut edýärler. Bu şekillendiriş sungat eserleri giçki döwürlere degişli hem bolsa, lar Çžan zamanynyň sungatyna esaslanýalar.

Esasan hem han döwründe portret çekmek sungatynyň ösendigini belläp bolar. Suratçylygyň bu görnüşine 1957-nji ýylda Loýanyňýanynda Han guburhanasyndan tapylan şekildir. Onda b. e. öňki III asyra degişli özara uruşlaryň gidýän döwründe, geljekki han nesilşalygyny esaslandyryjynyň, onuň bäsdeşi tarapyndan aldawa salynyp tora düşirlişi we onuň egindeşleri tarapyndan halas edilşi baradaky tragyky ýagdaý şekillendirlipdir.

Näbelli suratçy tarapyndan meýlise gatnaşýanlaryň her haýsynyň şekili berlipdir. Olaryň biri barada Syma Sýan özüniň “Taryhy ýazgylarynda”: “Ol daşyndan göräýmäge uzyn boýly, edenli bolmaly diýip, men hasap etdim. Haçanda men onyň şekilini görenimde, meniň gözüme nämeler göründi. Daşky sypatyna we ýüz şekiline seredeniňde ol owadan zenana

meňzeýär!” diýip ýazypdyr.

Han döwrüniň ady belli suratçylarynyň birnäçesiniň atlary, köp sanly ýazuw ýadygärliklerinde saklanyp galypdyr. Olaryň biri barda şeýle gürrün berilýär, ýagny ol surat çekende dine bir onuň ýüz şkeşbiniň gözelligini däl, eýsem ol adamynyň ýaşyny hem görkezip bilipdir. Imperator suratça öz ýesir gyrnaklarynyň suratyny çekmegi buýrupdyr we olaryň içinde suratda has özüne çekijileri mynasyp hasaplap olary saklapdyr. Gyrnklaryň köpüsi suratçyny satyn alyp, onuň suratyny az-owlak şekilsiz edip görkezmekligi haýyş edipdirler. Emma olaryň içinde diňe Çzao-szýun gyrnak aldaw etmek islemändir, şonuň üçin imperator hiç wagt onuň ýüzüni görmändir. Haçanda gelni sýunnularyň şanýuýuna ibermeli bolanda, imperator Çžao-szýuny ibermegi karar edýär. Töý kerweni ugramazyndan öň Çžao-szýuny imperator kabul edipdir, imperator bu gelniň ähli gyrnaklarynyň içinde iň owadandygyna, görnüklidigine gözi düşüpdir. Gahary gelen imperator, suratçyny hakyky owadanlygy çekmän ony aram şeklinde bereni üçin ölüme buýrupdyr.

**5.Tebigat bilimleriniň ösüşi.** Çžango zamanynyň ylmy-bilimleriniň ösüşi, esasan hem matematika ylmynyň ösüşi, Gadymy Hytaýyň medeniýetiniň ýokary derejede ösendigine güwä geçýär.

B. e. öňki II asyrda “Dokuz kitapdan ybarat Matematika” barada üzülen traktat, Ewklidiň “Başlangyç” eseri ýaly matematika ylmynda alymlaryň geçen neslleri tarapyndan jemlenen bilimiň netijesi blupdyr. Bu eserde droblar bilen işlemegiň düzgünleri, proporsiýa we progress, Pifogoriyň teoremasy, gönüburçly üçburçlyklary ulanmak, lineýni deňlemäniň ulgamyny çözmek we başgalar girizilipdir. “Dokuz kitapdan ybarat matematika” ýer ölçeýänler, astranomlar, emeldarlar we başgalar üçin ýörelge kitaby boupdyr. Gadymy Hytaýyň taryhyny öwrenýänler üçin, bu kitap diňe bir ylmy taýdan ähmiýetli bolman, eysem onda han döwründäki dürli öndürilen harytlaryň bahalary, ekerançylyk ulgamynda hasylyň

öndürilişiniň gökrkezijileri barada hem maglumatlar saklanypdyr.

Matematika ylmynyňösmegi bilen gadymy hytaýlylaryň astranomiýadan senenamalaryň düzülişi hem ýakyndan baglanyşykly bolupdyr. Syma Sýanyň “Taryhy ýazgylar” kitabynyň “Traktatlar” bölüminiň bir bölümçesiýörüte asman jisimleri meselelerine bagyşlanypdyr. Edil şonuň ýaly Ban Gunyň “Han imperiýasy” kitabynyň bir bölümi şoňa bagyşlanypdyr. Onda Ban Gu 118 sany ýyldyzlar toplumynyň (783 ýyldyz) atlary getirilýär. Bu döwürde planetalary synlamaklyga-da uly üns berlipdir. B. e. öňki I asyrda gadymy hytaýlylara Ýupiter ýyldyzynyň aýlanýan wagty 11,92 ýyl bolýandygy mälim bolupdyr. Bu bolsa häzirki döwrüň gözegçiliginiň netijesi bilen gabat gelýär.

B. e. öňki 104-nji ýylda bir ýlyň dowamlylygy 365,25 günden ybaratdygy kesgitlenýär. Şol ýylda kabul edlen senenama-kalendar b. e. 85-nji ýylyna çenli ulanylypdyr. Şol senenama boýunça ýyl 12 aýdan ybarat düzlip, her üç ýyldan bir aý goşmaça goşulypdyr.

Gadymy Hytaýda has ösen ugurlaryň biri-de lukmançylyk ulgamy bolupdyr.. B. e. öňki IV-III asyrlarda Gadymy Hytaý lukmanlary lukmançylyk ulgamynda iňňe sançmak usulyny giňden ulanyp başlapdyrlar. B. e. öňki II asyra degişli han guburhanasyndan tapylan lukmançylyk eseriniň golýazmasy has hem gymmatly çeşmeleriň biridir. Olar bu traktada bejeriş gimnastikasyna, ýakyp bejermek usulyna degişli gollanma, dürli görnüşli dermanlaryň sanawynyň toplumy. Munda 280- sany 52 keseli bejermek üçin görkezmeleri (olaryň çinde üşütme, nerwilerdäki bozulmalar-rastroýstwo, gryjalary, aýal we çaga kesellerini we ş. m. ) öz içine alypdyr. Traktadyň içinde birnäç maglaryň kesel bejeriş usullary hem teklip edilipdir. Mysal üçin, çyşgyn keselini bejermek üçin her aýyň ahyryndaky günleriň birinde, çyşgynyň üstünden köne sübse bilen ýedi gezek geçmelidigi, soňra subsäni bir guýa zyňmalydygy görkezilipdir. Emma han

döwrüniň has giçki lukmançylyk eserlerinde maglaryň kesel bejeriş usuly ýatlanylmaýar.

## VIII. Tema: Hytaý irki orta asyrlarda (III-VII asyrlar)

**1. III asyrda Hytaý jemgyýetiniň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Adamzat taryhynda orta asyrlar döwrüniň başlanan ýeri Hytaý hasaplanylýar. Alymlar bu döwrüň biziň eýýamymyzyň II-III asyrlarynyň sepgidinde başlaýandygyny belleýärler. Emma hytaýly taryhçylar orta asyrlar döwrüniň ýüze çykan wagtyny b.e öňki XI-IV asyrlara çenli aňryk süýşürýärler. Orta asyrlar baradaky şeýle garaýyşlaryň bardygyna garamazdan, Hytaý hakykatdan hem orta asyr gatnaşyklarynyň ilki ýüze çykan ýurdudyr.

Hytaýda orta asyrlar döwri Han imperiýasy (b.e.öňki III - b.e. III) dargandan soň başlaýar. Han imperiýasy Huanhe, Huaýhe we Ýanszy derýalarynyň jülgesinde, şeýle hem häzirki Syçuan we Şandun welaýatlarynyň çäginde ýerleşip, şol wagtlar ýurtda 50 million ilat ýaşapdyr. Ýurduň gür ilatly ýerleri gadymy paýtagtlar Çapanyň (Sian) we Loýanyň töwreginde ýerleşipdir. Emma 184-nji ýylda basylyp ýatyrylan «Sary daňylylaryň» gozgalaňy ýurduň ösüşine iňňän agyr täsir edipdir. Uly imperiýa ýykylypdyr we Hytaýda uzaga çeken çuňňur durmuş-ykdysady we syýasy çökgünlik başlaýar. «Sary daňylylaryň» gozgalaňyny basyp ýatyrmaga gatnaşan hökümet goşunlarynyň serkerdeleri indi özara uruşlara başlaýarlar. 189-njy ýylda paýtagt şäher Loýan eýelenilýär. Özara uruşlar netijesinde öňki uly imperiýanyň ýerleri üç sany serkerde tarapyndan paýlaşylýar. Netijede, Hytaýyň taryhynda üç patyşalyk döwri başlaýar.

Hytayyň demirgazygynda hereket edýän serkerdeleriň biri Sao Sao Wey patyşalygyny, beýleki bir serkerde günorta-gündogarda U döwletini, ýene biri bolsa günbatarda (Syçuanda) Şu döwletini esaslandyrýar. Sao Sao Hytaýy birleşdirmäge

girişýär we III asyryň ahyryna çenli U we Şu döwletleriniň ýerleri hem basylyp alynýar we Sao Saonyň esaslandyran Szin imperiýasynyň düzümine girizilýär. 265-njy ýylda weýli serkerde Syma Ýan Sao Saonyň neslinden bolan patyşany agdarýar we Szin döwletiniň (265-419) düýbüni tutýar.

Ýurdy tozgunçylykly ýagdaýdan çykarmak üçin Syma Ýan 280-nji ýylda oba hojalyk pudagy babatynda ýörite perman çykarýar. Sebäbi uzak wagtlap dowam eden uruşlar ýurduň ykdysady kuwwatyny tozdurypdy. Welaýatlardaky, etraplardaky ekerançylyk ýerleri taryhy çeşmelerde «güýçli hojalyklar» diýlip atlandyrylan täsirli nebereler eýeläpdiler. Kabul edilen permana görä, her bir zähmete ukyply adama döwlet tarapyndan ýer paýy berilmeli we şol ýerden döwletiň peýdasyna kesgitli salgyt alynmaly edilipdir. Her bir 16-60 ýaş aralygyndaky erkek ýa-da aýal adama doly ýer paýy berilmeli edilipdir. Olar salgyt töleýän birlikler hasap edilip, olar «*din*» diýlip atlandyrylypdyrlar. Ýer paýyndan alynýan hasylyň bir bölegi ýeriň eýesine, beýleki bölegi bolsa hazyna geçirilipdir.

Perman boýunça 13-15 we 61-65 ýaş aralygyndaky adamlara ýarym ýer paýy berlipdir. Çagalara we garrylara ýer berilmändir, olara salgyt salynmandyr. Doly ýer alan daýhanlar hasylyň 40% (2/5) salgyt hökmünde töläpdirler. Mundan başga-da, eger-de, hojalyga erkek adam ýolbaşçylyk edýän bolsa, üç top ýüpek mata we üç top mata çykjak ýüpek süýmüni tabşyrmaly bolupdyr. Eger-de, hojalyga aýal, ýetginjek ýa-da garry ýolbaşçylyk edýän bolsa, onda salgydy ýarpa çenli azaltmak göz öňünde tutulypdyr. Şeýle hem salgyt tölemäge degişli edilen adamlar ýylda 30 gün döwlet işlerinde (ýollary, köprileri, suwaryş, goranyş desgalaryny gurmakda we başgalar) işlemäge borçly edilipdir. Bu çäreler ilat üçin ýeňillikli çäreler bolupdyr. Ol ýurduň ösüşine gowy täsir eder diýen niýet bilen geçirmeli edilipdir. Syma Ýanyn 280-nji ýyldaky ýer özgertmesiniň nähili amala aşyrylandygy belli däl, ýöne ol Hytaýyň soňraky ösüine oňyn täsir edipdir.

Öz tarapyna gurply we bilimli adamlary çekmek üçin Szin

imperatorlary olara özlerinin eyeleýän derejelerine görä sylag ýerlerini, şol ýerlerde işlär ýaly ýarym garaşsyz daýhanlary, ýarym gullary we gullary beripdirler. Häkimýetler hususy ýerlere eýeçilik edýän adamlaryň sanyny azaltmaga çalşypdyrlar. Şonuň üçin hem ýokary derejeli emeldarlaryň mülklerindäki daýhan hojalyklarynyň sany 50-den köp bolmaly däl diýlip yglan edilipdir.

**2. Gündogar Aziýadaky çarwa taýpalary we olaryň Hytaý bilen gatnaşyklary.** III-VI asyrlarda Gündogar Aziýada (Hytaýdan Demirgazykda) hunlar, sýanbiler we uhuanlar ýaly birnäçe çarwa halklary ýaşapdyrlar. IV asyryň ahyrlarynda olar Hytaýyň içine aralaşyp başlapdyrlar. Sebäbi olaryň serdarlary Hytaý imperatorlary bilen ýakyn aragatnaşyk saklamaga çalşypdyrlar. Kähalatlarda olar Hytaýdaky özara uruşýan toparlaryň ol ýa-da beýleki birlerini goldapdyrlar. Soňa baka çarwalar hytaý tagtyna hem dalaş edip ugrapdyrlar.

IV asyryň başlarynda hun atly goşuny Hytaýyň merkezi etraplaryny eýeläp başlaýarlar. 311-nji ýylda olar Loýany, 316-da Çanany (Sian) basyp alýarlar. Hunlaryň yzyndan beýleki ownuk çarwa taýpalary hem herekete gelip başlaýarlar. Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda ýaşaýan sýanbiler hem iri taýpalaryň biri bolupdyrlar. Olar iki bölege: muýunlara we tobalara bölünýärdiler. Muýunlar Günorta Mançžuriýada, tobalar bolsa Içerki Mongoliýada ýaşapdyrlar. Muýun taýpalary Hebeý welaýatyny eýeläp, Ýan patyşalygyny döredýärler.

Hytaýyň günbatarynda, häzirki Tibetiň ýerinde ýaşan taýpalar hem Gansu we Şensi welaýatlaryny eýeläp, Sin döwletini döredipdirler. Ýöne 383-nji ýylda hytaýlylara tibetli çarwalary ýeňmek başardýar we Sin döwleti ýykylýar.

IV asyryň ahyrlarynda Hytaýyň bütin demirgazygyny toba taýpalary basyp alýarlar. Olaryň serdary Toba Guý imperator diýlip yglan edilýär. Toba Guýuň agtygy Hytaýyň demirgazygynda Demirgazyk Weý (386-535) nesilşalygynyň düýbüni tutýar. Şeýlelikde, çarwalaryň Demirgazyk Hytaýy eýelemekleri bilen ýurtda syýasy dagynyklyk döreýär.

**3. III-VI asyrlarda Hytaýdaky irki orta asyr döwletleri.** Hytaýda çarwalaryň höküm süren zamany Hytaý taryhynda Günorta we Demirgazyk nesilşalyklaryň döwri diýlip atlandyrylýar. Bütin Demirgazyk Hytaý çarwa taýpalar tarapyndan eýelenenden soň, köp mukdardaky ýerli ilat günorta göçýär, uly ýurt tozgunçylyga sezewar bolýar. Göçüp gelen ilat günortada boş ýatan ýerleri özleşdirip başlaýarlar. Emma günortada-da ýagdaý gowy bolmandyr. Sebäbi merkezi häkimiýet gowşak bolansoň, bu ýerde «güýçli hojalyklar» hojaýynçylyk edipdirler.

Hytaýly emeldarlar köşk adamlary emele gelen ýagdaýdan çykalga gözläpdirler. Loýan şäheri çarwalar tarapyndan eýelenenden soň, 317-nji ýylda köşk adamlary Szýan (häzirki Nankiniň töwereginde) şäherinde ýygnanyp, Syma Ýanyň neslinden bolan birini imperator diýip yglan edýärler. Täze nesilşalyk Gündogar Szin ady bilen 317-419 ýyllarda hokum sürüpdir. Ýöne bu nesilşalygyň häkimiýeti hem gowşak bolupdyr. Täze döwleti döredenleriň asly demirgazykly bolansoň, olar ýerliler (günortalylar) bilen oňuşmandyrlar we ýurtda ýene-de özara uruşlar başlaýar.

IV asyryň ahyrlarynda – V asyryň başlarynda Gündogar Szin döwletinde Sun Eniň we Lu Sýunyň ýolbaşçylygynda daýhanlar gozgalaňlary hem bolup geçýär. Bu gozgalaňy basyp ýatyrmaga gatnaşan serkerdeleriň biri Lýu Ýuý ýurtdaky häkimiýeti eýeleýär we ol Sin nesilşalygynyň (420-478) düýbüni tutýar. Şu döwürde häkimiýetler tarapyndan käbir işler hem amala aşyrylýar; döwlet ýerleri birneme giňeldilýär, halk köpçüliginiň ýagdaýyny gowylandyrmak, demirgazygy yzyna gaýtaryp almak barada käbir işler geçirilýär.

**4. Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe ýurduň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Toba taýpalary basyp alandan soň we Demirgazyk Weý döwleti (386-535) esaslandyrylan döwürde Demirgazyk Hytaýyň ýagdaýy öran pes derejede bolupdyr. Ummasyz mukdardaky ýerler taşlanyp, ekerançylyk ýerlerini haşal otlar basypdyr, tut

agaçlary gurapdyr, suwaryş desgalary ýumrulypdyr, obalar bolsa boşap galypdyr. Şäherler weýran edilipdir, olaryň ilaty bolsa gyrlypdyr ýa-da yesir edilip äkidilipdir. Ilatyň aman galan bölegi günorta tarap gaçypdyr. Senetçilik önümçiligi diňe käbir obalarda saklanyp galypdyr. Söwda düýbünden diýen ýaly ýatypdyr, onuň ýerini alyş-çalyş eýeläpdir. Puluň wezipesini köplenç ýüpek matalar we atlar ýerine ýetiripdir.

Demirgazyk Hytaýa çarwalaryň çozuşlarynyň tamamlanmagy bilen tobalaryň basyp alan ýerlerinde oba hojalygyny dikeltmek işleri başlaýar. Ilat ýuwaş-ýuwaşdan öz ojagyna dolanyp ugraýar. Ýagdaýdan peýdalanan «güýçli hojalyklar» başardyklaryndan köp ýerleri eýelemäge synanyşyk edipdirler we garyp ekerançylary özlerine tabyn etmäge çalşypdyrlar. Yzyna dolanyp gelýän adamlaryň we hojalyklaryň birnäçesi şol bir ýere dawa edipdirler. Netijede, salgyt ýygnamak işleri kynlaşýar, hazyna bolsa boşap ýatyrdy. Bu ýagdaýlar tobalaryň döreden Weý döwletiniň hökümetini döwlet eýeçiligini berkitmäge we döwlet edarasynyň abraýyny galdyrmaga itekleýär. 485-nji ýylda imperatoryň permany bilen ýeri paýlamagyň we oňa eýeçilik etmegiň täze tertibi kabul edilýär. Bu tertip ylymda «bölek ýer ulgamy» diýlip atlandyrylýar. Elbetde, bu perman ýerden peýdalanmakda ählumumy deňligi ykrar etmändir, ýöne iri ýer eýeleriniň ýerlerini we hukuklaryny çäklendirmekde bu permanyň örän uly ähmiýeti bolupdyr.

Döwlet tarapyndan ýer paýynyň bölünip berilmegi daýhanlary her ýylda döwlet hazynasyna dänäni, ýüpekden we kenepden edilen matalary we pamygy salgyt hökmünde tölemäge borçlandyrypdyr. Şeýle hem salgyt tölemäge borçly edilen ýer eýeleri ýylyň belli günleri döwletiň hasabyna işlemäge-de borçly edilipdir. Salgyt salmakda ýeriň möçberi däl-de, salgyt töleýäniň maşgala sany göz öňüne tutulypdyr. Şonuň üçin oňa jan başyna salgyt diýlip at berlipdir. Obalary dolandyrmagyň täze usuly girizilipdir. Bäş sany hojalyk iň aşaky jemagat guramasyny emele getiripdir. Ol «*lin*» diýlip

atlandyrylypdyr. Bäş sany lin orta jemagat guramasyny - «*li*»-ni emele getiripdir, bäş li bolsa- 125 hojalygy özüne birikdirýän oba guramasyny düzüpdir. Şol birleşikler oba arçynlary ýa-da aksakallary tarapyndan dolandyrylypdyr. Sylag hökmünde ýaňky arçynlaryň maşgala agzalarynyň bir bölegi salgytdan we borçdan boşadylypdyr.

Gürrüňi edilýän permanda aýratyn ýer paýlarynyň bolmagyny göz öňünde tutupdyr. Şol ýer paýlary goşmaça ýerler hökmünde gullaryň eýelerine we iş mallarynyň eýelerine, şeýle hem köp çagaly maşgalalara berilmeli edilipdir. Meselem, maşgalanyň öýlenmedik agzalaryna şol döwürdäki kesgitli ýer paýynyň 1/4, gul eýesiniň 1 guly üçin 1/8, iş maly üçin 1/10 bölegi goşmaça berilmeli edilipdir. Bu tertip-düzgünler feodallaşýan iri ýer eýeleriniň bähbitlerine doly laýyk gelipdir we olara uly ýerleri eýelemäge mümkinçilik döredipdir. Döwlet gullugynda durýan emeldarlara aýlygyň ýerine güzeran görmek üçin ýörite ýer paýlary berlipdir. Olar hojalyk işleri bilen meşgullanmazdan girdeji alypdyrlar. Şeýle hem imperatoryň maşgalasyna, köşk begzadalaryna, «güýçli hojalyklara» we buthanalara köp ýerler berkidilipdir. Şol ýerlerde gullar we ýarym gullar (olar hyzmatkäriň we öý sakçylarynyň wezipesini hem ýerine ýetiripdirler), gelmişekler we daýhanlaryň beýleki garaşly bölegi işledilipdir. Ýerlere döwlet eýeçiliginiň girizilmegi demirgazykda irki orta asyr döwletiň berkleşmegine we merkezleşmegine oňyn täsir edipdir. Döwlet gadymy Hytaý dolandyryş ulgamy boýunça dolandyrylyp başlapdyr.

Öňki çarwa han-begleri häkimiýet başynda durmaklaryny dowam etdirseler-de, olaryň hytaýlaşmagy hem güýçli dowam edipdir. Weý hökümdarlary hytaýlylaryň bilimini we tejribesini giňden ulanypdyrlar we olaryň medeniýetini kabul etmäge çalşypdyrlar. Döwlet edarasynda hytaýlylar uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Döwlet dili hytaý dili diýlip yglan edilipdir, tobalaryň dili bolsa gadagan edilipdir. Wagtyň geçmegi bilen tobalar hytaý egin-başlaryny geýip başlapdyrlar, hytaý edim-gylymlaryny, däp-dessurlaryny ýerine ýetirip ugrapdyrlar.

Olaryň dünýägaraýşynda hem uly üýtgeşmeler bolup geçipdir, olar öz ata-babalarynyň uýan otparazçylyk (şamanizm) dininden ýüz öwrüpdirler we buddizmi kabul edipdirler.

**5. Ýurdy birleşdirmek ugrunda meýilleriň güýçlenmegi.** Gürrüňi edilýän döwürde Demirgazyk we Günorta Hytay birnäçe ululy-kiçili döwletlerden ybarat bolupdyr, ýöne wagtyň geçmegi bilen, esasan hem VI asyrdan başlap Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda adaty gatnaşyklar ýüze çykyp ugraýar. Demirgazykda tobalaryň döreden Demirgazyk Weý döwletiniň ornuna demirgazyk-gündogarda Si (550-557) we demirgazyk-günbatarda Çžou (557-581) döwletleri ýüze çykýar, günortada bolsa özara uruşlar peselmän, tersine güýjäp ugraýar. Uruşlar zerarly gedaý galan daýhanlar, serkerdesiz esgerler, garyp düşen iri ýer eýeleri, begzadalar, söwdagärler we beýlekiler kem-kemden demirgazyga gaçyp başlaýarlar. Üstesine-de, Hytaýyň demirgazygynda ýaşaýan türki taýpalaryň Hytaýa çozmak howpy hem has-da artýar. Şeýle ýagdaýda bütin Hytaýy birleşdirmek we bitewi Hytaý döwletini döretmek meýilleri täzeden janlanyp ugraýar.

Ýurdy birleşdirmek işi Çžou döwletinde başlaýar. Sebäbi olaryň örän söweşjeň goşuny bolupdyr. Üstesine-de, olaryň ýurduna türki çarwalaryň çozmak howpy hem ýüze çykypdyr. Çžou döwletiniň hökümdarlary we olaryň serkerdeleri günorta-günbatarda birnäçe şowly söweşleri amala aşyrýarlar. Soňra olar gündogara ýöriş edip, 581-nji ýylda demirgazyk-gündogardaky Si patyşalygyny boýun egdiripdirler. Basym olar bütin günortany hem eýeläpdirler. Şeýle gysga wagtyň içinde uly döwletiň ýarag güýji bilen birikdirilmeginiň örän çuňňur sebäpleri bardy. Çünki Hytaýyň ykdysady we syýasy bähbitleri içki uruşlaryň tiz gutarmagy we ululy-kiçili gowşak döwletleriň ýeke-täk imperiýa birikdirilmegini talap edýärdi. Uzaga çeken uruşlar oba hojalygyny, senetçiligi we söwdany halys tozdurypdy. Şol döwrüň ýene-de bir aýratynlygy: han (hytaý) milleti Demirgazykda kemala geldi we soňra

demirgazyklylaryň Günortada ornaşmaklary we olar bilen garyşmagy Günortanyň ilatynyň Demirgazyk bilen birleşmäge bolan islegini artdyrypdyr.

**6. Hytaýda merkezleşdirilen Suý we Tan döwletleriniň berkarar edilmegi.** 581-njy ýylda demirgazykdaky Çžou döwletiniň serkerdeleriniň biri Ýan Szýan imperator diýlip yglan edilýär we onuň esaslandyran nesilşalygy we döwleti Suý adyna (581-618) eýe bolýar. Hytaý çeşmeleri Ýan Guany örän zalym hökümdar, häkimligi söýýän, toý-baýramçylyga sarpa goýýan patyşa hökmünde suratlandyrýarlar. Daşary syýasatda imperiýa basybalyjylykly syýasat ýöredipdir. Suýly hökümdarlaryň Hytaýyň demirgazygynda ýerleşýän Göktürkmenleriň döwleti (552-745) bilen uruşmaga bogunlary ysmandyr, şonuň üçin hem olar Koreýa we Wýetnama garşy uruşlary alyp barypdyrlar. Köp sanly deňiz we guryýer goşunlarynyň gatnaşýandygyna garamazdan, ýörişler köplenç şowsuz tamamlanypdyr. Goşuny gerek-ýarak zatlar bilen üpjün etmek üçin ummasyz köp adamlar - daýhanlar sürlüpdir. Tyl işlerinde müňlerçe adamlar açlykdan, suwsuzlykdan we kesellerden ölüpdirler. Esasan hem uruş gidýän ýerler bolan Hebeý-Şandun we Henan welaýatlarynyň ilaty üçin agyr bolupdyr. Hut şol ýerde hem 610-njy ýylda halk gozgalaňy turýar. Hökümet gozgalaňy basyp ýatyryp bilmeýär. Gozgalaňçylar döwlet emeldarlaryndan öç alypdyrlar. Olar özbaşdak patyşalyk döretmäge-de synanyşyk edipdirler. Patyşalyga öňki arçyn we esger Dou Szýan-de saýlanylypdyr. Ýurduň beýleki ýerlerinde-de daýhanlar tolgunşyklary bolup geçipdir.

Taryhy maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, tanlar gadymy hunlaryň nesilleri bolup, olar Demirgazyk Hytaýda uly abraýdan we täsirden peýdalanan hytaýlaşan Li neberesinden gelip çykypdyrlar. Olar asyrlaryň dowamynda Hytaýň demirgazygyndaky döwletleriň taryhynda görnükli orun eýeläpdirler. 400-nji ýylda şu nesilden bolan Li Hao Hytaýyň demirgazyk-günbataryndaky Ansi we Dunhuan welaýatlarynyň

häkimi bolupdyr. Beý Liýan döwletiniň gowşamagyndan peýdalanyp, Li Hao Liýançžou şäherini özüne paýtagt edinip, Si Liýan döwletini esaslandyrypdyr. 422-nji ýylda Li Haonyň döwleti günortaly hunlar tarapyndan eýelenipdir we Li neberesi ýene-de öňküleri ýaly gullukçy maşgala öwrülipdir. Li neslinden bolan gullukçylar, Hytaýyň V-VI asyrlardaky döwletleri bolan Toba-Weý we Beý-Čžou döwletleriniň döwründe-de abraýly derejeleri we orunlary eýeläpdirler. Li neberesinden bolan serkerdeler we döwlet gullukçylary hökümdarlaryna wepaly gulluk edipdirler we şonuň üçin hem uly wezipeleri-derejeleri eýeläpdirler. Ahyr soňy, bu nebere Hytaýyň 28 basgançakdan durýan döwlet gulluk derejeleriniň üçünjisi bolan «Tan gun» derejesine mynasyp bolupdyrlar. 618-nji ýylda Li neberesiniň esaslandyran Tan döwletiniň ady hem şol gulluk derejesiniň adyndan gelip çykypdyr. Şeýlelikde, 200 ýyldan-da gowrak wagtyň içinde tan neberesi, bu sebitde ýaşaýan göktürkmenler we ýerli hytaýlylar bilen garyşyp, aýratyn bir halkyýeti emele getiripdirler. Göktürkmenler olary «tabgaç» diýip atlandyrýardylar. Tanlar hytaýlaşsalar-da, olarda türki däp-dessurlaryna uly hormat goýlupdyr. Bu barada rus alymy L.N. Gumilýow «Tanlar iki taraplaýyn gelip çykyşy bolan nesilşalykdyr. Ony esaslandyran Li Ýuan çarwa däp-dessurlary bilen hoşlaşmadyk, hytaýlaşan türk bolupdyr. Egindeşleri hem onuň özi ýalydy we olar häkimýete öz adamlaryny getirdirler» diýip ýazypdyr.

VI asyryň ikinji ýarymynda şu nebereden bolan Li Hu, onuň ogly Li Ýuan tanymal adamlara öwrülipdirler. Gürrüňi edilýän asyryň ahyrlarynda Li neberesi hem Hytaýda başlan häkimýet ugrundaky göreşlere gatnaşypdyr. Emma 581-nji ýylda häkimýete Suý neberesi gelipdir we olar häkimiýeti eýeläp, Hytaý birlesdiripdirler.

Tan imperatory Li Ýuan (618-626) halkyň ähli gatlaklary barada örän seresaply syýasat ýöredýär. Daýhanlary köşeşdirmek üçin ol geçen ýyllaryň bergilerini ýatyrýar we zähmet borçlarynyň möhletini azaldýar.

**7. Irki orta asyrlarda Hytaýda din we aňyýet.** Hytaýda merkezleşdirilen döwletiň kemala gelmegi bilen döwlet ideologiýasy hökmünde konfusiançylyk berkäp başlaýar. Konfusiançylygyň döremegi we Hytaýda döwlet ideologiýasy hökmünde kemala gelmegi gadymy hytaý akyldary Konfusiniň (Kun-szy - b.e. öňki 551-479) ady bilen baglanyşyklydyr. Konfusiançylyk etiki-syýasy akym bolup, ol uzak asyrlaryň dowamynda döwletiň baş ideologiýasy bolup hyzmat edipdir. Konfusiý ilkinji bolup adamy, jemgyýeti we döwleti kämilledirmegiň ýörelgelerini işläp düzüpdir. Şunda ol döwleti we jemgyýeti dolandyrmak bilen baglanyşykly gadymy ýazgylara esaslanypdyr. Şol ýazgylaryň esasynda «*Lunýuý*» («Gürrüňler we pikirler») kitaby döredilipdir. Ol mukaddes *Dao* (hak ýol, adalatly düzgün, özüňi alyp barmagyň ýörelgeleri) hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Ol «kim säher bilen Daony duýsa, agşamara gynanman ölüp biler» ýa-da «eger-de Hytaýda (Jungo) Dao höküm sürýän bolsa görünjek boluň, ýok bolsa gizleniň» diýip aýdypdyr.

Hytaýyň gadymy taryhyndan gözbaş alyp gaýdýan konfusiançylyk orta asyrlarda-da öz täsirini ýitirmändir. Konfusiýaçy alymlar döwlet, jemgyýetçilik, ahlak ýörelgeleriniň goragçylary we mugallymlary, hukuk-kanunçylyk kadalaryny we bilim ulgamyny işläp düzüjiler bolup galmaklaryny dowam etdirýärdiler. Olar gadymy ýazgylara daýanyp, döwleti dolandyrmagyň öň düzülen ýörelgelerini esas edip almak bilen raýatlaryň hökümdara tabyn bolmaklaryny ündeýärdiler, maşgalada we jemgyýetde tertip-düzgünleriň, kada-kanunlaryň we däp-dessurlaryň berjaý edilmegini wagyz edýärdiler.

Dünýä dinleriniň biri bolmak bilen buddizm jemgyýetde integrirleýji ýa-da jebisleşdiriji ähmiýete eýe bolupdyr. Onuň adamlaryň arasyndaky ählumumy deňlik we birek-birege ýardam bermek hakyndaky ynsanperwer ideýalary onuň tarapyna millionlarça adamlaryň geçmegini üpjün edipdir.

**8.Irki orta asyrlarda Hytaýda ylmyň we medeniýetiň ösüşi.** Jemgyýetçilik durmuşyndaky dawa-jenjeller, halk gozgalaňlary, çarwalaryň çozuşy we beýleki çylşyrymly durmuş hadysalary orta asyr gatnaşyklaryna geçilýän döwürde Hytaýda medeni ösüşi az-kem togtadan hem bolsa, onuň umumy ösüşiniň öňüni alyp bilmändir. Demirgazykda we Günortada harby ýagdaýyň saklanyp galmagyna garamazdan, ýurtda aň ösüşi dowam edipdir. IV-VIII asyrlarda dürli filosoflar, matematikler, ýazyjy-şahyrlar ýaşap geçipdirler we olar ajaýyp eserleri döredipdirler. Şol döwürlerde taryhçylar döwrüň möhüm wakalaryny ýazgy edipdirler we taryhy eserleri döredipdirler.

Günorta Hytaýa goňşy ýurtlardan syýahatçylar, din ýaýradyjylar (missionerler), söwdagärler gelipdirler. Hytaýdan bolsa Hindistanyň keramatly ýerlerine zyýarata gidilipdir. Hytaýly monahlar Fa Sýan (399-415), Sýuan Szan (629-648), I Szin (673-695), Sun Ýun (518-522), Weý Szo (605-616), Hoý-Çao (723-729), U Kun (751-790) Merkezi Aziýanyň we Hindistanyň halklary barada gymmatly maglumatlary galdyrypdyrlar.

Orta asyr inženerleri we arhitektorlary täsin binalary gurmagy başarypdyrlar. Astronomiýa ylmy ösüpdir. VIII asyrda Hytaýda imperator köşgüniň ýanynda Alymlaryň ýokary ýygnagy ady bilen Hanlin akademiýasy döredilýär. Akademiýanyň alymlary imperatoryň buýruklaryny, permanlaryny bir ýere ýygnap çap edipdirler we hökümet habarlary ady bilen žurnal döredipdirler. Meşhur alym Du Ýu (755-812) «Tundýan» ady bilen ilkinji ensiklopediýany döredipdir.

## IX. Tema: Hytaýda orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi

**1.Tan imperiýasynyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Irki orta asyrlarda, aýratyn hem Tan imperiýasynyň ýaşan ilki onýyllyklarynda Hytaýyň ykdysadyýeti ep-esli ösüşlere eýe bolupdyr. Şol wagtlar bölek ýer ulgamy heniz hem dowam edýärdi. Sürüm ýerleri giňeldilipdir, ekinleriň dürli görnüşleri ekin dolanyşygyna girizilipdir, alynýan önümleriň möçberi artypdyr. Bu döwürde täze suwaryş desgalary gurlupdyr, ýerler giňeldilipdir. Suwarymly ekerançylykda hytaýly daýhanlar täze tehniki enjamlary ulanypdyrlar, jykyrlaryň kömegi bilen suwy ýokary götermegi başarypdyrlar. Ekerançylykda ekini çalşyp ekmegi özleşdiripdirler. Daýhanlar bir wagtyň özünde dürli wagtlarda ýetişýän iki ekini bir ýere ekip hasyl almagy başarypdyrlar.

Döwlet häkimiýeti ekerançylyk pudagyny öz gözegçiliginde saklamaga çalyşsa-da ýa-da bu ugurda iri ýer eýeçiliginiň ösüşiniň öňüňi almaga gönükdirilen birnäçe çäreleri amala aşyran-da bolsa, bu ýagdaýyň öňüni almak başartmandyr. Sebäbi täsirli begzadalar, emeldarlar, söwdagärler dürli ýollar bilen döwlete salgyt töleýän daýhanlaryň ýerlerini ellerinden alypdyrlar ýa-da olary öz mülklerine çekipdirler. Sebäbi hususy mülklerde işledilýän daýhanlar sansyz-sajaksyz döwlet salgytlaryndan we borçlaryndan boşadylypdyr. Iri ýer eýeleri öz ýerlerine täze ýaplary çekmek bilen döwlet ýerlerinde oturýan daýhan ýerlerini suwsuz goýupdyrlar we olary tozdurypdyrlar. Tozan daýhanlar ýa ýerlerini taşlap gaçyp gidipdirler ýa-da iri ýer eýeleriniň kärendeçilerine öwrülipdirler.

Bölek ýer ulgamynyň gowşamagyna kähalatlarda imperatorlaryň özleri hem sebäp bolupdyrlar. Çünki hökümdarlar wepaly gulluklary ýa-da aýratyn hyzmatlary üçin öz garyndaşlaryna we täsirli adamlara, bar bolan çäklendirmelere garamazdan, ekerançylyk ýerlerini şol ýerde oturan daýhanlary bilen bilelikde beripdirler. Bu bolsa şol

ýerleriň soňra hususy ýerlere öwrülmegine getiripdir. Eger-de, 710-njy ýylda 140-dan gowrak ýokary derejeli begzada maşgalalary imperatordan ýer sowgadyny alan bolsalar, 766-njy ýylda şeýle hojalyklaryň 400-sine ýer berlipdir.

Döwlete salgyt töleýänleriň sanynyň görnetin azalmagy döwlet hazynasyny gowzadypdyr. Döwlet bolsa salgyt töleýanleriň sanyny saklajak bolup netijesiz göreşipdir. Imperatorlar tarapyndan döwlete salgyt töleýän ýerleriň eýelenilmegine garşy her hili permanlar çykarylypdyr. Döwlet ýerleriniň eýelenendigi üçin ýörite jeza çäreleri bellenipdir. Ýerleiň satylmagy we satyn alynmagy gadagan edilse-de, barybir, döwlet bu ýagdaýyň öňüni alyp bilmändir. Döwlet hat-da «müdimilik berlen ýerleri» satmagy gadagan etmäge-de synanyşypdyr.

Özleriniň ykdysady ýagdaýlaryny berkidip, iri begzadalar merkezi döwlet häkimiýetini gowşatmaga dyrjaşypdyrlar. Käbir täsirli begzadalaryň güýçlenmeginden we separatistik (merkezi häkimýetden bölünip aýrylmaga ymtylýan güýçler) meýillerden gorkusyna imperatorlar ýerlerdäki harby serkerdelere käbir dolandyryş wezipelerini hem beripdir. Bu bolsa, tersine, ýerlerde iki häkimiýetliligiň döremegine sebäp bolupdyr.

Hazynanyň gowzamagyna Hytaý tarapyndan basylyp alnan ýa-da Hytaýya ýapja ýurtlaryň özbaşdaklyga eýe bolmagy hem sebäp bolupdyr. 751-nji ýylda araplardan ýeňlenden soň Hytaýyň Beýik ýüpek ýolundaky täsiri peselipdir. Demirgazyk-gündogarda ýurduň üstüne kidanlar çozup durupdyrlar, Koreýa elden gidipdir, üstesine-de, tanlar serhetde goranyş uruşlaryny hem alyp barmaly bolupdyr.

Tanlara kömege gelen çarwalar hem Hytaýdan elleri boş gitmändirler. Olar yzlaryna gaýdanlarynda ýurdy keýp edip talapdyrlar. Durmuş-ykdysady we syýasy çökgünligiň netijesinde ýurt halys tozupdyr. Şonuň üçin hem Hytaýda ykdysady özgertmeleri geçirmäge synanyşyk edilýär. Özgertmeleri geçirmek üçin bolsa öňi bilen salgyt töleýän ilaty hasaba almalydy. Ilaty hasaba almak üçin bolsa serişde

gerekdi, serişdeler bolsa Hytaý hökümetinde bolmandyr. Öňden hereket edip gelýän ekerançylyk babatyndaky kanunlary hem ýöredip bolanokdy, sebäbi iri ýer eýeleriniň sany has hem köpelipdir. Mälim bolşy ýaly, olar her hili ýollar bilen döwlete salgyt tölemeýärdiler.

**2.Ýan Ýanyň özgertmeleri.** 763-nji ýylda salgyt özgertmesi geçirilip başlaýar. Özgertmäni hökümetiň birinji ministri Ýan Ýan işläp düzüpdir. Ol bölek ýer ulgamynyň öz ähmiýetini ýitirendigi baradaky pikiri öňe sürüpdir. Ýan Ýan salgydy kimiň töleýändigininiň ähmiýetiniň ýokdugyny, ýagny daýhanmy ýa-da iri ýer eýesimi, esasy meseläniň hazyna salgyt gelmelidigini düşündirmegi başarypdyr. Ol daýhan ýerlerini saklajak bolup ýa-da olara ýer paýlap berjek bolup azara galmaly däl, sebäbi olaryň içinde ýerini oňarjagy, oňarmajagy bar, üstesine-de, hökümet her ýyl daýhanlaryň arasynda ýer paýlanyşygyny geçirjek bolsa ýa-da gurakçylyk ýyllary olara kömek berjek bolsa, onda başga işem gerek däl diýip aýdypdyr.

Täze salgyt ulgamy «güýçli hojalyklaryň» we iri ýer eýeleriniň bähbitlerine uly zarba urupdyr, sebäbi olar öňler salgyt tölemekde köp ýeňilliklerden peýdalanýardylar. Hökümetiň girizen bu çäresi olaryň ýiti garşylygyny döredipdir. Şeýlelikde, Lýanşuý ulgamy bölek ýer ulgamyny ýok edip, onuň ornuna ýere hususy eýeçiligi resmileşdiripdir.

Lýanşuý ulgamynyň girizilmegi daýhanlaryň ezilmegini öňküsindenem güýçlendiripdir. Garaşly daýhanlar öz işläp bejerýän ýerleriniň hojaýynlaryna ýer salgydyndan başga döwlete-de salgyt töläpdirler. Salgytlaryň artmagy daýhanlaryň gününi has-da kynlaşdyrypdyr, olaryň köpüsi ýerlerinden mahrum bolup, iri ýer eýeleriniň golastyna düşupdirler.

Daýhanlar bilen bir hatarda söwdegärleriň we şäherlileriň hem ýagdaýy kynlaşypdyr. Salgyt ulgamynda para-peşgeş artypdyr. Köşk adamlarynyň, harbylaryň arasynda häkimiýet ugrunda bäsdeşlik güýçlenipdir. Tan imperiýasy gowşapdyr.

**3. Huan Çaonyň baştutanlygyndaky daýhanlar gozgalaňy.** IX asyryň ahyrlarynda ýurtda häli-şindi gozgalaňlar

turupdyr. Bu gozgalaňlara ýersiz galan we tozan daýhanlaryň, harby adamlaryň, esgerleriň, öýsüz-öwzarsyz galan garyp adamlaryň uly toparlary gatnaşypdyr.

874-nji ýylda Gansu, Şensi, Henan, Şandun welaýatlarynda daýhan gozgalaňlary başlaýar. Gozgalaňa Wan Sýançži baştutanlyk edipdir. 875-nji ýylda gozgalaňçylara Huan Çao hem goşulýar we Wan Sýançžiniň iň ýakyn egindeşine öwrülýär. Huan Çao harby işden gowy baş çykarypdyr. Ol öň bikanun duz söwdasyny edýär eken.[1] Gysga wagtyň içinde gozgalaňçylaryň sany 100 müňe ýetipdir. Gozgalaňçylar ady agzalan welaýatlarda talaňçylyk, zorluk edýärdiler, iri ýer eýelerini, olaryň maşgala agzalaryny öldürýärdiler.

Gozgalaňçylary köşeşdirmek üçin gozgalaňyň baştutanlaryna, hususanda, Wan Sýançžiniň özüne uly wezipeleri hödürläpdirler. Emma Wan Sýançži hökümet bilen gepleşiklerden boýun gaçyrypdyr. Ýöne, tiz wagtdan onuň Huan Çao bilen arasy bozulypdyr. Netijede, gozgalaňçylar ikä bölünip, hersi özbaşdak hereket edip başlapdyrlar. 878-nji ýylda Wan Sýançži günbatara – hökümet goşunlaryna garşy ýörişe ugraýar. Tan hökümetine çarwalar ýardam beripdir, şonuň üçin hem uruş Wan Sýançžiniň topary üçin şowsuz gutarypdyr. Ol ýeňilipdir we ýesir alnyp öldürilipdir.

880-nji ýylda Huan Çao ýene-de demirgazyga ugraýar. Şol ýylyň dekabrynda gozgalaňçylar Loýan şaherini söweşsiz eýeleýärler. Aşaky gatlaklar, şäherliler, harbylaryň bir bölegi onuň tarapyna geçýär. 881-nji ýylyň 10-nji ýanwarynda Tan imperiýasynyň paýtagty Çanan uly söweşden soň gozgalaňçylaryň eline geçýär. Imperator maşgalasy bilen günorta gaçýar. Örän köp emeldarlar, patyşa maşgalasynyň agzalary öldürilýär. Gozgalaňçylar şäher garyplary bilen oljalaryny paýlaşypdyrlar. Huan Çao imperator diýlip yglan edilýär. Onuň golaý egindeşleri dürli wezipeleri eýeläpdirler,

[1] Hytaýda duz söwdasy döwletiň elinde bolupdyr, şol sebäpden hem kesekilere duz söwdasyny etmek gadagan edilipdir. Kimde-kim döwletden rugsatsyz duz söwdasyny etse, kanun esasynda jezalandyrylypdyr.

gozgalaňçy serkerdeleriň 500-si «hatyraly» adamlar diýlip yglan edilipdir.

Emma gozgalaňçylaryň anyk maksatnamasy bolmandyr. Üstesine-de, gaçyp giden imperator hem ýöne ýatmandyr. Imperator çarwalary hakyna tutupdyrl. Çarwalar Huan Çaonyň şäherde ýoklugyndan peýdalanyp (ol demirgazyga ýörişe gidipdir) şähere girýärler we paýtagty talap başlaýarlar. Huan Çaonyň esgerlerine olary kynlyk bilen şäherden gysyp çykarmak başardýar. Emma şäherde-de ýagdaý kynlaşypdyr. Çananda açlyk höküm sürüpdir, üstesine-de, käbir serkerdeleriň dönükligi gozgalaňçylaryň ýagdaýyny kynlaşdyrypdyr. Şol sebäpden hem 883-nji ýylyň 20-nji maýynda Huan Çao şäherden çykmaga mejbur bolýar we Henan welaýatyna tarap ugraýar. Pursatdan peýdalanyp tan hökümeti tarapyndan hakyna tutulan çarwalaryň 17 müňlük söweşjeň atly goşuny Çanany ikinji gezek talaýar.

874-884-nji ýyllaryň gozgalaňynyň uly ähmiýeti bolupdyr. Agalyk edýän Tan nesilşalygynyň häkimiýeti abraýdan düşýär we IX asyryň başlarynda olaryň häkimiýeti synýar. Tanlaryň döwründe agalyk eden ýokary gatlaklar hem uly ýitgileri çekýärler. Gozgalaňlar sebäpli köp ýyllaryň dowamynda daýhanlar döwlete salgyt tölemändirler, döwlet borçlaryny ýerine ýetirmändirler.

**4. X asyrdaky özara uruşlar we Sun imperiýasynyň döredilmegi.** Huan Çaonyň gozgalaňdan soň Hytaýda häkimiýet ugrunda uzaga çeken özara uruşlar başlaýar, sebäbi dolandyryjy tan nesilşalgy häkimiýeti elden giderýär. Ýurtda merkezi häkimiýetiň ýoklugundan peýdalanyp, welaýatlarda serkerdeler hojaýynçylyk edýärdiler.

X asyryň başlarynda Hytaýyň goňşusy bolan kidan taýpasy güýçlenip ugraýar. Kidanlar imperiýa döredýärler we olaryň serdary Ambigan Ýelýuý hökümdar bolýar. Kidanlaryň esaslandyran döwleti Lýao (916-1125) diýlip atlandyrylyp, olar Demirgazyk Hytaýyň içerki işlerine hem gatyşyp ugrapdyrlar. X asyryň 40-njy ýyllarynda olar Kaýfyn şäherini eýeleýärler,

ýöne halk köpçüligi gozgalaň turzup, kidanlary şäherden kowup çykarýar. Sebäbi kidanlar Hytaýda häklimýeti öz ellerine alyp ýurduň imperatory bolmaga çalşypdyrlar.

Sunlaryň döwründe-de ýere hususy eýeçilik agalyk edipdir. Bu döwürde ekerançylyk ýerleri hytaýly iri ýer eýeleri tarapyndan eýelenilipdir, täze-täze ýerler özleşdirilipdir. Hytaý hökümeti iri ýer eýeleriniň täze ýerleri özleşdirmekleriniň öňüni almaga dyrjaşypdyr. Sebäbi daýhan hojalyklarynyň ýagdaýy ýene-de ýaramazlaşypdyr we ýurtda närazylyk güýçlenipdir. 994-nji ýylda Syçuan welaýatynda halk gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňçylar Çendu welaýatyny eýeläp, Beýik Şu döwletini esaslandyrýarlar. Ýöne 995-nji ýylda hökümet goşunlaryna gozgalaňçylary derbi-dagyn etmek başardýar. Şeýle gozgalaňlar 1043-nji ýylda Şandun welaýatynda, 1047-nji ýylda bolsa Hebeý welaýatynda-da bolup geçýär. XII asyryň 20-30-njy ýyllarynda daýhanlar gozgalaňlary günorta we merkezi welaýatlarda-da turýar. Emma gozgalaňlaryň ählisi netijesiz tamamlanypdyr.

Tangutlaryň güýçlenmegi Hytaýyň içeri we daşary-syýasy durmuşyna, onuň halkara abraýyna ýaramaz täsir edipdir. Tangutlar Sun imperiýasynyň Hindistan we Merkezi Aziýa bilen arasyny kesipdir, has beteri-de, sunlar tangutlara paç tölemäge-de mejbur edilipdir.

## X. Tema: Hytaý XIII-XV asyrlarda

**1. Hytaýy mongollaryň basyp almagy.** XII asyrda Hytaýyň ýerinde dört sany döwlet bardy. Olaryň arasynda diňe Sun imperiýasy hytaýlylaryň öz döwletidi. Sun imperiýasyndan başga-da, ýurduň demirgazygynda – çžurçženleriň Szin (1115-1234), demirgazyk-günbatarynda – tangutlaryň Günbatar Sýa döwleti (1032-1227), Ýunnanda (günortada) bolsa Nançžao döwleti bolupdyr. Bu ýagdaý Hytaýyň dagynyklygynyň alamatydy.

XIII asyryň başlarynda Hytaýyň üstüne ýene-de howp abanýar. Bu howpy söweşjeň mongol taýpalary döredýärdi. Ondan öň Hytaýyň üstüne tangutlar, çžurçženler çozup heläk edipdirler. 1206-njy ýylda mongol döwletiniň döremegi bilen mongollaryň Hytaýa salýan howpy has hem güýjeýär.

Çžurçženler bilen alnyp barlan uruşlardan soň mongollar 1235-nji ýylda Günorta Sun döwletine garşy söweş hereketlerine başlaýarlar. Günorta Sun döwletine garşy uruşlaryň alnyp barylýan döwründe 1251-nji ýylda Hytaýa Çingiz hanyň agtygy Hubilaýyň baştutanlygynda uly goşun iberilýär. Şol ýörişe beýik hökümdar Müňke han hem gatnaşýar we söweşleriň birinde öldürilýär. Müňke ölenden soň Hubilaý han basylyp alnan hytaý ýerleriniň hökümdary bolýar.

Şeýlelikde, mongollar ägirt uly ýerleri basyp alyp, kuwwatly döwlet döredýärler. Bu döwlet öz düzümine mongol ýerlerinden başga-da tutuş Hytaýy hem öz içine alypdyr. Täze dörän döwlete mongollar hytaý däpleri boýunça «*Ýuan*» - «Dünýäniň başky ýaradylyşy» - adyny dakýarlar.

**2. Hytaý mongollaryň gol astynda.** Hytaýy eýelänlerinden soň mongollar döwletiň paýtagtyny Pekine geçirýärler. Şäheriň adyny bolsa «Hanbalyk» – «Han şäheri» diýip üýtgedýärler. Mongol çozuşlary Hytaýy ägirt uly tozgunçylyga sezewar edipdir, şäherler, obalar weýran bolupdyr. Ýurduň ilaty gyrylyp, birnäçe esse azalypdyr. Mongollaryň başky maksady Hytaýy basyp alyp, ony ägirt uly öri meýdana öwürmek eken. Ýöne, siwilizasiýanyň lezzeti olary bu maksatdan el çekmäge mejbur edipdir. Hubilaý hanyň käbir maslahatçylary hökümdara Hytaý siwilizasiýasynyň artykmaçlygyny düşündirmegi başarypdyrlar.

Mongol agalygy döwründe hytaý köşgünde daşary ýurtlylar hem işläpdirler. Dürli ýyllarda Rim papasynyň ilçisi Jowanni Monte Korwino, italýan syýahatçysy Odariko de-Pardenone, wenesiýaly täjir Marko Polo dagylar Ýuan hanynyň Pekindäki köşgünde işläpdirler.

XIV asyryň ortalaryndana başlap Ýuan döwleti hem

gowşap ugraýar. Üstesine-de, tebigy betbagtçylyklar hem hälişindi gaýtalanyp durupdyr. Ýurtda ekerançylyk ýerleri azalypdyr, senetçilik, söwda pese düşüpdir, döwletiň hazynasyna gelýän girdejiler üzül-kesil azalypdyr. Şol sebäpden hem mongol hökümdarlary tarapyndan berk gadagan edilendigine garamazdan, daýhanlar ellerine ýarag alypdyrlar. Hytaýyň dürli sebitlerini halk gozgalaňlary gurşap alypdyr. Ýurduň dürli ýerlerinde kesekileriň hökümdarlygynyň soňunyň golaýlap gelýändigi hakyndaky myş-myşlar hem köpçülikleýin ýaýrapdyr. Şol döwürler ýurduň dürli künjeklerinde gizlin dini jemgyýetler döräpdir. Olar «Geljegiň Buddasynyň» - Maýtreýiniň geljekdigi hakyndaky gürrüňleri ýaýradypdyrlar we eşretli zamananyň golaýlaşýandygyny halk arasynda wagyz edipdirler. Gizlin iş alyp barýan buddaçylyk jemgyýetleriniň biri bolan «Akgül jemgyýeti» kesekilere garşy halk köpçüligini söweşe çagyrypdyr we jemgyýetiň yzyna eýerijiler halk ar alyjylary bolan «Gyzyl goşuny» döredipdirler. «Gyzyl goşunyň» ähli esgerleri gyzyl geýnipdirler, sebäbi bu reňk – Maýtreýiniň simwoly eken. «Gyzyl goşun» demirgazykda üstünlikli hereket edipdir. Gozgalaňçylar Kaýfyn, Datun ýaly uly şäherleri eýeläpdirler.

«Akgül jemgyýeti» tarapyndan turzulan gozgalaňlar 1351-nji ýylda Hytaýyň merkezi welaýatlarymy hem gurşap alypdyr. Hytaýyň merkezinde ýerleşen Anhueý welaýatyndaky toparlanyşya Go Szýasin, 1355-nji ýylda ol ölensoň bolsa Çžu Ýuançžan baştutanlyk edipdir.

**3. Min hökümetiniň amala aşyran durmuş-ykdysady çäreleri.** Mongol agalygy Hytaýyň hojalygyny tozdurypdy. Baý şäherler talanyp, ekerançylyk ýerleri işlenip bejerilmeýärdi. Şonuň üçin hem Çžu Ýuan-çžanyň (1368-1398) dolandyran ýyllarynda Hytaý ýuwaş-ýuwaşdan ykdysady çökgünligiň we tozgunçylygyň täsirinden çykyp ugraýar. Min hökümdarlary we olaryň köşk begzadalarynyň köpüsiniň asly daýhanlardan bolandygy üçin olar halkyň ýagdaýyny az-kem ýeňilleşdirmäge çalşypdyrlar. Konfusiýaçy alymlaryň

maslahatlaryna eýermek bilen hökümdar mazmuny boýunça bölek ýer ulgamyny ýada salýan ýer özgertmesini geçirmäge çalşypdyr. Min nesilşalygy häkimiýet başyna gelenden soň ýurduň günortasynda hususy mülkler, demirgazykda bolsa döwlet ýerleri agdyklyk edipdir.

Bu döwürde suwaryş ulgamlaryny we bentleri dikeltmek hem giň gerime eýe bolupdyr. Netijede, daýhan hojalyklarynyň ýer, iş mallary, zähmet gurallary bilen üpjün edilmegi, salgydyň möçberiniň azaldylmagy, gullara erkinlik berilmegi Hytaýda ekerançylyk pudagynyň ösüşine gowy täsir edipdir. Min hökümeti salgyt ulgamyny tertibe salmak bilen baglanyşykly işleri durmuşa geçirmäge-de synanyşyk edipdir. Döwlet hazynasyna girdejileriň yzygider gelmegini üpjün etmek maksady bilen yurt boýunça ekerançylyk ýerleriniň ölçegi geçirilipdir we salgyt töleýjileriň sany kesgitlenilipdir. Munuň üçin etraplarda, welaýatlarda we merkezde ýörite kitapçalar ýöredilipdir. Salgyt tölemäge degişli edilen ilatyň sanawy kesgitlenilenden soň, olar öz ýaşaýan ýerlerine berkidilipdir.

Hytaýly daýhanlar ýylda iki gezek önüm görnüşinde (tüwi, bugdaý, arpa we mata) salgyt töläpdirler. Bulardan başga-da, daýhanlar ýylyň dowamynda bir gezek döwletiň peýdasyna zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler. Döwlet ýerlerinde oturýan daýhan hojalyklaryna salynýan salgydyň mukdary, hususy ýerlerdäki daýhanlara salynýan salgytdan agyr bolupdyr. Döwlet ýerinde oturanyň baýdygyna, orta tapdadygyna ýa-da garypdygyna garamazdan, olaryň ählisinden salgyt alnypdyr. Emma hususyýetçilere we olaryň ýerlerinde işleýänlere az möçberde salgyt salnypdyr. Sebäbi hususy ýerlerdäki daýhanlar öz işläp bejerýän ýerlerinň eýelerine köp salgyt töleýärdiler.

Çžu Ýuan-çžanyň dolandyran ýyllarynda kagyz pullarynyň ornuna bürünçden zikgelenilen pullar dolanyşyga goýberilipdir. Min hökümdary öz şöhratyny artdyrmak maksady bilen döwlet işinde ýolbaşçylardan hasabat soramak

düzgünini girizipdir. Täze häkimiýetler tarapyndan amala aşyrylan döwlet hem-de halk bähbitli işler bilen bir hatarda ýurtda orta asyr tertip-düzgünleri hem berkidilipdir.

**4. XIV asyrýň ahyrlarynda – XV asyrda Hytaýyň daşary syýasaty.** Mongol basybalyjylaryna garşy göreşiň netijesinde gaýtadan dikeldilen Hytaý döwleti özüniň halkara abraýyny dikeltmäge girişipdir. Min hökümdarlary daşary syýasatda Hytaýyň asyrlar boýy öňe süren «kesekileriň üstünden agalyk» doktrinasyna eýermäge çalşypdyrlar. Başky ýyllarda min hökümetiniň esasy aladasy mongollaryň elinden hytaý ýerlerini gaýtaryp almak we olaryň çozuşlaryna gaýtawul bermek meseleleri bolupdyr. Şu maksat bilen ýurduň demirgazyk-günbatar serhetlerinde gorag berkitmeleri gurlupdyr we bu ýerlerde gowy ýaraglandyrylan goşun bölümleri ýerleşdirilipdir. Min hökümeti Beýik Hytaý diwaryny berkitmäge-de uly üns beripdir. Min hökümdarlary ýurduň deňiz serhetlerini ýapon garakçylaryndan goramak we deňiz portlaryny berkitmek hakynda-da köp aladalanypdyrlar. 1374-nji ýylda hytaý deňiz goşunlary ýapon garakçylarynyň Rýukýu adasyndaky gämilerini gark edipdir we olaryň köp sanlysyny olja alypdyr. 1388-nji ýylda Koreýa bilen Hytaýyň arasyndaky jedeller hem Koreýanyň hytaý ýapjalygyny kabul etmegi bilen çözülipdir.

Hytaý goşunlary ýurduň demirgazygynda-da okgunly hereket edipdir. Ýarym millionlyk hytaý goşunlary imperator Çžu Diniň hut özüniň serkerdelik etmeginde Mongoliýa çozup girýär we 1410-njy ýylda Onon derýasynyň boýunda mongol atlylaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär. Hytaý goşunlary soňra mongollary Tola derýasynyň boýunda-da derbi-dagyn etmekligi başarýarlar. Mongoliýa garşy ýörişler 1424-nji ýyla çenli dowam edipdir. 1419-njy ýylda Lýoudun ýarym adasynyň kenarlarynda hytaýlylar ýapon garakçylarynyň güýçlerini hem kül-peýekun edýärler.

Min hökümetiniň daşary syýasy gatnaşyklary has-da giňäpdir. 1402-1404-nji ýyllarda alysdaky ýurtlaryň köpüsine,

sol sanda Hindistana hem ilçiler toparlary ugradylypdyr. Aýratyn hem ajaýyp hytay deňizde ýüzüjisi we diplomaty Çžen Heniň baştutanlygyndaky deňiz goşunlarynyň syýahaty uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Onuň baştutanlygyndaky deňiz goşunynyň düzüminde 50-60 sany uly gämiler we olaryň ýanynda kömekçi wezipäni ýerine ýetiren onlarça ownuk gämiler bolupdyr. Bu deňiz goşunynda 27-30 müň töweregi esgerler, deňizçiler, täjirler, senetçiler, kätipler bar eken. Deňiz goşunlary ok-ýaraglar, dürli esbaplar bilen enjamlaşdyrylypdyr, gämilere köp mukdarda hytaý harytlary, baý sowgatlar hem ýüklenilipdir. Çžen He bilen bileleikde hytaýly ilçiler hem ugrapdyrlar.

XV asyryň ýüzüşleriniň uly ähmiýeti bolupdyr. Hytaý hökümeti diplomatik gatnaşyklaryň kömegi bilen goňşy we alys ýutlara öz täsirini güýçlendirmäge çälşypdyr. Hytaý deňizde ýüzüjileri söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar, daşary ýurt täjirlerini Hytaý bilen söwda etmäge çagyrypdyrlar, alys ýurtlaryň harytlary bilen tanşypdyrlar, söwda ýollaryny garakçylardan arassalapdyrlar. Beýik ýüpek ýolunda Hytaýyň täsiriniň gaçandygy zerarly hökümet deňiz söwdasyna aýratyn uly ähmiyet beripdir, üstesine-de şol döwürler hytaýlylar Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna göçüp hem başlapdyrlar.

## XI. Tema: XVI – XVII asyryň birinji ýarymynda Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy

**1. Hytaýda durmuş-ykdysady çökgünligiň başlanmagy.** Hytaýyň XVI-XVII asyrlar döwrüniň taryhy orta asyr gatnaşyklarynyň pese gaçyp başlamagy bilen häsýetlendirilýär. Bu çökgünlikler esasan ýurduň ykdysadyýetiniň pese düşmegi, durmuş gapma-garşylyklarynyň we syýasy göreşleriň ýitileşmegi bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. Mongol çozuşlary bilen bagly bolan ykdysady tozgunçylyk, Min imperiýasy döwründe dikeldilen dolandyryş

ulgamy, Hytaýda yzagalak orta asyr düzgünini has-da berkitdi.

XV asyryň ahyryna çenli iri begzadalaryň baýlygy we olaryň döwlet syýasatyna täsiri biçak artdy, halk köpçüliginiň ezilmegi öňküsindenem güýçlendi. Şunuň bilen bir hatarda, feodal jemgyýetiň içinde täze durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň döremeginiň irki alamatlary-da peýda bolup başlady.

Ekerançylykda daýhanlar tohumlaryň hilini ýokarlandyrýardylar, ekin dolanyşygyndan gowy baş çykarýardylar, ekerançylyk pudagynda ösdürilip ýetişdirilýän ösümlikleriň ekilişiniň we suwarylyşynyň wagtyny-sagadyny bilýärdiler, ekin dolanyşygyny göz öňüne tutýardylar. Daýhanlar ýerde yzgar saklamagy, ýörite usullar boýunça ýeri dökünlemegi, bir mellekde birnäçe ekini bir wagtda ekmegi we ýetişdirmegi başarypdyrlar. Ekerançylykda tehniki ekinleriň ekilýän ýerleri, aýratyn hem gowaça ekilýän ýerleriň mukdary artypdyr. Oba ýerlerinde nahmata dokamaklyga köpçülikleýin geçip başlapdyrlar we ilat öz öndüren önümlerini giňden ulanypdyrlar.

**2. Hususy ýer eýeçiliginiň görnüşleri we salgyt ulgamy.** Oba hojalyk önümçiliginde zähmet gurallarynyň köp dürli görnüşleriniň ulanylandygyna garamazdan, olar örän sada we öndürijiligi pes ýagdaýynda galmagyny dowam etdiripdir. Esasan gol zähmeti höküm sürüpdir. Daýhan hojalyklarynyň ygtyýarynda ýabylar bolmandyr, beýleki iş mallaryndan öküzleriň, sygyrlaryň we eşekleriň ýiti ýetmezçili duýulypdyr. Daýhanlar diňe elleri bilen ýeri işläp bejeripdirler, gerdenleri bilen her hili zatlary daşapdyrlar. Şeýle azap bilen öndürilen önümler bolsa, adatça, daýhan hojalygyny kanagatlandyrmaga ýetmändir. Artykmaç önümleri bolmadyk daýhan hojalyklary tozupdyr. Şunuň netijesinde bolsa köpçülikleýin açlyklar, ykmandaçylyk we ilatyň garyplaşmagy şol döwrüň giň ýaýran durmuş hadysasy bolupdyr.

Daýhanlardan alynýan önümler köp sanly maşgalalary eklemek üçin begzadalaryň köşklerine, dolandyryjylaryň öýlerine ýygnalypdyr. Bazar bilen göni gatnaşyk bolmandyr.

Sebäbi begzadalar zerur zatlary öz mülklerinden we hazynadan alypdyrlar. Olar diňe gymmat bahaly zynatlary satyn alypdyrlar. Begzadalaryň mülklerinde tehnikany kämilleşdirmegiň we hakyna tutma işçi güýjüni ulanmagyň zerurlygy bolmandyr. Olarda daýhany ezmegiň öňden gelýän görnüşleri we hak-hukuksyz adamlaryň zähmeti agdyklyk edipdir. Üstesine-de, emlägi nesilden–nesle geçirmegiň takyk kanuny bolmansoň, begzadalar hojalygy ýöretmäge parhsyz garapdyrlar. Olaryň bar ünsi hojaýynçylyk edýän döwründe öz eýelik edýän mülkünden mümkin boldugyça köp girdeji almaga gönükdirilipdir.

Begzadalar daýhanlarlardan her hili ýygymlary we salgytlary ýygnapdyrlar, ýöne döwlet hazynasyna hiç zat tölemändirler. Imperatorlar öz garyndaşlaryna we täsirli adamlara döwlet ýerlerini şol ýerde oturan daýhanlary bilen birlide, hatda ownuk ýer eýeleriniň hem ýerlerini mülk edip beripdirler. Netijede, döwletiň hazynasyna gelýän girdejiler azalypdyr, döwlet büjetini düzmek çynlakaý meselä öwrülipdir.

Ekerançylyk ýerleri eýelenilýän mahaly iri begzadalar öz hojalygyny başarnykly ýöredýän gurply daýhanlary, hatda ownuk we orta mülkdarlary hem tozdurypdyrlar. Döwlete salgyt töleýänler, hususyýetçi mülkdarmy ýa-da döwlete salgyt töleýän daýhanmy, tapawudy ýok, olar hökümdarlaryň ýa-da dolandyryjy toparlaryň doly garaşlylygynda galypdyrlar. Döwlet daýhanlaryna, özbaşdak hojalyk ýöredýän hususyýetçi daýhanlara we ownuk ýer eyelerine dolandyryjylar tarapyndan berk talaplar bildirilipdir. Köplenç, olar oturan ýerlerden çykarylyp, ýarpaçylar bilen çalşyrylypdyr.

XV-XVII asyrlarda hususy eýeleriň ýa-da begzadalaryň mülklerindäki ownuk melleklerde oturan daýhanlaryň sany hem ep-esli artypdyr. Köplenç ýagdaýda, olar gös-göni salgyt töleýänler bolmandyrlar-da, dürli borçlary ýerine ýetirýän, özlerine derek däl-de, ýeriň hojaýynynyň ornuna salgyt töleýän adamlar bolupdyrlar. Olaryň hojaýyna töleýän ýer salgydynyň mukdary hasylyň 50%-ni tutupdyr. Bulardan başga-da, şeýle

daýhanlar her hili senetçilik önümlerini öndürmeklige we dürli işleri ýerine ýetirmäge borçlandyrylypdyr, olaryň maşgala agzalary bolsa hojaýynyň hojalygynda hyzmatkärlik edipdirler.

**3. Daýhanlaryň ýagdaýy, halk gozgalaňlary.** Min hökümeti özüniň we begzadalar gatlagynyň isleglerini kanagatlandyrmak, şeýle hem harby çykdajylaryň öwezini dolmak üçin hemişe salgytlary ardyrmaga çalşypdyr. Bu bolsa asaky gatlaklaryýyň gün-güzeranyny çydamsyz ýagdaýa getiripdir. Sebäbi salgyt töläp bilmeýän daýhanlar, senetçiler we ownuk söwdagärler kyn günlere sezewar edilipdir. Munuň üçin salgyt töläp bilmeýänleriň garyndaşlaryna-da azar beripdirler. Eger-de, min nesilşalygynyň dolandyran başky ýyllarynda gaçgak daýhanlary tutup yzyna dolap getirmek barada buýruklar çykarylan bolsa, XVII asyrda daýhanlary ýerden kowmaklyk we olary ýerden mahrum eteklik giň gerime eýe bolupdyr. begzadalar tarapyndan daýhanlaryň ýerleriniň köpçülikleýin eýelenen ýerleri bolan ýurduň demirgazygynda ilatyň üstüne açlyk howpy abanypdyr.

Hytaýyň günortasynda-da ýerler hakyky eýeleriniň ellerinden alnyp, ýarpaçylar bilen çalşyrylypdyr. Ownuk mülkdarlar bu ýerde-de çökder salgytlardan ejir çekipdirler, ýöne olary yerden kowmaklyk we emläklerini ellerinden almaklyk seýrek hadysady. Hytaýyň demirgazyk we kemkäsleýin merkezi welaýatlarynyň yersiz galan daýhanlary dag jülgelerine, jeňňellere ýygnanyp, iri ýer eýeleriniň mülklerine çozuşlary gurapdyrlar. Kähalatlarda daýhan gozgalaňlary giň ýerleri öz içine alypdyr. 1507-1512-nji ýyllarda Hubeý we Hunan welaýatlarynda kuwwatly halk çykyşlary bolup geçipdir. Häkimiýetler uly goşun birikmelerini olaryň üstüne sürüp, gozgalaňyň beýleki welaýatlara geçmezligi üçin dürli çäreleri geçiripdirler. Emma 1513-nji ýylda Szýansi welaýaty täze gozgalaňyň merkezine öwrülip, ol ýerde on müňlerçe gozgalaňçy hereket edipdir.

Uzaga çeken şeýle gozgalaňlar Syçuan we Şandun welaýatlarynda-da bolup geçipdir. Gozgalaňçylara şäherliler,

magdan känleriniň işçileri hem goşulypdyrlar. Gozgalaňçylary ýerli daýhanlar hem goldapdyrlar. Şeýle gozgalaňlar Şensi, Gansu, Şandun we Henan welaýatlarynda hem tutaşypdyr. Min häkimiýetleriniň gozgalaňçylara dürli eglişikleri etmeklerine, salgydyň mukdaryny azaltmaklaryna, açlyk çekýänlere kömek bermegine we günä geçişlik yglan ediýändigine garamazdan, gozgalaňlaryň gerimi has-da giňäpdir.

**4. Şäher önümçiliginiň we söwdanyň ýagdaýy.** XVI-XVII asyrlarda Hytaýyň dürli künjekleriniň ösüş derejesi deň bolmandyr. Bu ýagdaý soňa-baka has hem güýçlenýär. Günorta-gündogar deňizýaka welaýatlarynyň, Ýanszynyň we Beýik emeli derýanyň iki kenaryndaky ýerleriň ykdysadyýeti ýokary göterilip ugaraýar. Söwda ýollarynyň we ykdysady merkezleriň başga ýerlere geçmegi bilen Syçuan, Şensi we käbir beýleki welaýatlaryň ähmiýeti ikinji orna geçýär. Hytaýyň Beýik ýupek ýolundan mahrum bolmagy Kaýfyn, Loýan, Çendu, Siýan ýaly ösen senetçilik we söwda şäherleriniň çökmegine getiripdir. Sebäbi söwda ýollary indi başga ýerleriň üstünden geçýärdi. Bularyň ornuna bolsa, esasy suw ýollarynyň ugrunda täze şäherler – Pekin, Týanszin, Szinin, Hankou, Sunszýan, Şanhaý şäherleri ýüze çykdy. XVI asyrda Pekinde eýýäm 1 milliondan hem köp ilat ýasapdyr.

XVI asyra çenli haýsy etrabyň nähili önümlere ýöriteleşendigi hem belli boldy. Meselem, Guandun welaýaty demirden edilen önümler bilen tanalypdyr, Szýansi welaýaty bolsa bütin Hytaýa we goňşy ýurtlara farfor we keramika önümlerini iberipdir. Şanhaýda we Sunszýanda nah matalary, Uhu şäherinde dürli reňkler, Taýwanda bolsa gant öndürilipdir. Ýurtda ýüpek we nah mata dokmaçylygy, reňk ýasamak işi, farfor we keramika önümlerini öndürmek, kagyz ýasamak we kitap çap etmeklik ösüpdir. Nankinde, Suçžouda we Hançžouda ýüpek öndürmeklik ýola goýlupdyr.

Ýurtda dürli magdanlaryň gazylyp alynmagynyň artdyrylmagy we olaryň işläp bejerilişiniň giňemegi, käbir tehniki öňe gidişliklere hem getiripdir. Hebeýde, Szýansuda,

Şanside daş kömür gazylyp alnanda her hili tehniki tilsimleri we enjamlary ulanypdyrlar.

Senetçiligiň täze görnüşleriniň ýüze çykmagy bilen täze sehler hem döräpdir, olaryň düzgünnamalaryna üýtgeşmeler girizilipdir. Ýüpek mata we farfor önümçiliginde täze söwda merkezleriniň sany artypdyr. Ýöne, söwdanyň senetçilikden bölünip aýrylmak ýagdaýy haýal geçipdir we ol XX asyra çenli dowam edipdir. Bu döwürde her önümçiligiň öz sehi bolupdyr. Farfor onümçiliginde külallaryň, suratçy-nagyşçylaryň we küýze bişirijileriň hersiniň öz aýratyn sehleri döreýär. Taýyn bolmadyk önümler bir sehden beýleki sehe diňe alyp-satmagyň üsti bilen geçirilipdir. Elbetde, önümçiligiň şeýle pytraňňy we üzňe ýagdaýda bolmagy önümçilige ýaramaz täsir edipdir.

Pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi bilen senetçileriň arasynda gatlaklara bölünmek ýagdaýy dowam edýärdi. Ownuk, orta we iri senetçiler ýüze çykypdyr. Ownuk senetçiniň ussahanasynda bir maşgala, orta senetçiniňkide ussanyň kömekçisi we 2-3 sany şägirt işläpdir, özbaşyna ussahanasy bolan senetçileriň kärhanasynda bolsa, birnäçe hakyna tutma senetçiler zähmet çekipdir.

Içerki bazaryň giňemegi, welaýatara gatnaşyklaryň ösmegi, senetçilik sehleriniň içindäki bölünişik sehleriň işini kynlaşdyrypdyr. Sebäbi seh öňküleri ýaly ýerli bazarda hojaýynçylyk edip bilmändir. Köpsanly gelmişek söwdagärler ýerli sehleriň gadagan etmeklerine garamazdan, söwda edipdirler we gelen ýerlerinde özleriniň ildeşler guramalaryny döredipdirler.

Hususy kärhanalarda önümçilik hakyna tutma işgärleri işletmegiň hasabyna ýöredilipdir. Käbir kärhanalarda ýönekeý şärikdeşlikden (kooperasiýa) özbaşdak maýa goýum önümçiligine, ýagny kapitalistik maýa goýum önümçiligine geçilip ugraýar. Kooperasiýa görnüşdäki kärhanalarda ýüzlerçe işçi güýji işledilip, paýçylaryň ownuk toparyndan, girdejiniň esasy uly bölegini alýan «hojaýyn» saýlanypdyr. Adatça, şeýle hojaýynlar söwdagärlerden bolupdyrlar. Sehler däp bolşy ýaly

taýyn önüm satmandyrlar (gön, ýüplük, boýag we ş.m.), manufakturalar bolsa taýyn önümleri öndüripdirler (mata, aýakgap we ş.m.)

Manufakturalaryň eýeleri esasan söwdagärlerden, baý senetçilerden, ýokary gatlagyň wekillerinden, aýratyn hem döwlet eýeçiligindäki önümçiligi dolandyrmak bilen meşgullanýan emeldarlardan bolupdyrlar. Manufaktura önümçiligine şeýle adamlaryň eýeçilik etmekleri olaryň eýeçiligindäki emlägiň goragyna kepil geçipdir.

XVI asyrda döwlet senetçilik önümçiliginde pul-haryt gatnaşyklarynyň täsiri bilen käbir üýtgeşmeler bolup geçýär: zähmet borçlary ýatyrylyp, ussalary indi hakyna tutupdyrlar, çig malyň bir bölegi ilatdan satyn alnypdyr (öň salgyt salynýar eken). Ýöne, hatda, ýokary hünärli ussany hakyna tutmaklyk hem erkin bolmandyr, sebäbi hakyna tutulan ussa bary bir döwlete bagly bolup galypdyr. Çig mal satyn almaklyk hem mejbur etmeklik arkaly amala aşyrylyp, çig mala örän pes baha kesilipdir.

Döwlet ussahanalarynda öndürilen önümler imperator köşgüniň, ýokary gatlaklaryň hojalyklarynyň ygtyýaryna geçirilipdir. Önümleriň soňra daşarky we içerki bazara çykarylmagy bilen şol önümler hususyýetçileriň we senetçileriň önümleri bilen bäsleşipdirler. Netijede, döwlet manufakturalary haýallyk bilen natural ykdysadyýetiň çäginden çykyp ugrapdyrlar. Şol döwürler dasary söwda ösüpdir. Hytaýda öndürilen önümler Ýewropada, Günorta–Gündogar Aziýada, Ýaponiýada, Jungariyada we Kaşgarda satylypdyr.

**5. XV-XVII asyryň birinji ýarymynda Hytaýyň daşary syýasaty.** XV-XVII asyrlarda Hytaýyň alyp baran uruşlary, umuman goranyş häsiýetde boldy. Şonuň üçin hem Min nesilşalygynyň höküm süren ýyllarynda Hytaý öz serhetlerini goramaga çalşypdyr. Ýurduň demirgazygynda hökümet goşunlary mongollaryň çozuşlaryny häli-şindi yzyna serpikdirip durupdyrlar. Sebäbi uruş ýoly bilen mongollar Hytaýy söwda etmäge mejbur etmäge çalyşýardylar.

Bu asyrlarda Hytaý Ýaponiýa bilen amatly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Emma Min hökümetiniň ýaponlar bilen söwdany çäklendirmäge eden synanyşyklary iki ýurduň arasynda uzaga çeken uruşlara getiripdir. 1555-nji ýylda ýapon gämileri hat-da Ýanszy derýasy bilen ýurduň paýtagty Nankine çenli ýüzüpdirler we köp talaňçylyklar edipdirler. Diňe XVI asyryň 60-njy ýyllarynda uly flotuň kömegi bilen min hökümetine ýaponlary kenarýaka sebitlerden kowup çykarmak basardýar.

XVI asyryň ahyrynda Hytaý ýaponlaryň çozuşyna sezewar edilen Koreýa ýakyndan kömek beripdir, sebäbi ýapon sýoguny Hideýosi Koreýanyň üsti bilen Hytaýa çozmagy meýilleşdiripdir. Koreýadan soň Hytaýa çozuljakdygyny aňyp min imperatory Koreýa uly goşun iberýär. Birleşen hytaý we koreý goşunlary 1593-nji ýylda ýaponlaryň elinden Phenýan şäherini zabt edip alýarlar. Soňra birleşen güýçler öz üstünliklerini berkidip, deňiz hem-de gury ýer söweşlerinde ýapon goşunlarynyň üstünden uly ýeňişleri gazanýarlar. Bu ýeňiş min nesilşalygynyň döwründe hytaýlylaryň gazanan iň soňky uly ýeňşidir.

Öz döwründe Min hökümeti basybalyjylykly syýasat ýöretmäge-de synanyşyk edipdir. 1520-nji ýylda Birma (häzir Mýanma) garşy gurnalan basybalyjylykly ýöriş netijesiz gutarypdyr. XVII asyryň başlarynda Hytaý tarapy Sibiri çalt depginler bilen eýeleýän Orusýet döwleti bilen hem ilkinji diplomatik gatnaşyklary açypdyr. Ýöne, bu gatnaşyklar dürli sebäplere görä ösüp gidibermändir.

**6.Ýewropalylaryň Hytaýa aralaşyp başlamagy.** XVI asyryň başlarynda Hytaýyň kenarlarynda ýewropalylar peýda bolup başlaýarlar. Ýewropalylardan ilkinji bolup portugal konkistadorlary (basybalyjylar) gelipdirler. Portugallar bu mesele barada min köşgi bilen gepleşik geçirmäge girişýärler. Emma beýleki bir portugal eskadrasy güýç bilen söwda faktoriýasyny açmaga synanyşýar. Olar kenarýaka etraplaryny oka tutup, kenar goragçylary bilen urşa girýärler. Portugallaryň

Hytaýa aralaşmak islegi puja çykýar. Emele gelen ýagdaýy göz öňünde tutup, Hytaýyň hökümeti öz kenarlaryny berkitmäge girişýär. Netijede, Hytaýyň goňşy ýurtlar bilen söwda gatnaşyklary kesilýär. Hökümetiň bu syýasaty ýurduň daşary söwdasyna uly zyýan ýetiripdir.

Ýewropalylar hytaýly täjirleri talapdyrlar we goňşy ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylaryň söwda işini çäklendiripdirler, olaryň gämilerini ellerinden zorluk bilen alypdyrlar. Olar ýerli ilatdan arzan bahadan ýüpek, farfor we başga-da dürli görnüşdäki geçginli harytlary satyn alypdyrlar we satyn alan harytlarynyň ornuna hytaýlylara ýarag hem-de temmäki satypdyrlar.

Ýarag güýji bilen Hytaýda ornaşyp bilmänlerinden soň, ýewropalylar din ýaýradyjy hristian missionerleriniň kömeginden peýdalanypdyrlar. 1601-nji ýylda Hytaýyň hökümeti iýezuit dini ordeniniň monahy, missioner Mateo Riççä Pekine gelmäge rugsat berýär. Ol min köşgünde uly abraýdan peýdalanypdyr. Mateo Riççiniň baştutanlygyndaky missionerler toparynda italýanlar, ispanlar, nemesler we beýlekiler bolupdyrlar. Olar geljekde Hytaýyň ýewropa syýasatyna tabyn edilmeginde, hristian dininiň ýaýramagynda uly hyzmat görkezipdirler. Ýöne, şunuň bilen bir hatarda, missionerler ýewropanyň öňdebaryjy gazananlaryny ýaýratmakda-da köp işleri geçiripdirler. Missionerler ylmýň, bilimiň, medisinanyň, öňdebaryjy tehnikanyň gazananlaryny bu ýurtda ornaşdyrypdyrlar, olar hytaýlylara tüpeň, top, äýnek, sagat satypdyrlar, hytaý kalendaryny düzetmäge kömek beripdirler, ýewropalylar bilen ýerli ilatyň arasynda ýaýbaňlanyp başlan söwda işlerinde araçyllyk edipdirler.

**7. XV-XVII asyrlarda Hytaýdaky syýasy göreşler we özgertmeler ugrundaky hereketler.** XV-XVII asyrlarda Hytaýyň syýasy durmuşynda-da göze görnüp duran düýpli öwrülşik bolmandyr, ýogsam ýurduň ykdysadyýetinde we jemgyýetçilik gurluşynda köp üýtgeşmeler bolup geçipdir. Munuň hem esasy sebäbi Min imperiýasynyň döwlet

gurluşynda orta asyr dolandyryş düzgüni höküm sürýärdi. Asyrlar boýy dowam edip gelýän bu gurluş ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda bolup biläýjek täzelikleriň öňüni alypdyr. Min nesilşalygynyň döwründe syýasy häkimiýet köplenç ýagdaýda haremhana agtalarynyň elinde bolupdyr. Olar parahorluk, ogurlyk bilen meşgullanypdyrlar. Döwlet wezipeleri tejribeli emeldarlara ynanylmandyr, döwletiň ykbalyna jogapkär bolan imperatorlar dolandyryş işi bilen meşgullanmandyrlar. Adamlary yzarlamak görlüp eşidilmedik derejä ýetipdir. Munuň üçin gizlin aňtaw guramalary döredilipdir. Ýurtda şugulçylyk görlüp-eşidilmedik derejelere ýetipdir. 28 basgançakdan durýan döwlet wezipelerini eýeleýän hytaýly emeldarlar aşakdan (oba) ýokarlygyna (köşk) berk gözegçilikde saklanylypdyr.

Ýurduň içeri we daşary syýasatynda bolup geçýän şeýle ýagdaýlar öz döwrüniň öňdebaryjy adamlaryny işjeňleşmäge mejbur edýärdi. Alymlaryň we emeldarlaryň progressiw toparlary ýurduň durmuşynda bolup geçýän ýaramaz hadysalar barada imperatora hat üsti bilen häli-şindi ýüzlenip durupdyrlar. Köşgüň gözegçiler (inspektorlar) palatasynyň emeldarlary özleriniň imperatoryň adyna hat bilen ýüzlenip bilmek hukuklaryndan peýdalanyp, agtalaryň eden-etdilikleri barada hut imperatorýň adyna hat ýazypdyrlar. Döwletiň bähbitlerini öňe sürýän emeldarlara 1498-nji ýylda agtalary dolandyryş ulgamyndan çetleşdirmek başardypdyr. Bu işde döwlet işgärlerine imperatoryň garamagyndaky Hanlin akademiýasynyň alymlary ýakyndan ýardam edipdirler.

Gözegçiler edarasynyň işgärleri ykdysadyýetiň gözgyny ýagdaýy barada ýazypdyrlar, döwlet kärhanalarynyň, magdan çykarylyşyna döwlet eýeçiliginiň, duz söwdasyna gadagan edilmeleriň ýatyrylmagyny talap edipdirler. Olar öz hatlarynda hususy senetçilik kärhanalarynyň we ýaňy döräp ugran manufakturalaryň işjeňligini bökdeýän döwlet dokmaçylyk kärhanalarynyň ýatyrylmagyny hem teklip edýärdiler.

Reformatorlar döwletiň daşary syýasatyny işjeňleşdirmäge

çagyrýardylar, goşunyň söweş taýýarlygy, onuň üpjünçiligi berk tankytlanylypdyr. Watançy döwlet işgärleri tarapyndan açylyp görkezilýän ýaramaz ýagdaýlary düzetmegiň ýerine Min hökümeti reformatorlardan öç alypdyr. 1508-nji ýylda 300 sany paýtagtly emeldar tussag edilipdir. Bu çärelerden Hanlin akademiýasynyň alymlary hem jebir çekipdir, onuň görnükli alymlarynyň 200-si zyndana taşlanylypdyr.

Emma ýurtda başlan özgerişlere häkimiýeti elden giden köne pikirli güýçler ýiti garşylyk görkezipdirler. Şeýle şertlerde hökümetiň başlygy Çžan Szýuýçžene töhmet atypdyrlar, ölenden soň bolsa, ol dönük diýlip yglan edipdirler. Hökümetiň başlygynyň maşgalasy hem öç almalara sezewar edilipdir.

XVI asyryň 90-njy ýyllarynda begzadalaryň aýry-aýry toparlarynyň, şäherleriň ýokary gatlaklarynyň arasynda hökümete garşy hereket güýçlenipdir. Onuň merkezi Hytaýyň günortasynda, Ýanszi derýasynyň boýundaky Usi şäherinde ýerleşen Dunlin akademiýasy bolupdyr. Bu ýerde ýerleşen herekete paýtagtdan kowlan emeldarlar gatnaşypdyrlar. Herekete Gu Sýançen ýolbaşçylyk edipdir. Dunlin akademiýasynyň alymlarynyň talaplary Çžan Szýuýçženiňki bilen belli bir derejede gabat gelipdir. 1620-nji ýylda dunlinçilere öz adamsyny tagta çykarmak hem başardypdyr. Ýöne, tiz wagtdan ol zäherlenip öldürilipdir, häkimiýeti bolsa ýene-de öňküler ýaly, agtalar we geldi-geçerler eýeläpdirler. Häkimiýeti ele alan güýçler tarapyndan ähli dunlinçiler jezalandyrylyp öldürilipdir, olaryň tarapdarlaryny bolsa sürgün edipdirler, akademiýalaryň we mekdepleriň köpüsi ýapylypdyr. 1624-nji ýylda Hytaýda reformatorçylyk hereketi doly derbi-dagyn edilýär.

**8.Halk gozgalaňlary we daýhanlar urşy.** Ýurtdaky häkimiýet köneçil toparlaryň eline geçenden soň, ilatyň gün-güzerany ýaramazlaşypdyr, närazylyklar güýçlenipdir. Bu bolsa min hökümetiniň syýasatyna garşy halk gozgalaňlarynyň turmagyna getirýär. Halk gozgalaňlaryna dürli gizlin jemgyýetler ýolbaşçylyk edýärdiler. Şolaryň biri hem gizlin

«Ak bägül jemgyýeti» bolupdyr. 1622-nji ýylda bu jemgyýetiň ýolbaşçylygynda ýurduň Şandun welaýatynda gozgalaň başlaýar. 1628-nji ýylda dagynyk gozgalaňçy goşunlar Gansu we Şensi welaýatlarynda birleşýärler. Gozgalaňy basyp ýatyrmak maksady bilen hökümet Şensä jezalandyryjy goşun bölümlerini iberýär.

1631-nji ýylda gozgalaňçy goşunlar Huanhe derýasynyň günbatar tarapyna geçip, ýurduň paýtagtyna tarap süýşüp ugraýar. Hökümet goşunlary bilen alnyp barlan gandöküşikli söweşlerde gozgalaňçylar ýeňilýär we ýene-de Huanheniň günorta tarapyna yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Gozgalaňçylar Li Szyçeniň ýolbaşçylygynda hökümet düzmäge synanyşypdyrlar. Ýokary häkimiýet we goşuna ýolbaşçylyk Li Sziçeniň baştutanlygyndaky serkerdeler Geňeşiniň ygtyýaryna berlipdir. Gozgalaňyň esasy maksady min hökümetini agdarmak, iri begzadalary we köşk adamlaryny ýok etmek bolupdyr. Gozgalaňçylar şäher ilaty babatynda inçe syýasat ýöredipdirler we bu işe iňňän eserdeň çemeleşipdirler. Olar şäher ilatyny üçe bölüpdirler: baý gatlaklar, orta gatlak, ýönekeý halk. Baýlaryň elinden alnan emläk we dürli zatlar şäher garyplarynyň arasynda paýlanypdyr.

Gozgalaňçylaryň belli bir dini ynançlary bolmandyr. Olaryň arasynda buddaçylaram, daosçylaram, musulman dinine uýýanlaram bolupdyr. 1644-nji ýylda gozgalaňçylar paýtagta golaý Siýan şäherini zabt edip alýarlar. Bu ýerde Li Sziçeni imperator diýip yglan edýärler. Şu wakadan köp wagt geçmänkä  üç günlük gabawdan soň Li Szyçeniň goşunlary Hytaýyň paýtagty Pekini eýeleýärler. Min neslinden bolan iň soňky mperator özüni öldürýär. Hytaýda Min nesilşalygy ýaşamagyny bes edýär.

Min nesilşalygy ýykylandan soň häkimiýeti elden gideren güýçler hem dek oturmandyrlar. Olar güýç ýygnap demirgazyk tarapdan Hytaýa howp salýan mançžurlar bilen ýaranlyk baglaşýarlar. Beýik Hytaý diwarlaryndaky Şanhaýguan geçelgesini saklap duran öňki min goşunlary mançžurlary

ýurduň içine goýberýärler. Mançžurlar Pekine howp salypdyrlar, şonuň üçin hem gozgalaňçylar gabawa düşmekden çekinip, Pekinden çykyp gidýärler.

## XII. Tema: Hytaý XVII- XVIII asyrlarda.

**1. Mançžur basybalyşlarynyň öňisyrasynda Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XVII asyryň 30-40-njy ýyllarynda hytaý döwleti çuňňur durmuş-ykdysady we syýasy kynçylyklary başdan geçirilipdir. Agyr ýagdaý halkyň tolgunmagyna we uzak wagtlap dowam eden gozgalaňa getiripdir (1628-1644).

40-njy ýyllaryň başlarynda gozgalaň täzeden ýokary göterilişe eýe bolýar. Gozgalaňçy lagerde iki merkez emele gelýär.

1.Hubeý-Şensi (merkezi we demirgazyk-günbatar), 2.Syçuwanda (günbatary). Ýone iki merkezem goňşuçylykda ýerleşipdir. Hubeý-şensi toparyna öňki çopan Li Syzyçen (1606-1645), Syçuwan toparyna bolsa öňki esger Çžan Siýançžun (1606-1647) ýolbaşcylyk edipdirler.

Gozgalaňyň soňky döwürlerinde olar goşuny kämilleşdiripdirler. Esasy talaplary agalyk edýän nesilşalygyny agdarmak bolupdyr. Tertip-düzgüni ýola goýup hubeý-şensi topary Pekine tarap süýşmegi karar edýär. Welaýat merkezi bolan Siyany (Şensiniň merkezi) eýelänlerinden soň Li Syzyçen 1643-nji ýylda imperator diýilip yglan edilýär. Bu hereket daýhanlaryň dolandyryş üçin başga has kämil usullary tapyp bilmändiklerini görkezýär.

1644-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda Li Syzyçeniň goşuny Pekini eýeleýär. Bu işe gozgalaňçylaryň beýleki topary gatnaşmandyr. Paýtgatyň ýeňillik bilen eýelenemginiň esasy sebäbi birinjidenä ýurt 15 ýyllap dowam eden içki uruşlar zerarly tozupdy, ikinjidenem Min hökümeti demirgazykda mançžurlara garşy hem uruş alyp barmaly bolyardy.

Paýtagt eýelenenden soň patyşa özüni öldürýär. Ýeňiji

gozgalaňçylar ýurtda tertip-düzgüni ýola goýmaga başlaýarlar, tussaglary boşadýarlar, köp min emeldarlary jezalandyrýarlar. Şaher ilatyna, senetçilere gozgalaňçylar kömek bermegi we olara ýardam etmekligi wada edýärler. Emma uly kynçylyklar ýüze çykýar, sebäbi uly goşun saklamak üçin salgyt ýygnamalydy Bu bolsa ýatyrylan salgytlary dikeltmäge mejbur edýär. Netijede bu çäreler gozgalaňçylaryň gazanan ýeñişine uly howp salyp başlaýar. Emma esasy howp gozgalaňçylara demirgazykdan abanypdyr.

Manççurlar, çžurçženleriň nesilleri bolup XVI asyryň ahyrlarynda Nurhasynyň baştutanlygynda birleşýärler we XVII asyryň başlarynda bu serdar mançžurlaryň döwletini döredýär. Onuň ogly Abahaý soňra öz döwletini Sin (arassa) diýip atlandyrýar we ýurdy hytaý nusgasy boýunça dolandyryp başlaýar. Hytaýa çozmazlarynyň öňisyrasy mançžurlarda 200 müňe golaý goşun bolupdyr.

1644-nji ýylyň ýazynda mançžur serkerdeleri hytaý goşun serkerdelerinden özlerini beýik hytay diwarlaryndan geçirjekdikleri barada habar alýarlar. Bu teklibi olara min generaly U Sanguý edipdir. Ol mançžurlaryň kömegi bilen gozgalaňy basyp ýatyrmak isläpdir.

Li Syzyçen emele gelen ýagdaýdan çykmak üçin U Sanguýa birleşmegi we mançžurlary derbi-dagyn etmegi teklip edýär. Başda razylyk bersede U Sanguý bu teklibi ret edýär we mançžurlara Şanhaýguwan geçelgesini açyp berýär.

**2. Hytaýyň mançžurlar tarapyndan basylyp alynmagy.** 1644-nji ýylyň ýazynda U Sanguý mançžurlar bilen bileleşip Hytaýy eýelemäge başlaýarlar we bu waka tä 1683-nji ýylla çenli dowam edýär. 1644-nji ýylyň Magtymguly aýýnyň 27-de hytay diwarlarynyň Şanhaýguwan geçelgesiniň töwereginde Li Syzyçen bilen mançžurlaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Ýöne bu söweşde gozgalaňçy goşunlar yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Li Syzyçen Pekini galdyrmagy karar edýär we yza, öňki günbatardaky bazalaryna tarap gidýär.

Pekini eýeläp mançžurlar Abahaýyň ogullarynyň biri

Şunžyny (abadan dolandyryş) patyşa diýip yglan edýärler we Hytaýda Sin dinastiýasy esaslandyrylýar. Bu dinastiýa Hytaýda 267 ýyllap (1644-1911) agalyk sürýär. 1645-nji ýyldaky ýazky söweşlerden soň Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda gozgalaňçylaryň esasy güýçleri ýok edilýär. Li Syzyçen bolsa wepat bolýar.

Li Syzyçen ýeňilenden soň Syçuwandaky gozgalaňçylar Çžan Siýançžunyň baştutanlygynda kyn ýagdaýa düşýärler. Li Syzyçena kömek bermändikleri sebäpli mançžurlar Hytaýyň merkezi etraplaryny ýeňillik bilen basyp alypdyrlar.

Diňe 1646-njy ýylyň tomsunda Çzan Siýançžun basybalyjylara gaýtawyl bermegi karar edýär. Emma 1647-nji ýylyň gyşynda bolan söweşleriň birinde ol ýaralanýar we ýesir düşüp öldürilýär. Gozgalaňçy serkerdeler ölenden soň goşun dargamaýar. Olaryň deregine täze talantly serkerdeler döreýär.

Mançžurlara käbir hökümet goşunlary hem berk garşylyk görkezipdirler. Min generaly Şi Kef Ýançžou şäherini mançžurlardan birnäçe wagtlap goramagy başarýar. Ýöne ahyrsoňunda şäher duşman tarapyndan eýelenipdir we döwürdeşleriň ýazmagyna görä 800 müň ilat gyrlypdyr. Bu şäher Hytaýyň gündogarynda kenar ýakada ýerleşýär.

Bu şäher eýelenenden soň mançžurlar Hytaýyň Pekinden soň ikinji şäher bolan Nankine çozýarlar. Emma ony emeldarlar mançžurlara söweşsiz tabşyrypdyrlar. 1647-nji ýylda Min goşunlary bütinleý diýen ýaly dargaýar, ýogsam olaryň entäk ep-esli goşunlary bolupdyr. Ýöne olary birleşdirip biljek güýç tapylmandyr.

Şeýlelikde mançžur basybalyşlarynyň birinji döwri tamamlanypdyr. 1644-1647-nji ýyllarda mançžurlar Demirgazyk, Merkezi we Günorta Hytaýyň esasy ýerlerini eýeläpdirler. Ýöne olar basyp alan ýerlerinde ýeterlik derejede berkleşip bilmändirler. Sebäbi yzy üzülmeýän gozgalaňlar bolup geçýärdi. Şol gozgalaňlar 1650-nji ýyla çenli basylyp ýatyrylypdyr. Şunuň bilen hem mançžur basybalyşlarynyň ikinji döwri tamamlanýar.

Hytaýyň köp ýerlerinde mançžur agalygy dikeldilenem bolsa göreşler bes edilmändir. Öňki gozgalaňçylaryň galyndylary Čžan Siýançžunyň egindeşi Li Dingonyň serkerdeliginde Hunan, Guýçužou, Guwansi (merkezi, günorta-günbatar, günorta) welaýatlarynda söweş alyp barypdyrlar. Dönik U Sanguýa LI Dingony has günorta gysyp çykarmak başardypdyr. Li Dingo Hytaýyň Hindi-Hytaý bilen araçäkdäki Ýunnan welayatyna çekilipdir. Bu ýerde uruşlar tä Li Dingo wepat bolýança 1662-nji ýyla çenli dowam edipdir.

Mançžurlara garşy hereketler Günorta–Gündogar Hytayda-da dowam edipdir. Bu herektlere şäherleriň Watançy güýçleri gatnaşyp, oňa täjir maşgalasyndan bolan Čžen Çengun ýolbaşcylyk edipdir. Ol güýçli flotuň we Sinleriň tylynda hereket edýän goşunlaryň kömegi bilen XVII asyryň 50-nji ýyllarynda birnäçe üstünlikli ýörişleri geçirip bilipdir. Hatda ol Nankini eýelemäge-de synanşypdyr.

Mançžurlar Čžen Çenguna garşy birnäçe çäreleri geçiripdirler: kenar ýaka ilaty ýurduň jümmüşine göçüripdirler, güýçli flot döredipdirler. Şeýle ýagdaýda Čžen Çengun goşunlary we öz tarapdarlaryny Taýwana göçüripdir. Taýwanda (Formoza) gollandlar hojaýynçylyk edýärdiler. Čžen Çengun olary 1662-nji ýylda kowupdyr. Şunuň bilen mançžur basybalyşlarynyň üçünji döwri gutarýar (1650-1662). Taýwanda dörän bu döwlet tä 1683-nji ýyla çenli dowam edipdir.

Mançžurlara garşy iň soňky gozgalaňy dönük U Sanguý başlaýar. Gozgalaňyň sebäbi mançžurlar günortaly dikmeleriň goşunlaryny dargatmak barada karar çykarýarlar. Bu bolsa U Sanguýy ähli zatdan mahrum edýärdi. Şonuň üçin hem ol gozgalaň turzupdyr. Ýöne şindi gozgalaň basylyp ýatyrylmanka U Sanguý aradan çykýar we Hytaýyň taryhynda onuň ady dönükligiň nyşany bolup galýar.

Ähli ýerlerde mançžurlara garşy hereketler basylyp ýatyrlandan soň Taýwanda dolandyryjylar boýun egmegi karar edýärler we 1683-nji ýylda mançžurlara Taýwany söweşsiz

berýarler. Şeýdibem Hytaýy basyp almaklygyň dördünji döwri tamamlanýar (1662-1683).

Hytaýy boýun egdirip manççurlar ähli hytaýly erkek adamlaryň saçlaryny ýeňsesinden ördüripdirler. Bu däp hytaýlylaryň boýun egdirilendiginiň alamatydy.

Gozgalaňyn ýeňilmeginn esasy sebäbi hytaýlylar birleşip bilmändirler, ýurt tozgun ýagdaýdady, yzy üzülmeýän daýhanlar gozgalaňlary dowam edýärdi. Beýleki bir tarapdan manççurlar inçe syýasat ýöredipdirler: Olar daýhanlaryň, ýer eýeleriniň mülklerine degmeýärdiler, ekerançylygy höweslendirýärdiler. Min hökümeti tarapyndan girizilen çökder salgytlar we borçlar ýatyrylypdyr.

**3. XVII-XVIII asyrlarda hytaý jemgyýetiniň durmuş-ykdysady gurluşy. Kansi (1662-1723), Siýanlun (1736-1796).** Ýurdy manççurlar eýeländen soň Hytaýyň durmuş-ykdysady gurluşynda känbir özgerişlikler bolup geçmeýär. Sürüm ýerleri öňküleri ýaly iki durmuş toparynyň arasynda - guan (emeldarlaryň) we min (halkyň) bölünipdir. Min kategoriýasyna ýurduň ekerançylyk ýerleriniň ¾ (75%) bölegi degişli bolupdyr.

Obanyň durmuş-ykdysady durmuşyna hytaý obşinasyna esaslanypdyr.

Obşini ýerleriniň iň ýaýran ýeri ýurduň Günorta raýonlary bolup durýar. Bu bolsa durmuş differensiýasynyň öňüni alypdyr. Obşini ýerleriniň içinde, buthana ýerleri, mekdep ýerleri, haýyr-sahawat ýerleri bolupdyr. Ondan alynýan önümler, dini baýramçylyklary geçirmäge, mekdebiň çykdaýjylaryny ödemäge, obşinanyň garyp-gasarlaryny eklemäge sarp edilipdir. Obanyň gurply adamlary 2 kategoriýa bölünipdir.

**I.**Baýlaşan obşinnikler. Olar ýerleriniň bir bölegini kärendesine berip, beýleki böleginde öz maşgala çlenleri bilen zähmet çekipdirler. Bular ýönekeý obşinniklerden kän bir tapawutlanmandyrlar.

**II.**Topar hytaý jemgyýetiniň sowatly we wezipeli ýer

eýeleri bolupdyrlar. Olar hem obşinadan çykan adamlar bolupdyr. Ýöne olar uly uruglardan (patranomiýa). Olar öz döwründe bilim alyp, synag tabşyran adamalardyr.

Garyndaşlyk gatnaşyklary güýçli bolsa-da kärende tölegi agyr bolupdyr, ýagny 30 % - den 70 % - e çenli. Ýöne ýapaçylyk (50 %) iň ösen töleg hasap edilýär.

Umuman sin döwri üçin orta we ownuk ýer eýeçiligi häsiýetli bolupdyr. Obaly baýlaryň aglabasy 50-100 mu möçberinde (3-6 ga) ýerleri bolupdyr, daýhanlaryňky bolsa 10-20 mu (0,6-1,2 ga) barabar. Uly mülkler seýrek bolupdyr.

Gürrün edilýän döwürde Hytaýda iki sany uly durmuş topary bolupdyr:

**I.**Min – bular hytay jemgyýetiniň esasy önüm öndürijileri, borçlary ýerine ýetirijileri we salgyt töleýjileri.

**II.**Guan – bular emeldarlar bolup dolandyryş ulgamyny ýöredipdirler, önüm öndürmändirler, salgyt tölenmändirler. Gulluk üçin olara hak tölenipdir.

**4. Sin imperiýasynyň döwlet gurluşy.** Hytaýyň syýasy gurluşy üçin çäklendirmedik häkimiýeti bolan hökümdar häsiyetlidir. Mançžur patyşasyny Bogdy han diýip atlandyrypdyrlar. Sin hökümdary hytaý däbi boýunça “Taňrynyň ogly” diýilip atlandyrylypdyr.

Patysanyň ýanynda 2 sany maslahatçy edara – sekretarýat we harby geňeş bolupdyr.

Şeýlelikde sany 700 müňden köp bolmadyk mançžurlar 150 mln Hytaýlyny dolandyrypdyrlar. Ýurt 18 welaýata, welaýatlar 10 oblasta (180 oblast), olar hem uýezdlere (1,5 müňe golaý) bölünipdir. Dolandyryşda baoszýa – köpçulikleýin jogapkärçilik giňden ulanylypdyr, ýagny birek-birege jogap berlipdir. Meselem, Hytaýda dolandyryş bölunişiginiň iň aşaky ülüşleri bolan bäs hojalyklarda, on hojalyklarda hemmeler biri-biri üçin jogap beripdirler. Hytaýda oba dolandyryş ülşi hökmünde kabul edilmändir.

**5.XVII-XVIII asyrlarda Hytaýyň daşary syýasaty we alyp baran uruşlary.** Hytaýy basyp alanlaryndan soň sin

hökümdarlary basybalyjjylykly syýasat ýöredipdirler. Olar öz täsirlerini Koreýa Mongoliýa ýetiripdirler. Koreýa sinler tarapyndan ýeňillik bilen täsire salnypdyr. Emma Mongoliýany eýelemeklik uzaga çekipdir. Mançžurlar Mongoliýany şindi Hytaýy eýelemänkäler basyp almaga başlapdyrlar. 1636-njy ýylda sinler içerki Mongoliýany, 1696-njy ýylda daşarky Mongoliýany (Halha) eýeläpdirler. Jungaryýany eýelemek üçin sinler uly çykdaýjylary etmeli bolupdyrlar. Sebäbi jungarlar sinlere ençeme on ýyllyklaryň dowamynda ýiti garşylyk görkezipdirler.

1757-nji ýylda mançžurlara Jungaryýany eýelemek başardýar. 1759-njy ýylda türki halkalryň ýaşaýan ýurdy bolan Kaşgariýa (Gündogar Türküstan) basylyp alynýar we ol Sinsizýan (Täze araçäk) diýilip atlandyrylýar.

XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda alnyp barylan inçe syýasatyň netijesinde Wiýetnam we Miýanma (Birma) ýapjalygy kabul edýärler.

Umuman alanyňda mançžurlaryň daşary syýasaty özüniň mazmuny boýunça basybalyjjylykly häsiýetde bolupdyr.

Geçmişde Hytaýyň taryhynda ençeme nesilşalyklary höküm sürudirler. Şol nesilşalyklaryň ählisiniň hem dolandyran başky onýyllyklary özüniň asudalygy we bolelin durmuşy bilen häsiýetlendirilýär. Bu sinler babatynda-da şeýle. Ýöne köp asyrlap ýaşan nesilşalyklar 100 – 150 ýyldan soň güýçden gaçyp ugraýarlar ýa-da bolmasa nesilşalyklaryň başky onýyllyklary asudalygy we dumuşyň bolelinligi bilen tapawutlanýar. Mançžurlaryň hem başky dolandyran ýyllary şeýle boldy. Emma XVIII asyryň soňky çärýeginden başlap mançžurlaryň dolandyryşynyň ýaramaz ýagdaýlary görnüp ugrady. Hytayýň dürli ýerlerinde sinlere garşy çykyşlar ýüze çykyp başlady. Halk çykyşlaryna dini we gizlin jemgyyetler ýolbaşcylyk edýärdiler. Ýöne olar esasan buddizmiň täsirindediler. Sebäbi hytaýlylaryň agramly köpçuligi konfusiýançylyga uýýardylar. Konfusiýançylyk bolsa öz yzyna eýerýänlerden tertipli bolmaklygy ündeýärdi, patysalara garşy

çykyş etmezlige çagyrýardy.

XVIII asyrda halk göreşiniň merkezleri dürli dini we gyzlyn jemgyýetler bolupdyr. Olar adamlaryň deňligine uýýardylar. Dini sektalardan tapawutlylykda gizlin jemgyýetler gozgalaňy taýyarlamak we oňa ýolbaşcylyk etmek bilen meşgul bolupdyrlar. Aslyýetinde Hytaýda gozgalaňlary taýýarlamagyň hem aýratynlygy bardyr. Bu ýurtda gozgalaňlar ençeme ýyllaryň, käbir gozgalaňlar bolsa ýuz ýylyň dowamynda taýýarlanylypdyr. Gozgalaňçylar gozgalaň turuzmaga howlukmaýardylar. Köp ýyllaryň dowamynda adam we ýarag toplaýardylar, esgerlere söweş tälimlerini, tilsimlerini, aýratyn hem ýaragsyz başa-baş söweşmekligi öwredýärdiler. Welaýatlara aýlanyp halkyň arasynda wagyz-nesihat we düşündiriş işlerini geçirýärdiler. 1796-1804-nji ýyllarda Hytaýda bolup geçen “Akgül jemgyýetiniň” gozgalaný şeýle gozgalaňlaryň hataryna degişlidir. Bu gozgalaň hem köp ýyllaryň dowamynda taýýarlanylypdyr. Ýöne köp gozgalaňlarda bolşy ýaly bu gozgalaň hem öz öňünde goýan maksadyna-Hytaýda mançžurlaryň agalygyny syndyrmak – ýetip bilmändir.

## XIII. Tema: Hytaý XVIII-XIX asyrlarda.

**1.I-nji tirçek urşy we kemsidiji şertnamalar.** XVIII-XIX asyrlaryň sepgitlerinde Sin imperiýasynyň içki kynçylyklary– Angliýanyň Hytaýa zor salmagy sebäpli has hem güýjeýär. Angliýa özi üçin Hytaý tarapyndan girizilen çäklendirmeleri aýyrtmak barada talaplar bildirip ugraýar.

1793-nji ýylda Hytaýa iňlis wekili Makkartneý iberilýär. Ýöne onuň missiýasy başa barmaýar.

1818-nji ýylda täze wekil iberilýär Emma ol hem üstünlik gazanyp bilmeýär. 1834-nji ýylda Guançžouda (Kanton) iňlis-hytaý söwda gaýnaşyklaryna gözegçilik etmek üçin lord Nepir iberilýär. Ol Sinlerden bu barada rugsat

almandyr. Şonuň üçin ondan gitmek teklip edilýär. Emma Nepir gitmekden boýun gaçyrýar we harby prowakasiýa guraýar, ýagny iki harby gämini Ižuszýan derýasynyň deňze guýýan ýerine salýar. Netijede iňlis-hytaý gatnaşyklary ýitileşip ugraýar. Ýagdaýyň agyrlaşmagyna tirýek söwdasy hem ýaramaz täsir edýär.

1773-nji ýylda Britan Hindistanyň hökümeti tirýek söwdasyna monopoliýa girizýär we ony Hytaýa daşap ugraýar. Onuňam sebäbi öň Hytaydan köp zat äkidilip (çaý, ýupek, matalar), Hytaýa import edilýän zatlar az bolupdyr. Şonuň üçin iňlisler eksport bilen importyň arasyndaky tapawudy kümüş bilen doldurypdyrlar. Indi bolsa kümşüň ornuna Hindistandan müňläp kg tirýek daşap ugrapdyrlar. Ummasyz peýda gazanypdyrlar.

1815-1819-njy ýyllarda her ýyl ortaça 4420 çelek tirýek (her çelek 60 kg), 1853-38-nji ýyllarda 35445 çelek getirilipdir. Netijede 1835-39-njy ýyllarda her ýyl ortaça 5,2 mln kümüş lýan tirýek satypdyrlar. Ýa-da şol kümüşiň agramy 200 müň kg (200 tomma) barabar bolupdyr. 1795-1838-nji ýyllar aralygynda Hytaýa getirilen tirýegiň agramy 27 mln kg ýetipdir. Tirýek söwdasyna Türkiýäniň tirýegini satýan amerikanlar hem gatnaşypdyr.

Hytaýda tirýek söwdasy 1800 ýylda ýatyrylan hem bolsa daşary ýurtlar dürli ýollar bilen ony ýerleşdirmegi başarypdyrlar.

Ýöne Hytaý döwlet işgärleriniň arasynda tirýek söwdasyna garşy çykanlaram bolupdyr. Şeýle adamlaryň biri Lin Szesýuý imperatora hat ýazyp, tirýegiň zyýanyny düşündirýär. Ol 1838-nji ýylyň dekabr aýynda imperator tarapyndan tirýek söwdasyna garşy göreşmek üçin Guandun welaýatyna iberilýär. Guançžoua gelip ol 20 müň çelek tirýegi ýakdyrýar. Iňlis hökümeti şuny bahanalap urşa başlaýar. 1839-njy ýylda deňizde çaknyşyklar bolýar. 1840-njy ýylda bolsa iňlisler yglan etmezden Hytaý garşy urşa başlaýarlar. Ol birinji tirýek urşydyr.

1841-nji ýylda iňlisler Guançşouň töwereklerini, 1842-nji ýylda Usuny, eýeläp iňlisler Nankine tarap süýüşýärler. Şinler boýun egýär. 1842-nji ýylyň awgust aýynyň 29-da “Kornwallis” gämisinde Nankin şertnamasynda gol çekilýär. Bu ilkinji täze taryhda kemsidiji şertnamadyr. Şertnama boýunça 5 port-Guançşou, Sýamen, Fuçşou, Ninbo we Şanhaý iňlisler üçin açyk diýip yglan edilýär. Başga-da birnäçe ýeňillikler girizilýär.

1844-nji ýylda şeýle şertnama Hytaýyň boýnuna ABŞ Fransiýa hem dakýarlar.

**2. Hytaý halkynyň basybalyjylara garşy göreşi. Taýpin gozgalaňy.** I-nji tiryek urşy döwründe Sin goşunlary iňlislere degerli garşylyk görkezip bilmeýärler,ol ok-ýaý bilen ýaraglandyrylypdyr. Oňa derek halk gowy garşylyk gorkezýär. Tiryek uruşlary döwründe halkyň güni kynlaşýar, salgyt artýar. Gozgalaňlar başlaýar. 1841-1849-nji ýyllaryň dowamynda 110 gozgalaň bolup geçýär. Olara köplenç gizlin jemgyýetler ýolbaşçylyk edipdir.

1843-nji ýylda oba mugallymy Hun Sýusýuan (18141-1864) Guanside “Taňra tagzym egmek jemgyýetini” (“Baýşandihueý”) döredýär. Ol hemmeler üçin deň adalatly jemgyýeti gurmagy maksat edipdir hem-de Sinleri agdarmagyň zerurlygyny aýdypdyr. Öz töweregine pikirdeşlerini ýygnap ugrapdyr. (mugallym Fen Ýunşan, kömür tutaşdyryjy Ýan Sýusin, garyp daýhan Sýan Çaoguý, bay daýhanyň ogly Şl Dakaý, ownuk pomeşik Weý Çanhueý).

Şin häkimiýetleri “Baýşandihuýei” yzarlap ygraýar. Ilkinji çaknyşyklar başlaýar.

1850-nji ýylda Hun Sýusýuan gozgalaňa başlaýar. Gozgalaň Guansi welaýatynyň Szintýan obasynyň ýanynda başlaýar. Şol ýerde Ýan Sýusiniň, Sýan Çaoguýyň, Weý Çanhueýiň, Şi Dakaýyň otrýatlary ýygnanýarlar, berk tertip-düzgün, aýallar erkeklerden aýrylygynda aýry lagerde bolupdyr. Zatlaryny bir ýere ýygnap, deň-derman ulanypdyrlar. Kellelerine gyzyl mata daňyp uzyn saçlaryny goýberipdirler,

saçlaryny örmändirler.

1851-nji ýylyň ýanwar aýynyň 11-de Szintýanda Sin dinastiýasyna garşy gozgalaň başlaýar. Şol gozgalaň “Taňrynyň beýik abadançylyk döwletini ” guramk üçin başlaýar diýip jar edýärler ýa-da “Taýpin-týango”.

Taýpin gozgalaňynyň taryhy dört döwre bölünýär.

1.Başky döwüre ilkinji çaknyşyklardan we Szintýan gozgalaňyndan Nankin Taýpin döwletiniň merkezi döredilýänçä (1850-1853).

2.Taýpin döwletiniň territoriýasynyň giňeýän döwri – Nankin eýelenenden tä Taýpinler bölünýänçä (1853-1856).

3.Taýpin gozgalaňynyň pese düşüp ugran döwri (1856-1860).

4.Taýpinleriň mançžur hytaý häkimiýetleri we daşary ýurt agressorlary bilen göreşler döwri (1860-1864) . Gozgalaňyň ýeňilmegi.

Birnäçe ululy-kiçili söweşlerden soň gozgalaňçylar 1853-nji ýylyň mart aýynyň 19-na Nankini zabt edip alýarlar. Ol öň döwletiň paýtagtydy. Ony indi gozgalaňçylar Tiýanszin diýip atlandyrýarlar (Taňrynyň paýtagty) we ol Taýpinleriň döwletiniň paýtagtyna öwrülýär. Bu döwürde Taýpinleriň goşunlarynyň sany 1 mln adama ýetipdir. Hun Sýusýuan özüni Týanwan diýip atlandyrypdyr (Taňrynyň hökümdary).

**3. Taýpinleriň içeri we daşary syýasaty.** 1853-nji ýylda Taýpin hökümeti “Ýer ulgamy” barada kanun çykarýar. Her maşgala adam sany boýunça deň ýer bölekleri berilýär. 16 ýaşdan kiçilere ululara berilýän ýeriň ýarysy berilipdir. Ähli ýerler hiline görä 9 bölege bölünipdir. Birinji bölegiň 1 mu (0,15 ga), 9 bölegiň 3 mu ýerine barabar bolupdyr. Artyk öndürilen önüm ýörite “Saraýlara” tabşyrylypdyr.

Taýpinleriň ýaşaýyşy harby lageri ýada salýardy. Goşunda berk tertip-düzgünler girizilipdir. Çakyr içmek, tirýek çekmek, dürli güýmenjeler bilen meşgullanmak gadagan edilipdir. Taýpin kanunlaryna görä aýallaryň hukuklary erkekleriňki bilen deňleşipdir, hatda goşunda aýallardan

düzülen bölümler hem bar eken. Daşary we içeri syýasatda taýpinler daşary ýurtlar bilen deň hukukly we özara bähbitli söwdanyň we gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyrlar. Taýpin döwletiniň territoriýasynda diňe tirýek söwdasy gadagan edilipdir. 1853-1854-nji ýyllarda Angliýa, Fransiýa, ABŞ taýpinleriň paýtagtyna öz wekillerini ibermek bilen sinler bilen taýpinleriň arasyndaky gatnaşyklarda ýewropalylaryň bitarapdyklaryny bildiripdirler. Emma döwletleriň hakykat ýüzünde taýpinler babatyndaky syýasaty başgaçady. Olar assyranlyk bilen sinleri goldaýardyrlar, olara ok-ýarag, azyk we pul kömegini berýärdiler. Mümkin bolan ýagdaýynda bolsa Ýewropa döwletleri taýpinlere päsgel berýärdiler.

**4. Taýpin goşunlarynyň demirgazyga we günorta ýörişleri.** Nankini eýelänlerinden soň taýpinler 1853-nji ýylda demirgazyga Pekine tarap sinlere agdarmak üçin ýörişlere başlaýarlar. Söweşler bilen olar Anhueý, Henan, Şensi welaýatlarynda geçýärler we ýene-de Henana dolanyp gelýärler. 1853-nji ýylyň sentýabr aýynda taýpin goşunlary paýatgtýaka welaýaty bolan Hebeýi eýeleýärler.

Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýyň uly merkezi bolan Tiýanszine golaý gelýärler, emma ony alyp bilmän togtaýarlar. Ýörişler netijesiz tamamlanýar. 1854-nji ýylda Pekini almak meýilnamalary hem puja çykýar.

1853-nji ýylda taýpin goşunlary Günbatara-da ýoriş guraýarlar. Anhueý, Sizyansi we Hubeý welaýatlarynyň köp ýerlerini sinlerden gaýtadan azat edýärler. Bu ýerlerde taýpinler täze garşydaşlar bilen iş salyşmaly bolýarlar. Hytaýly iri ýer eýeleri we hökümet adamlary Sizen Gofan, Li Hunçžan we beýlekiler mançžurlaryň taýpinleriň hötdesinden gelip bilmeýändikleri üçin, özleri goşun düzýärler we taýpinlere garşy urşa başlaýarlar. Ýöne entäk taýpinleri ýeňmek olara başartmaýar.

1853-1855-nji ýyllarda Hytaýyň günorta- gündogarynda “Kiçi pyçaklylar” jemgyýeti güýçlenip ugraýar. Jemgyýetiň ýolbaşçysy Liýu Liçuan bolupdyr. Onuň ýolbaşçylygynda

1853-nji ýylyň sentýabr aýynyň 7-de gozgalaň turuzulýar we gozgalaňçylar Şanhaýyň köp ýerlerini eýläp şäherde öz hökümetlerini döredýärler. Olar taýpinler bilen birleşmek isläpdirler. Emma bu başa barmaýar. 1855-nji ýylyň fewral aýynda gozgalaňçylar Şanhaýy taşlap gitmäge mejbur bolýarlar. Liýu Liçuan bolsa wepat bolýar.

**5. Taýpin týango döwletiniň güýçden gaçyp başlamagy. II-nji tirýek urşy.** 1856-njy ýylda taýpinler hem özara oňuşman başlaýarlar. Olaryň arasynda häkimiýet ugrunda dürli toparlar ýuze çykýar. Gozgalaňçylaryň baştutanlaryndan Weý Çanhueý Ýan Sýusin bilen oňuşmandyr. Ýan Sýusini Tiýanwanyň hut özi goldaýardy. Hun Sýusýuanyň goldamagynda Weý Çanhueý 1856-njy ýylda öldürilýär (sentýabr aýy). Weý Çanhueý wagtlaýynça Nagninde häkimiýeti eline alýar ýöne basym öldürilýär. Hun Sýusýuan tarapyndan Şi Dakaý boşadylar we ol 1857-nji ýylda 1 mln-dan gowrak goşuny alyp Anhueýe, ondan Szýansiýe, ondan hem Hytaýyň günorta-günbataryna gidýär.

Nankinde häkimiýet başyna Hun Sýusýuanyň garyndaşlary gelýär. Şundan soň taýpinler gutarnykly gowşaýar.

Kynçylykdan peýdalanyp Angliýa we Fransiýa Hytaýdan 1842-1844-nji ýyllaryň şertnamasyna üýtgeşmeler girizmegi talap edýärler. Sinler kabul etmeýär. 1857-nji ýylda anglo-fransuz goşunlaryGuançžouň töwereginde ýerleşýärler we 1858-nji ýylda olar Taýanszyny eýeleýärler. 1858-nji ýylda anglo-hytaý, franko-hytaý şertnamalar baglaşylýar. Ýene birnäçe ýurtlar Hytaýda ornaşýarlar. Hytaý gol çekilen şerytnamalary ratifisirlemeýär. Şonuň üçin hem ýene uruş başlaýar. 1860-njy ýylyň sentýabr aýynyň 16-da hytaýlylar ýeňilýärler. Imperator gaçýar.

1853-nji ýylyň maý – oktýabr aýlarynda Taýpinler demirgazyga ýöriş edýärler. Ýöne Týanszini alyp bilmän (Pekiniň ýanynda) Hankine (oňam adyny Týanszin diýip üýtgedýärler) dolanyp gelýärler.

60-njy ýyllaryň başlarynda mançžuryň hökümetine iňlis-fransuz, amerikan goşunlary hem kömek edip ugraýar. Ýagny açyk interrwensiýa başlaýarlar. Öň olar “biz uruşda neýtral” diýýärdiler. 1862-nji ýylda taýpin goşunlary Li Sýu-çeniň, Çen Ýuý-çeniň ýolbaşçylygynda bileleşen hytaý-daşary ýurt goşunlaryna garşy göreşipdirler. Emma taýpinler gowşap ugraýarlar.

1864-nji ýyla çenli taýpinler köp ýerleri ýitirýärler. Şoň üçin hem Hun Sýusýuan 1864-nji ýylyň iýun aýynda özüni öldürýär. Gorkut aýynyň 19-na bolsa garşydaş tarap Hankine kürsäp girýär we 100 müň adam öldürilýär.

Li Sýuçen ýesir alnyp, jezalandyrylyp öldürilýär. Şi Dakaý bolsa şindi 1863-nji ýylda günbatarda söweş wagtynda ölüpdi. Şeýlelikde taýpin gozgalaňy ýeňilýär.

## XIV. Tema: Hytaý XIX asyryň ahyrlary – XX asyryň başynda.

**1. XIX asyryň ahyrlarynda Hytaýyň syýasy we ykdysady ýagdaýy.** I-nji (1840-1842) we II – nji Tirýek (1856-1860) uruşlarynda Hytaýyň ýeňilmegi we ýurduň Angliýanyň, Fransiýanyň baknasyna öwrümi başlamagy Sin köşgünde oňşuksyzlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Dolandyryjy toparlaryň käbir öňden görüji wekilleri daşary ýurtlaryň harby-tehniki gazananlaryny peýdalanmagy talap edip ugraýarlar. Taryhda oňa “öz-özüňi güýçlendirmek syýasaty” diýilýär. Imperator aýal Sy Si (1835-1908) (Ehenara) hem şu toparlary goldapdyr (bu aýal ilki kämillik ýaşyna ýetmedik oglunyň (1861-de) Tunçsiniň adyndan 1875-den bolsa kämillik ýaşyna ýetmedik jigisiniň Guansýuýyň adyndan dolandyrypdyr). Ol döwlet apparatyny, maliýe we magaryf ulgamyny, goşuny we floty, transporty we aragatnaşygy kem-käsleýin kämilleşdirip ugraýar. Bu işlere amala aşyrmak üçin

Pekinde ýörite döwlet edarasy ("Baş uprawleniýe") döredilip, ol daşary söwda, ýarag gämi we maşyn satyn almak, deňiz goragy, demir ýol gurluşygyny, dag-magdan işlerini amala aşyrypdyr. Daşary ýurt dillerini öwredýän mekdepler açylypdyr. Bu işler Sin köşgündäki feodal toparlaryň ýiti garşylygyna duçar bolupdyr, ýöne işler barybir dowam etdirilipdir. Köp tehniki we gumanitar okuw mekdepleri açylypdyr. Şol bir wagtyň özünde Hytaýa ýewropalylaryň aralaşmagy has hem güýjäpdir. Daşary söwdada, maliýe ulgamynda, gümrük işlerinde daşary ýurtlylar hojaýynçylyk edipdirler. Şol döwürler hytaýly gara işçiler gazanç etmek üçin dürli ýurtlara (kuli) gidipdirler ýa-da olary aldap äkidipdirler. Olary ABŞ, Günorta –Gündogar Aziýa ýurtlaryna, Awstraliýa, Latyn Amerikasy ýurtlaryna äkdýärdiler. Sin hökümeti olaryň hukugyny goramak üçin hiç zat etmändir.

Uruşlar we daýhanlar gozgalaňlary basylyp ýatyrylanda Hytay köp zyýan çekipdir. Şol sebäpden hem sinler 60-70-nji ýyllarda garyp ýaşaýan ilata käbir eglişikleri edipdir, salgyt azaldylypdyr, ýeňillikli şertlerde kärende ýerleri berilipdir.

Daýhanlar gozgalaňlary basylyp ýatyrylýan döwürlerde hytaýly baylaryň goşunlarynyň serkerdeleri ummasyz köp girdeýji alypdyrlar. Soň olar öz goşunlary bilen gözegçilik edýän ýerlerinde berk tertip-düzgüni ýola goýupdyrlar. Harbylar işewirlige ýüz urup başlaýarlar, daşary ýurtly işewirler bilen gatnaşyklary ýola goýup başlaýarlar.

Bu babatda Anhueý welaýatyndaky gozgalaňy basyp ýatyrmaga gatnaşan Li Huçžan uly üstünlikler gazanypdyr. Ol soňra paýtgata dikme edilip iberilýär. Ýöne ol öz goşunlarynam ýany bilen alyp gidýär we Demirgazyk-Gündogar we Demirgazyk Hytaýý öz gözegçiligine alypdyr. Li Hunçžan goşunlaryny güýçlendiripdir, flot döredip ugrapdyr, arsenal açypdyr, daşary ýurt konsullary, banklary, söwda firmalary bilen gatnaşyk acypdyr. Ol Sin hökümetinden köp ýeňillikleri almagy hem başarypdyr. 1887-nji ýyla çenli onuň goşunlarynyň sany 40 müň adama ýetipdir. Ol Hytaýda täsirli adamlaryň

birine öwrülipdir. Li Hunçžan ýaly täsirli harbylar başga-da bolup, olar hytaý militarizminiň düýbüni tutupdyrlar.

Hytayda kapitalistik kärhanalaryň düýbüni ilkinjiler bolup hytaýly feodallar we köşk adamlary tutupdyrlar. 1861-1894-nji ýyllar aralygynda olar 19 sany döwlet harby kärhanalaryny gurupdyrlar. Işçiler esasan soldatlardan, senetçilerden we daýhanlardan kemala gelipdir. XIX asyryň 60-70 – nji ýyllarynda Hytaý portlarynda ýewropalylar hem senagat kärhanalaryny döredipdirler. Esasan eksporta gidýän çig maly işläp bejerýän, kommunal we ýeňil senagat kärhanalaryna eýeçilik edipdirler. 1894-nji ýyla çenli ýewropalylaryň elinde 101 sany kärhana (werfler, doklar, ýüpek saraýan, ýag çykarýan, harazlar, tipografiýalar we başg.) bolup, olaryň 2/3 bölegi iňlisleriňki eken. Daşary ýurt kärhanalaryň ýarysyndan gowragy Şanhaýda ýerleşipdir. Hytaýly işçileriň ýagdaýy beýleki ýerli kärhanalaryň işçileriniňkiden birneme ganymat bolupdyr.

70-80-nji ýyllarda Hytaýda ilkinji hususy kärhanalar hem ýüze çykyp ugraýar. Olaryň hytaýly sowdagärler we iri ýer eýeleri döredipdirler. Bu kärhanalar esasan egirme-dokma, harazlar, pagta arassalaýjy, ýag çykarýan, çaý işleýän, kükürt, poligrafiýa. 1872-1894-nji ýyllar aralygynda 75 sany hususy kärhana açylypdyr.

Hytaýyň senagat taydan ösüşiň esasy aýratynlygy. Birinji nobatda ol döwlet kärhanalarynyň ýüze çykmagy bilen bagly. Olaram esasan daşary ýurt kapitalyna degişli bolupdyr. Hytaýyň senagat buržuaziýasynyň döremegi söwda we manufaktura kapitalynyň fabrik kapitalyna transformirlenmegi esasynda däl-de pomeşikleriň bir bölejiginiň buržuazlaşmagy esasynda döräpdir.

**2. Fransuz-hytaý (1884-1885) we ýapon-hytaý (1894-1895) uruşlary we olaryň netijeleri.** XIX asyryň soňky çärýeginde daşary ýurtlaryň Hytaýa aralaşmagy has hem güýjeýär. Daşary ýurtlylara degişli portlarda 70-den gowrak protestant missioner guramalary bolan. Katoliklerem güýçli

hereket eden. Olar jemgyýetçilik jaýlaryny we ýerlerini eýeläpdirler. Bu bolsa nägilelik döredipdir. Bu bolsa kä ýerlerde fransuz, iňlis konsullarynyň we missionerleriniň öldürilmegine getiripdir. Iňlisler, fransuzlar şuny bahanalap Hytaýyň boýnuna adalatsyz şertnamalary dakypdyrlar. Ýaponlar hem kem galmandyrlar. 1885-nji ýylda Týanszinde Li Hunçžan bilen Ýapon premer-ministri Ito Hirobumi ylalaşyk baglaşyp, şol boýunça Ýaponiýa hem Hytaý ýaly Koreýanyň içki işine gatyşyp bilipdir.

1883-nji ýylyňm maý aýynda Fransiýanyň wekiller palatasy Demirgazyk Wiýetnama harby ekspedisiýa üçin kredit bermäge razylyk berýär. Şol ýerde bir wagtky taýpin goşunlarynyň sinleriň tarapyna geçen we 50 müňlik hytay regulýar goşuny bolan. Birleşen hytaý we wiýetnam goşunlary fransuzlary birnäçe gezek ýeňýärler. Fransuz eskadrasy bolsa Fuçžou portuna girip Hytaýyň flotunyň günorta eskadrasyny bütinleý gark edýär.

Ýurtda fransuzlara garşy hereketler güýjeýär. Ula ýazmagyndan gorkup Sinler şertnama baglaşmaga mejbur bolupdyrlar. 1885-nji ýylda Fransiýa şertnama esasynda Sinleri Wiýetnamdaky formal agalyklaryndan mahrum edýär we Sinler Fransiýa günorta Hytaýda köp artykmaçlyklary bermäge mejbur bolýarlar.

90-njy ýyllaryň başlarynda ýapon-hytaý gatnaşyklary ýitileşýär. Seuldaky ýapon missiýasy koreýleri Hytaýa garşy göreşe küşgüripdir. Sebäbi Koreýa hemişe Hytaýyň täsirindedi. Seulda ýerleşen Sin hökümetiniň rezidenti Ýuan Şlkaý (Li Hunçžanyň adamy) ýapon täsirini gowşatmaga çalyşypdyr. 1894-nji ýylda Koreýada hökümete garşy halk gozgalaňy turýar. Koreý hökümeti Sinleri kömege çagyrýar. Ýaponiýada şuny bahanalan Koreýa, goşun salýar. Ýaponlar paýtagty eýeläp, korolom ýesir alyp ony Hytaýa garşy uruş yglan etmäge mejbur edýär.

Ýapon-hytaý urşy başlaýar. Uruş basym günorta Mançžuriýa, lýaodun ý.a. we Şanduna geçirilýär. Ýaponlar

hytaýlylary ýeňip galalary eýeläp, hytaý flotuny gark edýärler.

Imperator Sy Si gorkusyna ýaponlar bilen şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Munuň üçin ýene-de Li Hunçžan iberilýär. Ýaponiýanyň Simonseki şäherinde gepleşikler başlaýar. Ýaponlar uly talaplar bildirýärler. Ýöne Germaniýa, Russiýa, Fransiýa Sinleri goldaýarlar. Hytaý ýaponlara 200 mln lýan kontribusiýa töleýärler. Ýaponlar Taýwany, Lýaodun ý.a. eýeleýärler. Almalysy köp eken, ýöne Russiýa, Fransiýa, Germaniýa kömek edýärler. Soň Ýaponýany olar Lýaodundan el çekmäge mejbur edýärler. Ýöne Hytaý oňa derek 30 mln lýan kontribusiýa töleýär.

Uruşlar Sinleriň çüýrükligini görkezýär we "öz özüňi güýçlendirmek" syýasaty puç bolýar.

**3. Hytaýda rewolýusion-demokratik, buržuaz-demokratik hereketleriň ýüze çykmagy we reformalar ugrundaky hereketler.** Şol döwürler rewolýusion demokratik hereket hem başlaýar. Onuň başynda Sun Ýatsen (1866-1925) durýar. Ol Guandunly bolupdyr. 13 ýaşynda Gawaý adalaryna gidýär. 1882-nji ýylda Gonkongda medinstituty tamamlaýar. 1893-nji ýylda ol Li Hunçžana hat ýazýar. Ýöne oňa haty gowşurmak başartmaýar. 1894-nji ýylda ol pikirdeşleri bilen "Hytaýy galkyndyryş birleşigini" döredýär. Onuň baş maksady Sinlere agdarmak bolupdyr.

1895-nji ýylyň başynda ol Gonkonga gelýär we "birleşigiň" ştabyny döredýär we Guandundaky "Asman-Zemin" gizlin jemgyýeti bilen gatnaşyklary ýola goýýar. Olar 1895-nji ýylyň oktýabr aýynyň 26-na gozgalaň turuzmagy maksat edinýärler. Ýöne onuň üsti açylýar guramanyň käbir agzalary tussag edilýär. Gozgalaň soňa goýulýar. Sun Ýatsen Gonkonga, Ýaponiýa, Gawaý adalaryna, ABŞ gaçyar. Soň Londonda 1896-njy ýylda Sin diplomatlary tarapyndan ogurlanýar we ony gzilinlik bilen Hytaýa äkitmek isleýärler. Ýöne öň Gonkongda okap ýören mahaly özüni okadan iňlis mugallymy Kentli oňa kömek edýär. Iňlis jemgyýetçiliginiň ýardam etmeginde Sun Ýatsen azat edilýär.

1895-nji ýylda Hytaýda reformalar ugrunda hereket hem başlaýar. Onuň başyny hem asly Guandunly Kan Ýuweý (1858-1927 ý.ý.) başlaýar. 1888-nji ýylda ol imperator Guansýuýa hat ýazyp ony reformalar geçirmäge we daşary ýurtlylara gaýtawul bermäge çagyrýar. Ol Simoneseki şertnamasy baglaşylan döwri Pekine ýokary alymlyk derejesini almak üçin synag tabşyrmaga gelipdir. Şonda şertnama garşy herekete ýolbaşçylyk edýär. Onuň ýolbaşcylygynda 1895-nji ýylyň ýazynda Pekinde ýygnak bolup oňa 1200-den gowrak adam gatnaşýar. Şonda olar Kan Ýuweýiň imperatora ýazan memorandumyny goldaýarlar.

Menmorandum 2 bölekden ybarat bolup, birinjisinde Simoneseki şertnamasynyň garşysyna subutnamalar getirilipdir, maslahatlar berilipdir. Ikinjisinde bolsa giň reformalar bellenilipdir. Onda daşary syýasat, harby iş, ykdysadyýet we medeniýet meseleleri gozgalypdyr. Synag tabşyransoň Kan Ýuweý jemgyýetçilik işleri wedomstwasynda iş dolandyryjy bolup işe başlaýar we “Döwletiň güýjemegi” atly gazeti döredýär. Soň Pekinde onuň inisiatiwasy bilen “Döwletiň güýçlendirilmeginiň assosiýasiýasy” atly syýasy klub hem döredýär. Ýöne tiz wagtdan reaksion toparlar dürli bahanalar bilen onuň gazetiniň we klubynyň ýapylmagyny gazanýarlar. Şondan soň Kan Ýuweý Şanhaýa, ondanam Guanduna gidip mugallymçylyk ediberýär.

Daşary ýurt kapitalyna garşy hereketlere garamazdan Hytaýyň içine aralaşmak has hem güýjeýär. Angliýa Günorta Hytaýyň welaýatlarynda we Ýanszy derýasynyň basseýninde öz täsirini ornaşdyrýar, 1895-nji ýylda Fransiýa, Günorta we Günorta-Günbatar welaýatlarynda dag-magdan işlerini geçirmäge şol ýyl Germaniýa Hankou we Týanszinde konsessiýa döretmäge, Russiýa bolsa KWŽD-ni gurmaga hukuk alýar. Şeýlelikde 1897-nji ýyla çenli Hytaýýň 34 porty daşary ýurt söwdasy üçin açylypdyr.

1897-nji ýylda 2 sany nemes missionerleriniň öldürilmegini bahanalap, German eskaddrasy Şandun ý.a-nyň

bir bölegini Sindao şäheri bilen bilelikde eýeleýär. “Konsessiýa ugrundaky söweşler” başlaýar. Orsýet 1898-nji ýylda Lýaodun ý.a.-nyň bir bölegini Dalýan we Lýuýşun (Port-Artur) şäherleri bilen bilelikde kärendesine alýar. Angliýa, Fransiýa hem birnäçe ýerleri alýar.

Sindaonyň eýelenmegi uly nägilelik döredýär. Kan Ýuweý ýene-de hereket edip başlaýar. Ol Pekinde Gaundun ylmy assosiýasyny we “Masgaraçylyga akyl ýetirenleriň assosiýasyny” döredýär. Ol ýene-de Guansýuýa memorandum iberýär. Nägile äheňde. Imperator şundan soň ony ýanyna çekýär. Onuň ýolbaşçylygynda “Döwleti goramak soýuza” döredilýär. Soýuzyň maksady ýurduň bütewiligini we halkyň howpsuzlygy goramak, reformalary propogandirlemek, ykdysady bilimleri ýaýratmak we hökümete ýurdy, dolandyrmaga kömek etmek bolupdyr.

Ýurtda watançylyk hereketiniň ýokary göterilmegi bilen imperator taryhda “ýüz günlik reformalar” ady bilen belli reformalary başlaýar. “Ýüz günlik reformalar” döwründe (1898-nji ýylyň iýul aýynyň 11-de) imperator 60-dan gowrak perman çykarýar. Permanlar hökümetiň ýanynda 4 sany baş uprawleniýany 1) senagat we söwda, 2) dag-magdan, 3) oba hojalygy, 4) demirýol döretmegi karar edýär. Goşuny modernizirlemek, artykmaç döwlet annapatlaryny ýatyrmak, ähli emeldarlaryň doklad bilen imperatora ýüz tutup bilmekleri, Paýtagtda uniwersitet açmak, hususy mekdepleri açmak, günbatar ylymlaryny girizmek göz öňüne tutulan. Imperator maşyn gurluşygyny ösdürmäge, gazet çykarmaga, žurnal, kitaplary terjime etdirmegi wada edýär.

Imperator Guansýuý we reformatorlar goşuna daýanyp agdarylyşyk etjek bolýarlar. Sebäbi reforma garşylyk güýçlidi. Agdarylyşygyň harby ýolbaşçysy Ýuan Şlkaý satýar. 1898-nji ýylyň sentýabr aýynyň 21-de imperator Sy Si manžur goşunlarynyň ygtybarly bölegi bilen Guansýuýy tussag edýär we öz regentligini dikeldýär. Kan Ýuweýiň tarapdarlarynyň 6-sy sutsuz zatsyz öldürilýär. Kan Ýuweý we başgalar daşary

ýurda gaçyarlar. Sy Si “ýüz günlik reformalaň” köp permanlaryny ýatyrýar we reformalaryň garşydaşlaryny öz postalaryna getirýär.

**4. Ihetuanlaryň gozgalaňy.** XIX asyryň ahyrlaryndan daşary ýurtlylara garşy hereket has hem güýjeýär. Has hem missionerçilige garşy hereket güýçli bolan. Şol herekete “Uly gylyç jemgyýeti” ýolbaşçylyk edipdir. 1898-nji ýylda Şandunyň Demirgazyk ýezdlerinde (Şandun nemes konsessiýasy) gizlin jemgyýet bolan Ihetuan güýjäp ugraýar. Onuňky hem antinilissionerçilik bolupdyr. (Ihetuan-adalatyň we parahatçylygyň otrýady “ýa-da Ihetuan-adalatyň we parahatçylygyň bähbitleri üçin galdyrylan ýumruk” manysy bar) Ihetuanlaryň güýji daýhanlardan, senetçilerden, gaýykçylardan, ýükçilerden, ownuk jerçilerden ybarat bolup, olara daýhan Çžu Hunden ýolbaşcylyk edipdir (lakamy Taňrynyň Aždarhasy). Ol özüni min dinastiýasynyň nesillerinden diýip yglan edipdir. Olaryň esasy şygary kese ýerlileri kowup çykarmak.. Ihetuan-Ihensýuan-ýuan-ýumruk daşary ýurtlar “ýumrugy” göz öňune tutup gozgalaňlary “boksýorlar” diýip atlandyrýarlar. “Boksýorskaýa wosstaniýe”, “Boksýor protokoly” – 1901-nji ýylyň sentýabr aýynyň 7-ne 8 döwlet bilen Sinler şertnama başlaýarlar.

Gozgalaň 1899-njy ýylyň başlap esasan Şandun welaýatynda bolup geçýär. Hökümet ony basyp ýatyrmak üçin döwletleriň teklibi boýunça Ýuwan Şikaýy iberýär.

1900-nji ýylyň ýazyndan beýleki welaýatlara-da ýaýraýar. Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýýň şäherleri boýunça hereket etmek bilen daşary ýurt missiýalaryny we kärhanalaryny ýok edipdirler. Şundan soň 8 ýurt Angliýa, ABŞ, Ýaponiýa, Fransiýa, Orsýet, Italiýa, Germaniýa we Awstro-Wengriýa Hytaýa çozýarlar.

Sinler öz ýagdaýlaryny berkitmek üçin Ihetuanlar bilen gepleşik geçiripdirler, şol bir wagtda bolsa daşary ýurt diplomatlaryny rahatlandyrmaga çalyşypdyrlar. Bu sin häkimiýetiniň ikiýüzlidigini görkezýär. 1900-nji ýylyň iýun

aýynda sinler Ihetuan goşunyny Pekine goýberýarler. Ihetuanlar daşary ýurt goşunlary bilen uruşa başlaýar. Tiýanszine gelýän deňiz ýollaryny goraýan Dagu berkitmesiniň ýykylanyny eşidip Sy Si döwletlere garşy uruş yglan edýär. Pekinde we Tiýanszinde Ihetuan we Sin goşunlary daşary ýurt goşunlaryny gabaýarlar. Ihetuanlar admiral Seýmuryň iňlis goşunlaryny ýeňýärler. Ýöne Sinler Ihetuanlary iň howply ýerlere iberipdirler. Şeýdibem olardan dynmak isläpdirler. 1900-nji ýylyň awgust aýynda 40 müňlik daşary ýurt goşuny Ihetuanlaryň garşylygyny syndyryp paýtagta girýär. Sy Si Li Hunçžany gepleşik geçirmäge iberip, özi hem öý tussaglygynda saklanýan Guansýuýy alyp gaçyar. Gozgalaňyň 3-nji etapy Sinler ýeňlen soň başlaýar. Sy Si goşunlaryna ýaragy Ihetuanlara garşy öwürmegi buýurýar.

1901-nji ýylyň sentýabr aýynyň 7-de Li Hunçžan Sin hökümetiniň adyndan döwletler bilen şertnama baglaşýar. Bu şertnama Hytaýyň taryhynda “Boksýor protokoly” diýilip atlandyrylýar. Şertnama boýunça Sinler 39 ýylyň dowamynda 450 mln lýan kontribusiýa tölemäge borçlanýar. Hytaýa köp zatlar gadagan edilýär. 1902-nji ýylyň ýanwar aýynda Hytaý hökümeti döwletleriň rugsady bilen Pekine dolanyp gelýär.

Sun Ýatseniň “Birleşigi”, Kan Ýuweýiň reformatorlary hem Ihetuanlary goldamandyrlar. Sun Ýatsen Ihetuanlaryň arasyna öz wekilini iberýär. Emma ol daşary ýurtlylar bilen gatnaşyklarda aýyplanyp öldürilýär.

## XV. Tema: Hytaý XX asyryň başlarynda.

**1.XIX asyryň başlarynda Hytaýda kapitalizmiň kemala gelmegi.** Ihetuanlaryň gozgalaňyndan soň sinler senagaty, transporty we söwdany ösdürmek, şeýle hem magaryfy we hünärmneleriň taýýarlanyşygyny gowulandyrmak babatda käbir işleri etmäge mejbur bolýarlar. Emma kapitalistik

ösüşe feodal düzgünler we ýurduň ykdysadyýetinde daşary ýurtlaryň agalyk etmegi uly kynçylyklary döredipdir.

Muňa garamazdan XX asyryň başlarynda ýurtda 386 fabrik, şahta we kän açylyp, olar dolulygyna ýa-da kem-käsleýin milli kapitalyň elinde bolupdyr. Daşary söwdanyň möçberi hem artypdyr. Egerde 1901-nji ýylda ýurduň eksporty 122 mln dollar bolan bolsa, 1911-nji ýylda ol 245 mln dollara ýetýär. Import hem 193 mln bolanlygyndan degişli döwürde 306 mln ýetýär. Hytaýa daşary ýurt kapitalynyň eksporty hem güýçlenýär. 1900-nji ýyldan 1914-nji ýyla çenli daşary ýurt maýalary 750 mln bolanlygyndan 1 mlrd 650 mln dollara çenli artýar. Maýalar esasan demir ýola, daşary söwda, işläp bejerýän we dag-magdan senagatynda ulanylypdyr. Hytaýyň bergisi şol ýyllar 835 mln dollara çenli artypdyr. Bergiler esasan daşky karzlaryň hasabyna artyp, olar esasan sinleriň harby-dolandyryş zerurlyklaryna gönükdirilipdir.

Daşary ýurtlylar üçin açylan portlaryň sany 1912-nji ýylda 100-e ýetipdir. 1899-1913-nji ýyllarda daşary ýurt firmalarynyň sany üç esse köpelip, olaryň sany 2400-e, we ýurtda ýaşaýan daşary ýurtlylaryň sany bolsa 53 müňden 165 müňe ýetipdir. Hytaý bilen söwdada Angliýa birinji orny eýeläp oňa söwdanyň 50 % degişli bolupdyr.

XX asyryň başlarynda Hytaýda milli-azat edijilik we antimaçžur hereketler ösüp, ugraýar. “Aziýanyň oýanýan döwri” rus rewolýusiýasy bilen bagly. 1905-nji ýylyň tomsunda Sun Ýatsen dürli rewolýusion demokratik toparlary ýygnap “Hytaýyň rewolýusion birleşen soýuzyny” döredýär. Oňa köp sanly ýurtdaky we emigrasiýadaky toparlar girýärler. 1905-nji ýylyň Sanjar aýynda Sun Ýatsen “Üç halk prinsigini” düzýär. Ol “Soýuzyň…” programmasy bolup hyzmat edýär. “Üç halk prinsigi-milletçilik, halk häkimiýeti we halk abadançylygy. “Soýuz” Tokioda “Minbao” (halk) žurnalyny hem çykaryp ugraýar. Bir ýyldan soň “Soýuzyň” agzalarynyň sany 10 müňe ýetipdir. 1906-1911-nji ýyllardan “soýuz…” 10-dan gowrak hökümete garşy çykyşlary we gozgalaňlary gurnapdyr.

(Günorta, Merkezi we Günbatar Hytayda). Şu uly gozgalaň 1911-nji ýylda Guançžouda hem bolýar.

XX asyryň başlaryndan Kan Yuweý hem Gawaý adalarynda emigrasiýada Sun Ýatsene garşy çykyş edipdirler, şol bir wagtda bolsa reformalar ugrunda göreşdirler.Ýurduň içindäki liberla-buržuazlar Rewolýusiýa bolar diýip Sinleri gorkuzypdyrlar. 1909-njy ýylda beýik atabeg-regent Szaý Fyn, öz ogly, kiçi ýaşly imperator Pu I-niň adyndan welaýatlarda "maslahatçy komitetleriň" döredilýändigini yglan edýär. Manewr edýär, halky aldamaga çalyşýar. "Maslahatyň" maksady konstitusiýa taýýarlyk görmek bolupdyr.

Emma ýurduň içeri ýagdaýy gitdigiçe çylşyrymlaşyp ugraýar. Soňa baka pomeşikler, burşuýlar hem nägile bolup ugraýarlar.

1911-nji ýylyň güýzünde Gyçuanda (Merkezi Hytaý) ýaragly gozgalaň başlaýar. Sin goşunlary käwagt halkyň tarapyna geçýär. Hatda sinleriň diregi bolan pomeşikleriň bir bölegi olardan ýüz öwürýär.

Şu döwürde Orta Hytaýdaky Hubeý welaýatyndaky Uçan (3-si birleşip Uhany emele getirýär) şäherlerinde (Uçanda, Hankouda, Hanýanda) rewolýusion guramalar aktiwleşýärler. Edebiýat jemgyýeti bilen Hytaýly studentleriň assosiýasiýasy birleşýär. 1911-nji ýylyň sentýabr aýynyň 14-de edebiýat jemgyýeti bilen "Ählumumy progress soýuzynyň" ýygnagynda gozgalaňyň umumy ýolbaşçysy döredilýär. Ýygnakda Şanhaýa wekil iberip birleşen soýuzyň ýolbaşcylary Hudan Sun bilen Syn Sýaşeni çagyrmagy maslahat edýärler. Şol ikisi gozgalaň ýolbaşçylyk etmeli eken. Sebäbi bu iki gurama welaýat guramalary bolupdyr. Ýöne tötänleýin Hankoudaky rus konsessiýasynda ýerleşen gozgalaňyň syýasy komitetiniň jaýynda granat ýarylmagy sebäpli hökümet tussag etmelilere başlaýar.

**2. Rewolýusion-demokratik we konstitusion-monarhistik hereketler.**Sin dikmesi şaheriň derwezesini ýaýdyryp köp adamlary tussag edýär. Soň olar öldürilýär.

Garaşsyzlyk aýynyň 10-na agşam seržant Sýun Bikun sapýor batalýonynyň esgerlerini gozgalama galdyrýar. Ol rewolýusion guramanyň agzasydyr. Olary toplçular polkunyň esgerleri başga-da jemi 4 müň esger goldaýar. Rewolýusion goşunlar Uçandaky dikmäniň edarasyny eýeleýärler. Şol günüň ertesi Hubeýiň rewolýusion hökümeti döredilýär we Hubeýi goramak karar edilýär. Uçanyň, Hankounyň, Hanýanyň ilaty goşulyp gozgalaňçylarda ummasyz uly goşun düzülýär.

Sin goşunlaryna Hankouy eýelemek başardýar. Soň daşary ýurtlylaryň kömegi bilen Hanýany hem alýarlar. Ýöne gozgalaňçylara Uçany saklamak başardýar.

Hubeýdan soň 14 welaýat sinleriň häkimiýetiniň öz welaýatlarynda agdarylýandygyny yglan edýärler. Bu wakalar 1911-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda bolup geçýär. Diňe Çžli, Henan, Gansu sinleriň elinde galýar. Şeýle şertlerde sin hökümeti Ýuan Şikaýa baş serkerdelik we hökümetiň başlygy wezipesini berýärler. Ol Günortanyň käbir syýasy toparlary bilen mançžurlaryň arasynda güýçli hereket etmek bilen ýokary häkimiýete dyzapdyr. Oňa Ýewropa döwletleri hem ýardam edipdir. Şol döwürler iňlis baş kontrlynyň ýardam etmeginde sinleriň we rewolýusion goşunlar ylalaşýarlar.

1911-nji ýylyň dekabr aýynyň 29-da Nankinde welaýatlaryň wekilleri Sun Ýatseni Hytaý respblikasynyň wagtlaýyn prezidenti diýip yglan edýärler. Sun Ýatsen Hytaý respublikasynyň konstitusiýasyny kabul edýär. Kanun boýunça demokratik azatlyklar berilýär. Köp işler durmuşa geçirilýär. Orta asyr düzgünleri ýatyrylýar. Halka ýardam edilýär, heläkçilik çekenlere kömek ediýär tirýek söwdasy gadagan edilýär. Magaryf ulgamyny ösdürmäge synanşyklar edilýär.

Emma rewolýusa başlandan bäri Ýewropa döwletleri sinlere kömek beripdirler. Nankin hökümeti bilen bolsa gatnaşyk etmändirler. Şeýle şertlerde sinler Sun Ýatsene prezidentlik wezipesini Ýuwan Şikaýa bermegi teklip edýärler. Eger şeýle edilse sinler häkimiýet başyndan gitmäge razydyklaryny aýdýarlar. Sun Ýatsen Hytaýda parahatçylygyň

hatyrasyna bu teklip bilen razylaşýar. Ol paýtagtyň Nankinde galdyrylmagyny isleýär. Emma Ýuan Şikaý onuň teklibini kabul etmeýär.

1912-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-de Pu I tagtdan el çekýär we sin dinastiýasy ýyklýar. Ýöne Ýuan Şikaý sinler üçin köp ýeňillikler döredýär. Şeýlelikde Sinhaý rewolýusiýasy gutarýar. Patyşalyk düzgüni ýykylsa-da Hytaýda Orta asyr düzgünleri saklanyp galypdyr. Daşary döwletleriň agalygy hem öňkileri ýaly galýar.

**3. Sinhaý ynkylaby we Sin dinastiýasynyň ýykylmagy.** 1912-nji ýylyň awgust aýynda öňki birleşen soýuzyň agzalary we oňa goşulan liberal-buržuaz toparlary Hytaýyň milli partiýasyny (Gomindan) döredýärler. Parlament saýlawlarynda Gomindan köp ses alýar. Ýöne hökümet düzüp bilmeýär. Ýuan Şikaýy ABŞ ykrar edipdir. Ol Gomindana garşy tutanýerli göreşipdir. 1913-nji ýylyň güýzüne çenli Ýuan Şikaý öz harby diktaturasyny berkarar edýär. 1914-nji ýylyň ýanwar aýynda parlamenti, soňam 1912-nji ýylyň konstitusiýasyny ýatyrýar. Onuň ornuna öz konstitusiýasyny girizýär. Sun Ýaten öz egindeşleri bilen emigrasiýa gidýär.

1913-nji ýylyň iýul-sentýabr aýlarynda Hytaýda Ýuan Şikaýyň diktaturasyna garşy “ikinji rewolýusiýa” bolup geçýär. Ýöne hiç hili netije bermeýär.

1914-nji ýylyň a\wgust aýynda Hytaý özüni jahan urşunda bitarap diýip yglan edýär we döwletlerden öz ýerinde uruş etmezligi soraýar. Ýöne ýapon hökümeti 1914-nji ýylyň awgust aýynyň 22-de Germaniýa uruş yglan edýär. We 30 müňlik ýapon goşuny Sindaonyň demirgazygyna düşürilýär. Iki aýdan soň Ýaponiýa tutuş Şandun ýarym adasyny eýeleýär. Ýuan Şikaýyň hökümeti ýaponlara garşylyk görkezip bilmeýär.

1915-nji ýylyň ýanwar aýynyň 18-de Ýaponiýa Hytaýa “21 talap” bilen ýüzlenýär. Bu talaplar mazmuny boýunça bäş topara bölünýär. Talaplaryň bir toparynda ýaponlaryň Şandun ýarym adasyna hukugy talap edilipdir. 2-sinde mançžuriýanyň we oňa golaý bolan içki Mongoliýanyň üstünden harby-syýasy

we ykdysady kontrollyk talap edilipdir. 3-njisi Merkezi Hytaýda ýerleşen Hanýepin metallurgiýa kombinatynyň üstünden kontrollyk talap edipdir. 4-sinde Hytaýdan hiç bir döwlete nähilidir bir ýerleri bermek gadagan edilipdir. 7 punktdan durýan 5-nji toparda Ýaponiýanyň bütin Hytaýyň üstünden agalyk etmäge bolan islegleri görkezilipdir. Şu toparda Hytaý hökümeti ýapon syýasy, harby we maliýe maslahatçylaryny çagyrmaly bolupdyr. Hytaýyň harby senagatyny we polisiýasyny bilelikde dolandyrmak, ähli senagat we demir ýol gurluşygyny Ýaponiýa bermek talaplary bildiripdir. Ýuan Şikaý bu talaplary birbada kabul etmeýär. Bu barada Ýewropa döwletleri bilen maslahatlaşýar we ahyr soňunda bu talaplary kabul edýär. 1915-nji ýylyň maý aýynyň 9-y milli masgaraçylyk güni hökmünde hytaý taryhyna girýär.

"Ikinji rewolýusia" ýeňilenden soň Sun Ýatsen Ýaponiýa gidýär we şol ýerde 1914-nji ýylyň iýul aýynda Gomindanyň ýerine Hytaýyň rewolýusion partiýasyny (Junhua gemindan) döredýär.

Ýuan Şikaý her hili ýollar bilen Hytaýyň patyşasy bolmaklyga dyzapdyr. Ýewropa döwletleri başda onuň bu meýilini oňlapdyrlar. Ýöne soň Hytaýyň içinde patyşalyk düzgüne garşy hereketler güýçlenenden soň ony goldamaklaryny bes edýärler.

**4. Ýuan Şikaýyň diktaturasynyň dikeldilmegi we Hytaý I jahan urşy ýyllarynda.** Günorta Hytaýyn köp ýerlerinde Ýuan Şikaýyň häkimiýetine boýun egmän Ýunnanda, Guanside, Guýçžouda, Guandunda, Çžeszýanda, Syçuanda, Hunanda özbaşdaklyk yglan edilipdir. Bu welaýatlarda "respublikany goraýyş goşunlary" döredilýär. 1916-njy ýylyň mart aýynyň 22-de Ýuan Şikaý patyşalykdan resmi taýdan el çekýär. 1916-njy ýylyň iýun aýynyň 6-na Ýuan Şikaý tarpa-taýyn aradan çykýar.

Ýuan Şikaý ölenden soň harby toparlar has hem güýçlenyärler. Olaryň ulusy "Beýýan" (demirgazyk) topary bolupdyr. Respublikanyň prezidenti Li Ýuanhun bolýar. Ol öň

wise-prezidentdi. Ol 1912-nji ýylyň konstitusiýasyny dikeldýär we parlamenti çagyrýar. Ýöne hökümetde diňe Ýuan Şikaýyň tarapdarlary galypdyr ýagny demirgazykly militaristler 1916-njy ýylyň awgust aýynda parlamentiň sessiýasynda öň Gomindana degişli deputatlar (olar Günbatar, Merkezi we Günorta Hytaýyň buržuaz-pomeýşik toparlarynyň bähbitlerine araýardylar) bilen militarist deputatlaryň arasynda göreşler başlaýar.

Sun Ýatsen 1916-njy ýylyň iýul aýynda Ýaponiýadan Hytaýa dolanyp gelýär. Halk içinde abraýy uly bolansoň ony prezidentiň permany bilen “hyzmatlary üçin” diýen orden bilen sylaglaýarlar.

Ýurtda syýasy ýagdaý çylşyrymly bolupdyr. Ýewropa döwletleri Hytaýy Germaniýa garşy uruş yglan etmäge itekleýärdiler. Sun Ýatsen bolsa garşy bolupdyr. Hytaýy harbylar urşa girmek isläpdirler. Ýaponiýa Hytaýyň Germaniýa garşy urşa girmegine garşy bolýardy. Sebäbi Hytaý urşa girse Ýaponiýa özüniň Şandundaky mülkünden dynaryn öýdüp gorkýardy. Ýöne Angliýa bu meselede Ýaponiýany goldajakdygyny aýdýar. Şundan soň Ýaponiýa hem Hytaýyň urşa girmegine garşy bolup durmaýar.

1917-nji ýylyň mart aýynyň 14-de ýurduň premer-ministri Duan Sižuý Germaniýa bilen dilomatik gatnaşyklaryň kesilýändigini yglan edýär.

1917-nji ýylyň maý aýynyň 10-da parlamentde Germaniýa garşy uruş meselesi goýulýar. Parlament uruş yglan etmekden boýun gaçyrýar we Duan Sižuýyň hökümetiniň iş başyndan gitmegini talap edýär. Şundan soň militaristleriň basyşyna döz gelip bilmän prezident Li Ýuanhun parlamenti dargadýar. Dargadylan parlamentiň köp deputatlary Şanhaýa we Guançžoua gidýärler. Tiz wagtdan Duan Sižuýyň ýaponparaz hökümeti Li Ýuanhuny hem prezidentlikden gitmäge mejbur edýärler. Onuň ornuna Duan Sižuýyň ýardam bermeginde militarist Fen Goçžan prezident bolýar. 1917-nji ýylyň awgust aýynyň 14-de Hytaý Germaniýa garşy uruş yglan

edýär.

1917-nji ýylyň awgust aýynyň 25-de Guançžouda dargadylan parlamentiň deputatlary Günorta Hytaýyň harby hökümetini döredýärler. Başlyklygyna bolsa Sun Ýatsen bellenýär. Oňa generalissmus çini hem berilýär. Günortanyň hökümeti demirgazyga ýöriş etmek üçin taýýarlanypdyr. Günorta Hytaýyň harby hökümetine ýunnan, guansi we syçuan militaristeri girýärdiler. Bu döwürler Gomindanyň abraýy pes bolupdyr. Üstesinede militaristik topar hem oňuşmandyrlar. Şundan soň Sun Ýatsen iş başynda gidýär we Guançžouy taşlap Şanhaýa gidýär. Rewolýusion demokratik hereket çuň krizise düşýär.

## XVI. Tema: Hytaý 1917-1945-nji ýyllarda

**1.Birinji jahan urşynyň ahyrlaryna çenli Hytaýyň jemgyýetçilik ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Birinji jahan urşynyň tamamlanan döwürleri hytaý yzagalak, ýarym kolonial, ýarym feodal, ýurt bolmagyny dowam etdirýärdi. Pri döwletler Hytaýy dolylygyna diýen ýaly "täsie zonalaryna" öwrüldiler.

Birinji jahan urşy ýyllarynda Hytaýyň ykdysadyýeti birneme janlandy säbäbi uly döwletleriň bar ünsi ýewropada boldy. Hytaýda fabrik zawod önümçiligi birneme giňedi. Senagat işçileriniň sany 2 mln. çenli artdy. Milli buržuaziýa birneme guruplandy. Emma orta asyr döwlet gurluşy, uly döwletleriň agalygy dowam edýärdi. Şu şertlerde Hytaýda rewalýusion çykyşlar güýjäp ugrapdy. Muňa rus rewalýusiýasynyň hem täsiri boldy.

**2.XX asyryň 20-nji ýyllarynyň birinji ýarymynda daşary ýurt agalygyna garşy çykyşlar.**Garaşsyzlyk aýynyň wakalary hakyndaky habarlar Hytaýa gelenden soň dürli çykyşlar başlady. Pekin uniwersitetiniň professory Li Da Čžao

“täze ýaşlar” žurnalynda makalalar çap edýär (oktýabr (garaşsyzlyk) rewalýusiýasy barada).

1919-njy ýylyň maý aýynda Hytaýda watançylyk hereketi başlanýar. Sebäpli Pariž konferensiýanyň karary. Şol karar boýunça Şanduny Germaniýadan aýryp Ýaponiýa berýärler. Hytaýlylar bolsa özlerine berilen öýdüpdir.

Ilkinji bolup Pekilli talyplar gurnaýarlar. Şol miting 1919-njy ýylyň maý aýynyň 4-ne bolup geçýär. Olar özbaşdak şygarlaryny, göteripdirler, dönüklere çäre görülmegini talap edýärler. Şertnama gol çekilmegine goşulýärlar. Polisiýa çozýar, ýeňjilýärler tussag edilýär. Muňa jogap edip Pekinli talyplar magtymguly aýynyň

5-ne okuwa çykmaýarlar. Şeýle hereketler başga ýerlerdede bolup geçýär.

Ýaponlaryň harytlaryny almakdan ýüz öwürýärler. Şäherlerde iş taşlaýyşlar bolup geçýär. Şeýle şertlerde hökümet birnäçe ýaponparaz emeldarlary işden çykarmaga tussag edilen talyplary boşatmaga mejbur bolýar. Pariž sertnamasyna bolsa Hytaý gol çekmeýär.

Şol döwürlerde Hytaýa marksistik edebiýat hem köpçilikleýin ýaýrap başlaýyar. Hytaýdaky hereketler komenterniň hem ünsüni  berk özüne çekýär. Hytaýa wekiller iberip durulýar. Netijede 1921-nji ýylyň iýul aýynda HKP birinji gurlutaýy Şanhaýda bolup geçýär.

Hytaýyň ýaponparaz millitaristik hökümeti (Pekinde) 1912-nji ýylyň magtymguly aýynda RSFSR-däki öz wekillerini yzyna çagyrýar we magtymguly aýynda Ýaponiýa bilen Russiýa garşy interwensiýa guramak barada ylalaşyk baglaşýar. Ýöne Russiýa  Hytaý bilen arany  sazlamak başardýar we 1924-nji ýylda sowet - Hytaý şertnamasyna gol çekilýär.

Şol döwürler ABŞ hem Hytaý babatynda aktiw syýasat ýöredip ugroýar. Ol Waşinikton konferensiýasynda (noýabr aýynyň 21-i, fewral aýynyň 22-si) Şanduny Ýaponiýadan Hytaýa gaýtaryp berilmegine ýardam edýär.

Şol ýyllarda ABŞ we Angliýa Hytaý milletaristlerini

goldaýar. Olar ýaponparaz güýçler bilen iki gezek uruşdan soň (1920-1922) merkezi we demokratik Hytaýyň köp ýerlerini kontrollyga alýarlar.

1922-23-nji ýyllarda işçiler hereketi güýçlenýär. 1922-nji ýylda iňlis oloniýasy bolan Gankongda 100 matros dönükler iş taşlaýarlar. Iş haky, iş şerti. Beýleki bir çykyş Pekin-Honkow demirýolynda bolýar. Ýöne Baýdak aýynyň 23-ne millitaristler tarapyndan basylyp ýatyrylýar.

Şeýle şertlerde Hytaýyň Günortasynda azat edijilik hereketi üçin gowy şertleri döreýär. Sebäbi, 1923-nji ýylyň fewral aýynda Guançžowda Sunýasen hökümet döredýär we kommunistler bilen arasyny berkidip ugraýar. Sowet Soýuzy bilen dostlugyň atarapdary bolupdyr.

1923-nji ýylda KPK Gomindanyň (Sun Ýatseniňki – milli partiýa) arasynda bitewi Frat barada ylalaşyga gelinýär.

Täzeden gurulan Gomindanyň 1924-nji ýylyň ýanwar aýynda Guançžouda bolup geçen I gurultaýynda KPK Gomindany kabul edilýär. KPK-nyň käbir ýolbaşçylary MIK-ne girizilýär.

Gurultaýda ``üç prinsip`` kabul edilýär – milletçilik, halk häkimiýeti, halk abadançylygy. Şu üç prinsip Sun Ýat-seniň ``üç syýasaty`` bilen utgaşypdyr. SSSR bilen soýuz, KPK bilen soýuz, Daýhanlary we işçileri goldamak.

1924-nji ýylyň maý aýynda Sun-Ýat-sen SSSR-de gelen sowetnikleriň kömegi bilen rewolýusion armiýany gurnamaga başlaýar, kommunistler bilen.

1924-nji ýylyň maý aýýnyň 31-de Sowet Hytaý şertnamasy baglaşylýar. Oňa Pekiniň militaristik hökümeti gol çekýär. KWŞD iki tarap üçin deň ``kommersiýa kärhanasy`` diýlip ykrar edilýär. Tä Hytaý ony satyn alynça.

Guançžouda emele gelen bitewi Fratyň hökümetini ýok etmek üçin birnäçe gezek çykyşlar bolup geçýär. Ýöne olara şol çykyşlary basyp ýatyrmak başardýar.

Şol döwürde demirgazykda-da syýasy wakalar bolup geçýär. Demirgazykly militaristleriň generaly Fen Ýuý-Sýan

1924-nji ýylyň oktýabr aýynda öz goşunyny ``milli goşun`` diýip yglan edýär we Pekini eýeleýär. Ýöne ol yzygiderli syýasat ýoredip bilmeýär. Sebäbi ol Pekini hökümet başyna ýaponparaz syýasatçynyň gelemegine ýol berýär. Şol syýasatçy Pekinde dürli syýasy toparlaryň gatnaşmagynda konferensiýa gurnaýar. Şol konferensiýa agyr keselli Sun-Ýat-senem gelýär. Ol 1925-nji ýylyň mart aýynyň 12-ne aradan çykýar. (1866-1925)

1925-nji ýylyň II-III aýlarynda Guançžouda (Guandul wela) çukyşlar bolýar. Ýene-de rewolýusiýa goşuny tarapyndan basylýar. Netijede bütin Guand milli – rewolýusion häkimiýet gurulýar. Komunistler, Gomindan bilen bilelikde.

**3.1925-27-nji ýyllaryň rewolýusiýasy we häkimiýet başyna Gomindanyň gelmegi.** 1925-nji ýylyň maý aýynyň 30-na Şanhaýda we Sindaoda ýapon imperialistleriniň eden-etdiliklerine garşy demokratiýa çykanlary iňlis polisiýays tarapyndan oka tutulýar. Bu bolsa uly gahar-gazap döredýär. Iýun aýynyň 1-ne 200 müň adam gatnaşan iş taşlaýyş, 50 müň talyp okuwy bes edýär. Ýapon harytlary baýkot edilýär. ``30 maý hereketi`` başlaýar.

1925-nji ýylyň iýun aýynyň 19-na Gankongda iş taşlaýyş, iýun aýynyň 23-ne Guançžouda demonstrasiýa bolup geçýär. Soňra Gankongda we Guançžouda 250 müň adam gatnaşan iş taşlaýyşlar bolup geçýär. Staçkalar baýkot bilen yutgaşypdyrlar. Köp staçkaçylar Gankongy we Guançžauy taşlap töwerekdäki şäherlere we obalara gidipdirler.

Şeýle şertlerde Gomindanyň sag ganatynyň liderleriniň biri çak kaý-şi 1926-njy ýylyň martynda berk çäreleri geçirip ugraýar, kommunistleriň we çepçi gomindançylaryň garşysyna agdarylyşyk geçirýär. Muňa SSSR hem goşuýar. Netijede ylalaşyk boýunça Çak Kaý-şi öz häkimiýetini berkidip, kommunistleri ýolbaşçy wezipelerinden boşadansoň, tussag edilen kommunistler boşadylýar. Ýöne bütewi front saklanyp galýar.

Şu şertlerde bütewi front demirgazyga ony birikdirmek

maksady bilen hüjüme başlaýar. 1926-njy ýylyň ýazyna çenli Guançžou hökümeti öz tabynlygyna Guanside Guançžou welaýatlaryny (Günorta Hytaý) hem girizildi.

1926-njy ýylyň iýul aýynyn 9-na demirgazyga ýöriş başlaýar. Oňa Blýuheriň ýolbaşçylygynda Sowet harby delegasiýasy işläp taýýarlaýar. Awgust aýynda Hunan, sentýabr – oktýabr aýynda Hubeý, noýabr – dekabr aýynda Isensi, Sunszýan. Netijede, 1926-njy ýylyň ahyrynda 7 welaýat (Günorta Hytaý) Ýan Sziniň jülgesi Jan Çžou hökümetine birikdirýär.

Demirgazyk ýörişiniň üstünlikleri Bütin Hytaýy herekete getirýär. Demirgazykda militaristlere garşy hereketini general Fen Ýu-Sýan güýçlendirýär we özüni Guançžou hökümetiniň soýuzdaşy diýip yglan edýär. Onuň goşunlary militaristleriň zor salmagy netijesinde Pekinde Günbatara yza çekilmeli bolupdy. Güýzde bolsa, onuň özi hüjüme geçýär we Sanjarda Şensi welaýatyny eýeleýär. Bitaraplyk aýynda bolsa Hepaki welaýatynyň demirgazyk-günbatar bölegini eýeledi, günortasyna bolsa milli rewolýusion goşunlar girdi.

Ýöne sagçy gomindançylar bilen kommunistler arasynda-da göreş gidýärdi.

1927-nji ýylda HR Goşunlar mart aýynyň 22-ne Şanhaýy, HRT beýleki topary bolsa Nankini eýeledi.

Şol döwürlerde uly döwletler hem rewolýusion çykyşlardan çekinip Uhanda ýerleşýän milli hökümete ultimatum berip başlaýar. Nankinini iňlisler oka tutýarlar (deňizden)

Şu şertlerde öz goşunlaryna daýanyp, Çankaý-Şi döwlet agdarylyşygyny geçirýär. 1927-nji ýylyň aprel aýynda häkimiýet Şanhaýda, Nankinde, Guançžouda, Günorta-Gündogar Hytaýyň köp şäherinde, sagçy gomindançylaryň eline geçýär.

Çanhaý-şiniň agdyralşygyndan soň Uhan hökümetiniň häkimiýeti Hubeý, hunan, Izýansi welaýatlarynda saklanyp galýar. (merkezi Hytaýda) Ýöne basym bu ýerde-de ýagdaý

üýtgeýär. HRG dürli gatlaklardan bolan generallar (baýlar) rewolýusiýadan çekinipdirler. Millet üçin söweşijeler, ýöne synp üçin däl.

1927-nji ýylyň maý - iýun aýlarynda Uhanly gomindanlar agdarylyşyk geçirýärler. Ýogsam üç aý Haý-şini dönüklikde aýyplapdyrlar. Şundan soň 1925-27-nji ýylyň rewolýusiýasy tamamlanýar.

## XVII. Tema: Hytaý 1946-2010-nji ýyllarda.

**1. 1946-1949-njy ýyllaryň graždan urşy we HHR-iň döredilmegi.** Urşuň ahyrynda Hytaý ikä bölege bölünýär. Gomindanyň we HKP-niň kontrollyk edýän ýerleri. Şol döwürler HKP-niň güýçleri gomindanyňkydan örän az bolupdyr. HKP SSSR. Gomindanyna bolsa ABŞ kömek edipdir. Mançžurdan ýaponlar kowulandan soň SSSR-iň oljalary HKP-niň güýçlerine (HAG) berýär.

1945-nji ýylyň awgust aýynyň 29-na Gomindanyň inisiasiwasy boýunça HKP bilen gepleşikler ABŞ araçy bolýar. Gepleşikler döwründe uruş hereketleri ýatmandyr.

1946-njy ýylyň ýanwar aýynda ähli partiýalaryň gatnaşmagynda Stesi konsultatiw konferensiýa bolup, şonda koalision hökümeti döretmek karar edilýär. Ol döwlet soweti bolup, ýary Gomindanyň, ýaram HKP-niň wekillerinden düzülmeli edilýär. Milli ýygnak çagyrmak, giň demokratik azatlyklary bermek, daýhanlara ýer, işsizlige garşy göreş, iş erkinligi umumy goşun döretmek (50 sany gomindan, 10 sany HKP-nyň diwiziýalary) we başgalar karar edilýär. Emma söweş hereketleri güýçlenýär. Uruş hereketleri Demirgazyk-Gündogar Hytaýda başlaýar. 1946-njy ýylyň ortalarynda Gomindanyň 4,3 mln esgeri HKP-niň 1,2 mln esgeri bolupdyr. 1946-njy ýylyň iýul – oktýabr aýlarynda Gomindan goşunlary Demirgazyk-Gündogar Hytaýyň 100-den gowrak şäherlerini, 200 müň kw.km. ýerini alýar. 1947-nji ýylyň mart aýynda HKP-niň

paýtagty Ýanýany eýeleýär. Ýöne bu iň soňky üstünlik bolýar. Şunda Gomindan 1 mln-dan gowrak esger ofiser ýitirýär. 1947-nji ýylyň ahyrynda Gomindanda 3,7 mln, HKP-da 2 mln esger bolupdyr.

1947-nji ýylyň ortalarynda HAEG hem aktiw hereketleri başlaýar. Gomindandan käbir toparlar bölunip aýrylýar. 1948-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne Gankongda Gomindanyň rewolýusion komiteti döräp, ol HKP bilen soýuzy goldaýar. Gomindanyň we Çanhaý-şi ýagdaýy kynlaşýar. 1948-nji ýylyň tomsunda we güýzünde HAEG-ri Gomindan goşunlaryny Demirgazyk-Gündogar Hytaýda umuman ýok edilýär. Şoňa Lýaoşen operasiýasy diýilýär. Şundan soň HAEG-ri Gomindanyňkydan artyk bolýar. 3 mln – 2,9 mln 1948-nji ýylyň Baýdak aýynyň 5-ne HAEG, Pekin–Týanzin–Katan söweşine başlaýar. Türkmenbaşy aýynyň 31-ne 1949-njy ýylda HAEG Pekine girýär. HAEG goşunlaryna Pen de-Huaý (1 armiýa), Lýu Bo–çen (2 armiýa), Çen I (3 armiýa), Lin Býao (4 armiýa) ýolbaşçylyk etdiler.

1949-njy ýylyň aprel aýynyň 23-ne HAEG Nankin (Gomindanyň paýtagty) eýlenýär. 1949-njy ýylyň oktýabr aýynyň 14-ne Guançžou (Gomindanyň soňky paýtagty). Şol Sinzýan goşuna girýär. Çan Naý-şi Taýwana gidýär. 1951-nji ýylda HAEG Tibete girýär. Şeýlelikde Hytaýda kommunistik hereket ýeňýär.

1949-njy ýylyň oktýabr aýynyň 1-ne Pekiniň Týananşen ploşedinde HHR jar edilýär.

**2.Hytaý 1949-1957-nji ýyllarda.**Graždan urşundan soň SSSR HHR-e ummasyz kömek berýär. 1950-nji ýylyn iýun aýynyň 30-na ýer hakyndaky kanun kabul edilýär. Agrar özgertme 1953-nji ýylyň ýazyna çenli geçirilip gutarylýar. Jemi daýhanlar 47 mln ga ýer alýarlar. Bu özgertmeler iri ýer eýeleriniň emläginiň hasabyna geçirilýär. Emma HKP-e oba hojalygynda kapitalistik gatnaşyklarynyň döremeginden gorkup, olary birek-birege kömek birleşikleine salyp ugraýar. (birdäki TOZ-lar) 1953-nji ýylda şol birleşmelerde daýhan

hojalygynyň 40 %-i jemlenendir.

Senagatda-da uly işler edilip ugraýar. Daşary ýurtlylara degişli kärhanalar iri buržuaziýa degişli kärhanalar millileşdirilýär. Döwlet sektory döräp ugroýar ýöne milli buržuzaziýanyň emlägi saklanyp galypdyr, diýmek kopitalistik gatnaşyklar dur. Emma HKP-olaryň işlerini her hili ýolar bilen çäklendiripdir. Salgyt köp salynypdyr. Netijede HKP-milli buržaziýanyň köküne palta urup başlaýar. Dürli bahanlar, mesele “5 hyýanatçylyk” (arahorlyk, salgytdan boýun gaçyrmak, döwlet emlägini ogurlamak, döwlet zakazlaryny ýerine ýetirmezlik, ykdysadyýýet bilen bagly gizlin infarmasiýalary ogurlamak we ulanmak ), “3 hyýanatçylyk” (korrupsiýa, birokratizim ) bahanalary bilen olaryň netijesinde kö kärhanalar döwletiň haýryna ýada ýeri döwlete degişli edilýär.

1955-nji ýylyň noýabr aýynda hususy senagaty we söwdany döwlet pudaklaýyn kompaniýalaryň garamagyna geçirýär. Eýelerine bolsa az mukdarda kompensasiýa we ýokary aýlykly iş berilaýär.

1953-1957-nji ýyllarda 1-nji bäş ýyllyk plan, gaty köp işler edilýär. 1955-1956-njy ýylarda önümçilik koperatiwlerine birikdirilýär 96,3%. Emma 1957-njy ýyldan başlap HKP syýasatyny bulaşdyryp ugroýar. Eger-de 1953-nji ýylda kabul edilen kararda Hytaýda sosialistik özgerişleri 3 baş ýyllygyň dowamynda (1953-1967) geçirmeli diýilen bolsa indi “ uly böküş” syýasatyny ulanyp ugraýarlar. Bu böküşler senagatda-da, oba hojalygynda-da bolmaly edilýär. Şol döwürler Mao Daçlaý önümçilik brigadasynyň we dasiniň promiseliniň tejriberini öňe sürýär. Ýagny hemme zat içinde önýär.

Oba hojalygynda kamunalar gurulup başlaýar (kazarma sosializimi) ähli zat umumy hatda melleklrem. Zähmet harbylaşdyrylypdyr. Zatlar deň bölünip berilipdir senagatda-da şeýle obalarda, zawod fabrikler inistitular, mekdep keselhanalar, tiatorlar, klublarda peç gurupdyrlar. Çoýun, polot eredipdirler.

“ Uly bölüşe” garşy çykanlar bolupdyr. Goranmak ministeri PEN De-Huaý, demirgazyk gündogar partiýa gurmasynyň başlygy Gao-Gan, ikisem represirlenýär.

**3. Hytaý Uly Böküş we ``medeni rewolýusiýanyň`` döwründe. 1958-**
**1990-njy ýyllar.** 50-njy ýyllaryň ahyrlarynda halkara ýagaý ýaramazlaşýar. SSSR-den ýüz öwürip ugroýar. 1958-njy ýylda Taýwan bogazynda gomindançylar tarpyndan kantrollyk edilýän adalar oka tutulýar. 1959-njy ýylda Hytaý-Hindi araçäginde konfliktler bolýar. 1960-njy ýylda Hytaýdaky ähli sowet spisolistleri yzyna çagyrylýar.

Sosialistik ýutlar bilen arasy hem bozulup ugroýar “öz güýjüňe daýanmak” syýasaty başlanýar. 1960-njy ýyla çenli “uly böküşiň” bolup bilmejegi duýulup ugroýar şonuň üçin hem ýuwaş-ýuwaşdan ýüz öwürüp ugroýarlar. Onuň ýerine

1) Daýhanlaryň insiatiwasyna mümkinçilik bermeli
2) Ähli güýji kyn ýagdaýdan çykmaga gönükdirmeli edilýär.

Daýhanlara  mellekleri gaýtarylýar, zat satmagy rugsat edilýär, mal saklamaga rugsat berilýär. 1961-62-nji ýylda U Hanyň “Haýjuýyň peseldilmegi” spektakoly görkezilýär. 1965-nji ýylda ol tankyt edilýär we ýok edilýär.

1966-njy ýylda Hytaýda “ medeni rewalusiýa başlaýar”. Oňa Mao-Sze-dunyň aýaly Szýan Sin ýolbaşçylyk edipdir. Bu represiýanyň bir görnüşi. Başgaça pikirlenýärler, şahsyýet pultuna garşy çykýanlar yzarlanypdyr.

Bu işde Hunweý binlere (gyzyl goragçylar ) we szaofanlara (topoloňçylara) daýanypdyrlar. Olar bartkonlara, edaralara zawod fabriklere çozupdyrlar. Ýagdaý çylşyrymlaşyp ugroýar. Şonuň üçin hem 1967-nji ýylyň ýanwar aýynda Mao “üç tarapyn birleşigini” (Hunweýbinler, Izaofanlar, goşun we partapparatyň we adminisrtatiw organlaryň) öňe sürmäge mejbur bolýar. Emma içki çylşyrymlaşmalar 70-nji ýyllaryň birinji ýarymynda-da dowam edýär. 1943-nji ýylda Den Sýaopin aklanýar.

1976-njy ýylda-da içki dawalar dowam edýär. Şol ýyl premýer Çžou En-laý ölýär. Gurbansoltan aýda onuň hormatyna geçirilen çärede Peliniň Týananmen ploşadynda Szýan Sziniň tarapdarlaryna garşy uly çykyş bolýar. Şondan soň Den Sýao-nyň ýene-de aýrylýar. Onuň ýerine primýerem Gossowem Hun Go-fti bolýar.

1976-njy ýylyň iýul aýynda Çžu De (legendar serkerde, internasionalist, rewolýusioner) hem ölýär. Ruhnama aýynda Mao Sze-Dun hem ölýär. Garaşsyzlyk aýynda Szýan Sin we tarapdary tussag edilýär. Den Sýao-nyň ýene-de realitirlenýär. Şondan soň   Hytaýda rewolýusiýalar başlanýar.

1978-nji ýylda ``medeni rewolýusiýa`` resmi taýdan näletlenýär. ``Hytaý spesifikasyna laýyk gelýän sosializm`` syýasaty başlanýar. Awtory Den Sýao-niň ilkinji maşgala potratçylygy, kärendeçilik girizilýär, hyzmat ediş sferasynyň kärhanalary hususy eýeçilik berilip başlaýar. Kapitalistik ýurtlar ``açyk syýasat`` ýöredilýär. SSSR bilen tä Gorbaçýow gelýänçä gowy bolmaýar.

Halk hojalygynda kommunalar reorganizasiýa edilip ugraýar. Administratiw hojalyk we partiýa häkimiýeti bölünýär.

Sosialistik modernizasiýa 3 etapda geçirilmeli edilýär.

1) 2000-nji ýyla çenli önüm bilen özüňi üpjün etmeli.
2) 2021-nji ýyla çenli orta ösen döwlet derejesine ýetirmeli.
3) 2049-njy yyla çenli (HHR-iň 100 ýyllygyna) osen sosialistik döwlet bolmaly.

1982-nji ýylyň konstitutiýasy boýunça Hytaýyň ýokary kanun çykaryjy organy halk wezipeleriniň ähli Hytaý ýygnagy (5 ýyldan) başlap Wan Li, premýer Gossowet Li Pen Gensen SK KPK Çžao Szýan. Başga partiýalaram bar.

1990-njy ýyllar töweregi ýurtda 60 mln t. golaý polat, 47 mln t. golaý prokat, 543 mlr kwt elektrik energiýa, 203 mln t. sement, 18 mln t. himiki dökün, 700 müň awtomaşyn, 33 traktor, 200 müň metal kesýän stanok, 1 mlrd t. kömür, 137 mln t. nebit, 394 mln t. däne, 4,2 mln t. pagta, 63 mln t. gant

berýän çig mal, 440 müň t. pile, 540 müň t. çaý. Mallary: doňuz 350 mln, goýun 201 mln, sygyr 125 mln, etiň öndürilişi 22 mln t, deňiz önümleri 11 mln t, nah mata 18 mlr m, gant 5 mln t golaý. Puly-ýuan. Köp önümlere talon sistemasy ýatyrlypdyr. Ynam bilen öňe barýan, ýöne köp meseleleri bar bolan döwlet.

**4. Hytaý Halk respublikasy biziň günlerimizde.** Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanamyzda Hytaý Halk respublikasy bilen Türkmenistanyň iň uly daşary söwda hyzmatdaşlygynyň biri bolup durýar. Biziň ýurdumyzda Hytaýyň maýa goýumlarynyň gatnaşmagynda 35 kärhana işleýär. Umumy bahasy bir milliard dollardan we 1 milliard 400 million ýuandan gowrak maýa goýum taslamalarynyň 53 sanysy hasaba alyndy. HHR – iň kompaniýalary nebitgaz we telekomunikasiýa ugurlarynda, ulaglarda, oba hojalygynda, dokma, himiýa we azyk senagatynda, saglygy goraýyşda we gurluşykda taslamalary amala aşyrmaga gatnaşýarlar.

Ýangyç energetika pudagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biridir. Mälim bolşy ýaly, 2006 – njy ýylyň aprelinde iki ýurduň arasynda Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisini amala aşyrmak we türkmen tebigy gazyny Hytaý Halk Respublikasyna satmak hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda Baş ylalaşyga gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidenti we dostlukly üç ýurduň - Hytaý Halk Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň we Gazagystan Respublikasynyň liderleri Lebap welaýatyna gelip, XXI asyryň iri energetika magistraly bolan Transaziýa gaz geçirijisini ulanmaga bermek dabarasyna gatnaşdylar.

Türkmenistan 30 ýylyň dowamynda Hytaýa her ýylda 40 milliard kubametr gaz berer. Bu örän möhüm wakadyr. Bu taslamanyň iki tarap üçin hem strategic ähmiýeti bar. Ol Türkmenistan bilen Hytaýyň uzak möhletli bähbitlerine, energiýa serişdelerini ibermek barha artýan ähmiýete eýe bolan giň möçberli ykdysady ösüşe laýyk geler. Şu babatda Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň taslamasynyň amala aşyrylmagy deňhukuklylyga, ikitaraplaýyn artykmaçlyga

düşünmäge, bu taslamany iş ýüzünde amala aşyrmagyň başlanmagy bilen, açylan mümkinçilikleri giňden ýüze çykarmaga esaslanan hakyky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň mysaly bolup durýar. Bu turbageçiriji energi taslamasyna gatnaşyjylaryň ählisiniň öndürijileriniň, üstaşyr geçirijileriň, sarp edijileriň hem bähbitleriniň deňeçerligiň üpjün etmegiň maksatlarynyň hakyky iş ýüzünde amala aşyrylmagydyr. Şu ýerde biziň döwletimiziň dünýä bazarlaryna energiýa çig malyny ibermegiň ygtybarlygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly meselelere garaýyşlarynyň ýakyndygyny bellemek ýerlikli bolar.

Hytaý Halk Respublikasynyň energiýa ulgamlaryny goramagyň berk halkara usullaryny döretmek boýunça Türkmenistanyň başlangyjyny işjeň goldandygyny, BMG – niň Baş Assambleýasynyň energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmeginiň ygtybarlylygy hakyndaky rezolýusiýasynyň awtordaşy bolup çykyş etdi.

Gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çäginden geçýän böleginiň uzynlygy 184, 5 kilometr . Özbegistanyň içinden geçýän böleginiň uzynlygy 1300 kilometrden gowrak, HHR çägindäki uzynlygy bolsa 4500 kilometr. Malaý – Bagtyýarlyk türkmen uçastogyndaky gurluşyklarynda dünýä tejribesinde ilkinji gezek örän çylşyrymly işler amala aşyrylyp, diametric 1420 millimetr we uzynlygy 1740 metr bolan turbalar Amyderýanyň astyndan geçýär. Halkara gaz geçirijisi Özbegistanyň çäginde iki ýerde demir ýoluny, on ýerde bolsa awtoulag ýoluny kesip geçýär. Ýangyç geçirijiniň Gazagystanyň çäginden geçýän bölegi 6 ýerden demir ýoluň we 56 ýerde awtomobil ýollarynyň aşagyndan, şeýle hem 37 ýerde suwly päsgelçiliklerden geçýär. Olaryň iň ululary – Syrderýa we Ili derýalarydyr. Türkmenistan bilen Özbegistanyň serhedinde 1 baş stansiýa gurlup, ýangyç geçirijiniň tutuş trassasynyň ugrunda 9 sany kompressor stansiýalary, liniýadaky kranly uzelleriň 158 – i, dolandyryşyň distension terminallarynyň 46 – sy bar.

Dabaraly ýagdaýda ulanylmaga berlen Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi gadymy “ Ýüpek ýolunyň” gaýtadan dikeldilendigini görkezdi. Dünýäniň gaz kartasynda emele gelen “mawy ýangyjyň” täze marşruty Aziýa döwletleriniň dördüsiniň – Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň hem – de Hytaýyň milli Lideriniň erk – islegleri hem – de bimöçber tagallalary netijesinde örän gysga möhletde gurlup, birwagtky “Ýüpek ýolunyň” täze keşbi hökmünde hakydalara siňdi. Täze gaz geçirijisiniň bu ugurda hyzmatdaş bolan döwletleriň ählisi üçin örän yly ykdysady peýdasy bardyr. Ol dostlukly ýurtlaryň halklaryň bähbitlerine hyzmat edýär. Gazy iberýän, üstaşyr geçirýän hem – de sarp edýän ýurtlaryň halklarynyň maddy – hal ýagdaýyny gowulandyrar. Olaryň ýaşaýyş durmuş derejelerini ýokarlandyrar.

Täze gaz geçirijisiniň ähmiýeti diňe bir ykdysady peýda bilen çäklenmeýär. Onuň syýasy taýdan berip biljek ähmiýeti hem bimöçberdir. Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý gaz geçirijisini ulanmaga bermek dabarasynda Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bu taslamanyň üstünlikli amala aşyrylmagy energetika boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň gelljekki binýadynyň nusgasyna öwrülip biler. Mälim bolşy ýaly, dünýäniň okgunly ösýän islegini berjaý etmekde Hormatly Prezidentimiziň BMG – niň Baş Assambleýasynyň 62 – nji sesiýasynda öňe süren başlangyjynyň örän wajyp boldy. Gadymy “Ýüpek ýoly” halklary ýakynlaşdyrypdyr. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen gurlan Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi hem şol ýoluň täze keşbi bolup, birek – birekden örän alysda ýerleşen gadymy siwilizasiýalary gaýtadan birleşdirdi.

Iki döwletiň Baştutanlary ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek barada öz isleglerini tassykladylar hem-de ony mundan beýläkde pugtalandyrmagyň has uly mümkinçilikleri bolan ugurlaryny kesgitlediler.Olar hyzmatdaşlyk etmek hakynda birnäçe ylalaşyklara, hususan-da, medeniýet, bilim, ylym we tehnika ýalyugurlarda, muzeýleriň arasynda

hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ylalaşyklara gol çekilmegini gutladylar.

Iki döwletiň Prezidentleri türkmen-fransuz hyzmatdaşlygynyň çuňlaşdyrylmagynyň sebit we halkara möçberinde parahatçylygy, durnuklylygy hem-de howpsuzlygypugtalandyrmaga goşant goşýandygyny bellediler. Olar häzirki zamanyň halkara durmuşynyň has möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar we gatnaşyklary ikitaraplaýyn görnüşde hem, halkara guramalarynyň, hususanda, BMG-niň ÝHHG-niň ugry boýunça hem mundan beýläk-de ösdürmegiň tarapdarydyklaryny tassykladylar.

Prezidentler ministrleriňderejesinde saparlary, syýasygeňeşmeleri guramak we halkara forumlarynyň başynda öz ýurtlarynyň garaýyşlary baradaky maglumatlary yzygiderli alyşmak arkaly dostlukly gatnaşyklary berkitmäge hem-de syýasygatnaşygy pugtalandyrmaga çagyrdylar. Şunuň bilen baglanyşykly olar Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň we Fransiýanyň Daşary işler ministrleriniň arasyndaky Ylalaşyga Teswirnama gol çekilmegini gutladylar. Olar iki ýurduň raýat jemgiýetleriniň agzalarynyň arasynda, şeýle hem Türkmenistanyň Fransiýanyň hökümete dahylsyz guramalarynyň arasynda alyşmalary ösdürmäge çagyrdylar. Iki döwletiň Baştutanlary Owganystandaky ýagdaýa we bu ýurtda dumuklylygyň mümkinçiliklerine degip geçmek bilen,hususanda, jogapkärçiligi owgan häkimiýetlerine ýuwaş-ýuwaşdan geçirmegiň, Owganystandaky durmuş-ykdysady meselelerini çözmek maksady bilen, halkara bileleşiginiň tagallalaryny has netijeli utgaşdyrmagyň hem-de sebitiň ýurtlary bilen has ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmegiň zerurdygyny nygtadylar. Olar bu ýurdy dikeltmegiň Merkezi Aziýanyň dumuklylygy wemundan beýläk-de ösmegi üçin örän möhümähmiýetiniň bardygyny bellediler.

Sebitdäki ýagdaýa seretmek bilen, olar neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşi güýçli depginde alyp barmagyň zerurdygyny beýan etdiler hem-de ÝB-niň

degişlilikde Merkezi Aziýada neşeleriň ýaýramagynyň öňüni almak boýunça we Merkezi Aziýada serhetleri dolandyrmaga ýardam bermek boýunça „ÇADAP" hem-de „BOMCA" maksatnamalarynyň goşandy bilen baglanyşykly kanagatlanma bildirdiler. Olar BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek baradaky 1817-nji rezolýusiýasynyň durmuşa geçirilmegini gazanmaga we hyzmatdaşlygym, hususanda, Pariž paktynyň hem-de MAMUSM-iň çäklerine dowam etdirmäge öz isleglerini ýene-de bir gezek tassykladylar.

Iki döwletiň Baştutanlary Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky geljekki gatnaşyklary ara alyp maslahatlaşdylar. Olar ÝB-niň başlygy hökmünde Fransiýanyň Merkezi Aziýa üçin Ýewropa Bileleşiginiň Strategiýasyny durmuşa geçirmaäge beren itergisini gutladylar we Ýewropa Bileleşiginiň, Türkmenistanyň hem-de tutuş Merkezi Aziýanyň arasyndaky aragatnaşyklary pugtalandyrmak üçin bu Strategiýany doly möçberde peýdalanmaly.Şunuň bilen baglylykda, Prezidentler Türkmenistan bilen ÝB-niň arasynda adam hukuklary boýunça gepleşikleriň dowam etdirilmegini gutladylar hem-de Fransiýanyň we Germaniýanyň bilelikde ýolbaşçylyk edýän, Merkezi Aziýada hukugyň hökmürowanlygyny pugtalandyrmak boýunça ÝB-niň Başlangyçlarynyň çäklerinde hyzmatdaşlyketmegiň maksadalaýykdygyny bellediler.

Olar Türkmenistan bilen ÝB-niň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge çagyrdylar we olaryň arasyndaky aralyk söwdä ylalaşygynyň güýje girmegini gutladylar.Iki döwletiň Prezidentleri Ýewropa Bileleşiginiň energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň hyzmatyny gutladylar hem-de Özara düşünişmek we energetika babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistan bilen ÝB-niň arasynda 2008-nji ýylyň maýynda gol çekilen Ähtnamany durmuşa geçirmegiň ähmiýeti barada ýatladylar. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş

Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynda 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda kabul edilen „Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçimek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly 63/210-njy rezolýusiýanyň möhüm ähmiýetini belläp, şeýle hem dünýä bileleşiginiň tejribesine daýanyp Prezidentler energiýa seşidelerini halkara bazarlaryna howpsuz we durnukly üstaşyr eltmegi üpjün etmek boýunça tagallalary mundan beýläkde birleşdirmegiň zerurdygyny beýan etdiler.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.

14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly

we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.

24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. XXI asyryň ägirt uly desgalary – Türkmenistan - Hytaý gaz geçirijisi işe girizildi. //Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary.2009 – njy ýylyň 25 – nji dekabry.
30. Gadymy ýoluň täze keşbi. //Türkmenistanyň

Prezidentiniň metbugat çapary.2009 – njy ýylyň.,25 – nji dekabry.
31.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Gazagystan – Hytaý gaz geçirijisiniň açylyş dabarasynda sözlän sözi.// Türkmenistan. 2009 – nji ýylyň 14 – nji dekabry.
32. История средних веков. в 2-х томах. – М. 1997.
33.Конституция и законодательные акты буржуазных государств в XVII-XIX в.в – М. 1982.
34.Новая история в документах и материалах. Вып.1-2.- М. 1953.
35.Хрестоматия по истории средних веков в 3-х томах. Под ред. Н.П.Грацианского и С.Д. Сказкина М. 1950 – 1953.
36.История Китая с древнейших времен до наших дней. М. 1974.
37. Всемирная история М- 1959 г. 1-10 томах.
38.Н.Ю.Саушкин «История и методология географической науки» (курс лекций) М. 1976.
39.Кочетов А.Н. Ламаизм. М. 1973.
40.Владимров В.Я. Общественный строй монголов. Л. 1934.
41.История стран зарубежной Азии в средние века. М. 1970.
42.В.Ф.Семёнов. История средних веков. М – Л. 1956.
43.Л.В.Симоновский, Ф.М.Ацамба. История стран Африки в средние века. М. 1968.
44. Ф.М.Ацамба, В.И.Павлов. М.Н.Пак. История стран Азии и Африки в новое время. I часть М – МГУ - 1989. 2 часть М-МГУ- 1991.
45.История стран Азии и Африки в новое время 1 часть М-МГУ- 1976.
46. Ефимов Г.В. Очерки по новой и новейшей истории Китая. М. 1951.

**MAZMUNY**

**Hytaýyň taryhyna giriş...........................................................................7**

**Tema:I**
**Gadymy Hytaý.............................................................13**

**Tema:II**
**Hytaýda ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy we gadymy döwletleriň emele gelmegi.......................................................................17**

**Tema: III**
**Gadymy Hytaý b. e. öňki VIII- III asyrlarda……………………………………………..27**

**Tema: IV**
**Hydaýda ilkinji merkezleşdirilen döwlet- Sin imperiýasy( b. e. öň 221-207 ýý )…………………....38**

**Tema: V**
**Han Imperiýasy b. e. öň III b. e. I asyrlarynda…………………………….……...........46**

**Tema: VI**
**Gadymy Hytaý b. e. I - III asyrlarynda ……….…..58**

**Tema: VII**
**Gadymy Hytaýyň medeniýeti………………………………………........69**

**Tema: VIII**
**Hytaỳ irki orta asyrlarda.(III-VIII asyr).........78**

**Tema: IX**
**Hytaýda orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi.........................................................89**

**Tema: X**
**Tema: Hytaý XIII-XV asyrlarda………………………..........................94**

**Tema: XI**
**XVI – XVII asyryň birinji ýarymynda Hytaýyň durmuş – ykdysady we syýasyýagdaýy…...............99**

**Tema: XII**
**Hytaý XVII- XVIII asyrlarda.....................................................111**

**Tema: XIII**
**Tema: Hytaý XVIII-XIX asyrlarda.………………..118**

**Tema: XIV**
**Hytaý XIX asyryň ahyrlary – XX asyryň başynda.................................................................124**

**Tema: XV**
**Hytaý XX asyryň başlarynda……………………132**

**Tema: XVI**
**Hytaý 1917-1945-nji ýyllarda…………………..…139**

**Tema: XVII**
**Hytaý 1946-2010-nji ýyllarda.…………………...144**

**EDEBIÝAT........................................................................155**